# BLACKBERRY SOLUTION LISENZION YLALAŞYGY

**PROGRAMMA ÜPJÜNÇILIGINI OTURTMAZDAN OZAL ŞU RESMINAMANY ÜNS BILEN OKAMAGYŇYZY HAÝYŞT EDÝÄRIS. BU ŞERTNAMA ÖZ IÇINE RIM-IŇ SIZE BOLAN BORÇLARYNY ÇÄKLENDIRÝÄN ÝA-DA AÝYRÝAN WE BAŞGAÇA SIZIŇ KANUNY HUKUKLARYŇYZA TÄSIR EDÝÄN DÜZGÜNNAMALARY ALÝAR. SIZIŇ ÝURISDIKSIÝAŇYZA BAGLYLYKDA BU ŞERTNAMA ŞEÝLE HEM SIZDEN ARBITRAŽY OTURDAŞLY GEÇEN KAZYÝET ÝA-DA TOPARLAÝYN TALAP ARZASY ÜÇIN DÄL-DE INDIWIDUAL ESASDA JEDELLERI ÇÖZMEK ÜÇIN ULANMAKLYGY TALAP EDIP BILER. BU ŞERTNAMA SIZIŇ ÝURISDIKSIÝAŇYZDA ULANYLÝAN SIZIŇ HÖKMANY KANUNY HUKUKLARYŇYZA TÄSIR ETMEÝÄR, SIZIŇ ŞEÝLE HÖKMANY KANUNY HUKUKLARA EÝE BOLUP BILMEKLIGIŇIZIŇ ÇÄKLERINDE.**

Bu BlackBerry Solution Lisenzion Ylalaşygy ("Ylalaşyk") siz bilen: eger-de siz özüňiz muňa razy bolsaňyz; ýa-da eger siz kompaniýanyň ýa-da başga guramanyň adyndan Programma üpjünçiligini alyp bilýän bolsaňyz (aşakda kesgitlenşi ýaly), onda şol gurama (şonuň peýdasy üçin siziň hereket edýän guramaňyz) bilen (haýsy ýagdaýda bolsa-da "Siz"), we hasaba alnan salgylary 295 Phillip Street, Waterloo, Ontario, Canada N2L 3W8 / 200 Bath Road, Slough, Berkshire, United Kingdom SL1 3XE/ 1 International Business Park, The Synergy Binasy, 2-ji Gat, Singapur 609917 bolan Research In Motion Limited kompaniýasy / Research In Motion UK Limited kompaniýasy, Kompaniýa No 4022422 / Research In Motion Singapur Pte. Limited ("RIM") kompaniýasynyň arasynda (bilelikde “Taraplar” we aýratynlykda “Tarap”). Teklipleriň paýlanylmagynyň kontekstinde (aşakda kesgitlenilşi ýaly RIM şuny aňladýar, ýagny Research In Motion E-Commerce, Inc. / Research In Motion E-Commerce Corporation / Research In Motion E-Commerce S.a.r.l ("RIME"). Eger-de siz Programma üpjünçiligini Göterip bolýan Önüm bilen baglanşykda özüňiziň şahsy ygtyýarlygyňyzda we siziň kompaniýaňyzyň adyndan ýa-da başga bir guramanyň adyndan ulanýan bolsaňyz, onda "Siz" Programma üpjünçiliginiň käbir predmetleri hem-de RIM Hyzmatlary üçin siziň şahsy işjeňligiňizdäki ýagdaýyňyzy aňladýar, we siziň beýleki Programma üpjünçiligi we RIM Hyzmatlary üçin peýdasyna hereket edýän guramaňyzy aňladar (mysal üçin, eger siziň işleýän kompaniýaňyz sizi şu Şertnama siziň BlackBerry Enterprise Server ("BES") elektron poçta hasabyny we BlackBerry şahsy maglumatlaryň dolandyryş goşmaçalaryny ("PIM Goşmaçalary") ulanmaklyga degişlilikde girmäge ygtyýarlandyran bolsa, emma siziň Windows Live Messenger client Software ýa-da RIME Store ýaly başga programma üpjünçiliklerini ýa-da hyzmatlaryny ulanmaga ygtyýarlandyrmaýar we jogapkärçilik almaýar, şeýle bolanda "Siz" BES elektron poçta hasaby we PIM Goşmaçalary üçin siziň kompaniýaňyzy aňladýar, we "Siz" siziň Windows Live Messenger client Software we RIME Store ulanmaklygyňyza degişlilikde siziň hut özüňizi aňladýar). Programma üpjünçiliginiň lisenziýasyna we paýlanylmagyna degişlilikde RIM göniden-göni ýa-da gytaklaýyn: (a) Research In Motion Limited (“RIM Canada”) kompaniýasynyň ýa-da onuň golçurlarynyň we şahamçalarynyň (şol golçurlar we şahamçalar şu Ylalaşykda RIM Canada bilen bilelikde “Kompaniýalaryň RIM Topary” diýlip atlandyrylýar) lisenziýa eýesi bolup durýar; ýa-da (b) Kompaniýalaryň RIM Toparynyň islendik biriniň, şol sanda RIM-iň üçünji tarap lisenziary bolýar; (a) Research In Motion Limited (“RIM Canada”) ýa-da onuň islendik bir ýa-da köp golçurlarynyň we şahamçalarynyň (onuň golçurlary we şahamçalary RIM Canada bilen bilelikde şu Ylalaşykda “Kompaniýalaryň RIM Topary” atlandyrylýar); ýa-da (b) Kompaniýalaryň RIM Toparynyň islendik biriniň, şol sanda RIM-iň üçünji tarap lisenziary.
(a) onuň islendik bir ýa-da köp golçurlarynyň we şahamçalarynyň (onuň golçurlary we şahamçalary RIM Canada bilen bilelikde şu Ylalaşykda “Kompaniýalaryň RIM Topary” atlandyrylýar); ýa-da (b) Kompaniýalaryň RIM Toparynyň islendik biriniň, şol sanda RIM-iň üçünji tarap lisenziary.

AŞAKDA GEREKLI KNOPKANY BASMAK BILEN, ÝA-DA PROGRAMMA ÜPJÜNÇILIGINI GURNAMAK, IŞE GIRIZMEK ÝA-DA ULANMAK BILEN SIZ ŞU YLALAŞYGYŇ ŞERTLERI BILEN BAGLANMAGA RAZYLAŞÝAŇYZ. EGER-DE SIZIŇ ŞU YLALAŞYGYŇ ŞERTLERINE

DEGIŞLI SORAGLARYŇYZ ÝA-DA MESELELERIŇIZ BOLSA, ONDA RIM BILEN ŞU LEGALINFO@RIM.COM SALGYNYŇ ÜSTI BILEN HABARLAŞMAGYŇYZY HAÝYŞT EDÝÄRIS.

ŞU YLALAŞYK ISLENDIK BIR OZAL BAR BOLAN BLACKBERRY AHYRKY ULANYJY/PROGRAMMA ÜPJÜNÇILIGINIŇ LISENZION WE BLACKBERRY KÄRHANA SERWER PROGRAMMA ÜPJÜNÇILIGINIŇ LISENZION YLALAŞYKLARYNY WE ISLENDIK BIR BLACKBERRY PROGRAMMA ÜPJÜNÇILIGINIŇ LISENZION YLALAŞYGYNY ÝA-DA BLACKBERRY SOLUTION LISENZION YLALAŞYKLARYNY ÇALYŞÝAR WE OLARYŇ ÝERINI TUTÝAR, ŞEÝLE ŞERTNAMALARYŇ BAŞGAÇA KABUL EDERLIKLI DEREJESINDE, ŞU YLALAŞYGYŇ ŞERTLERINE SIZIŇ YLALAŞYGYŇYZYŇ SENESINDEN, SIZIŇ BLACKBERRY SOLUTION-YZYŇ BIR BÖLEGINI EMELE GETIRÝÄN ISLENDIK PROGRAMMA ÜPJÜNÇILIGINE (SOŇRAKY MAGLUMATLAR ÜÇIN AŞAKDA "YLALAŞYKLARYŇ GOŞULYŞMASY" DIÝLIP ATLANDYRYLAN BÖLÜME SEREDIŇ (BÖLÜM 30)).

Gaýtaryp bermek.

EGER-DE, SIZIŇ ŞU YLALAŞYK BOÝUNÇA LIZENZIRLENEN PROGRAMMA ÜPJÜNÇILIGINIŇ ILKINJI PREDMETINI GURNAÝAN, IŞE GIRIZÝÄN ÝA-DA ULANÝAN ILKINJI ÝAGDAÝDAN ÖŇ SIZ ŞU YLALAŞYGYŇ ŞERTLERINE RAZYLAŞMAGA ISLEMEÝÄN DIÝIP KARAR BERSEŇIZ, SIZIŇ HIÇ BIR PROGRAMMA ÜPJÜNÇILIGINI ULANMAGA HUKUGYŇYZ ÝOKDUR WE SIZ: (A) PROGRAMMA ÜPJÜNÇILIGINI TIZ WAGTDA RIM-E GAÝTARYP BERMELIDIR, ÝOK ETMELIDIR, ÝA-DA IŞE BAŞARNYKSYZ ÝAGDAÝA GETIRMELIDIR; (B) EGER SIZ PROGRAMMA ÜPJÜNÇILIGI ÖŇÜNDEN RIM TARAPYNDAN ÝA-DA ONUŇ ADYNDAN GURNALAN RIM ÖNÜMINI ALAN BOLSAŇYZ, TIZ WAGTDA ŞOL RIM ÖNÜMINI WE ONUŇ BILEN GELÝÄN PROGRAMMA ÜPJÜNÇILIGINI WE PREDMETLERI (ŞOL SANDA RESMINAMALARY WE GAPLAMASYNY) RIM-E ÝA-DA SIZIŇ RIM ÖNÜMINI WE ONUŇ BILEN BILE GELÝÄN PROGRAMMA ÜPJÜNÇILIGINI WE PREDMETLERI SATYN ALAN RIM-IŇ YGTYÝÄRLANDYRYLAN PAÝLAÝJYSYNA GAÝTARYP BERIŇ; ÝA-DA (C) EGER-DE SIZ RIM TARAPYDAN ÝA-DA RIM-IŇ ADYNDAN PROGRAMMA ÜPJÜNÇILIGI ÖŇÜNDEN GURNALAN ÜÇÜNJI TARAPYŇ GÖTERIP BOLÝAN ÖNÜMINI ALAN BOLSAŇYZ, TIZ WAGTDA PROGRAMMA ÜPJÜNÇILIGINIŇ IŞE BAŞARNYKSYZ ÝAGDAÝYNA GELMEGINI RIM ÝA-DA SIZIŇ ÜÇÜNJI TARAPYŇ GÖTERIP BOLÝAN ÖNÜMINI WE ONUŇ BILEN BILE GELÝÄN PROGRAMMA ÜPJÜNÇILIGINI WE PREDMETLERINI SATYN ALAN RIM-IŇ YGTYÝÄRLANDYRAN PAÝLAYJYSY BILEN GURNAŇ. Eger-de, ýokarda agzalan halatlarda Siz Programma üpjünçiligi üçin , we/ýa-da Siziň şeýle Programma üpjünçiligi bilen bile alan RIM Önümi üçin tölän bolsaňyz we siz RIM Önümini şol Programma üpjünçiliksiz ulanyp bilmeýän bolsaňyz, we Siz RIM-e ýa-da onuň Siziň RIM Önümleri üçin Programma üpjünçiligini alan ygtyýarlandyrylan paýlaýjysyna satyn alanlyk barada subutnamany Siziň Programma üpjünçiligini alan günüňizden soň otuz (30) günüň dowamynda ýetirseňiz, RIM ýa-da onuň ygtyýarlandyrylan paýlaýjysy siziň bu zatlar üçin tölän tölegleriňiziň (eger bar bolsa) öwezini Size dolar. Üçünji Tarapyň Göterip bolýan Önümleriniň Programma üpjünçiligi üçin pullaryň öwezini dolmasyny almak üçin (emma şuny belläň, ýagny Programma üpjünçiligi käbir Üçünji Tarap Göterip bolýan Önümde(lerde) mugt üpjün edilýär we ol ýagdaýda hiç zadyň öwezini tölemek gerek bolmaz) Siziň şol Üçünji Tarap Göterip bolýan Önüm üçin Programma üpjünçiliginiň ygtyýarlandyrylan paýlaýjysy bilen habarlaşmagyňyzy haýyşt edýäris. Eger ýokarda agzalan ýagdaýlarda Siz ygtyýarlandyrylmadyk paýlaýjydan alnan Programma üpjünçiligi üçin tölegiň öweziniň dolunmasyny alyp bilmeseňiz, RIM bilen legalinfo@rim.com üsti bilen habarlaşmagyňyzy haýyşt edýäris.

1. Kesgitlemeler. Eger kontekst başgaça talap etmeýän bolsa, şu görkezilen adalgalaryň aşakdaky ýaly manylary bardyr (we haçanda kontekst rugsat beren ýagdaýynda, az sanly köp sanlyny öz içine alar, we tersine).

"Efir wagty Hyzmaty" şuny aňladýar, ýagny giň maştably simsiz tor hyzmatlary (şol sanda simsiz lokal tory, hemra we Internet hyzmatlary) we siziň Efir wagty Hyzmatlaryny Üpjün edijiňiz(leriňiz) tarapyndan Siziň BlackBerry Solution-yz bilen bilelikde ulanmak üçin üpjün edilen islendik beýleki hyzmatlary.

"Efir wagty Hyzmatlaryny Üpjün ediji" Efir wagty Hyzmatlaryny üpjün edýän subýekti aňladýar.

"Ygtyýarlandyrylan Ulanyjylar" Siziň Programma üpjünçiligini BlackBerry Solution-yň bir bölegi hökmünde ulanmaga rugsat berýän aşakda görkezilen kişileriň islendik birini aňladýar: (a) Siziň işgärleriňiziň, maslahatçylaryňyzyň ýa-da özbaşdak potratçylaryňyzyň islendik birisi; (b) islendik bir dost ýa-da maşgala agzasy, ýa-da Siziň jaýýyňyzda ýaşaýan islendik bir kişi; we (c) ýa-da RIM-iň ýazuw görnüşde ygtyýarlandyrýan islendik bir başga adamy. Ýokarda agzalanlara garamazdan, bu Şertnama Siziň BlackBerry Serwer Programma Üpjünçiligiňizi üçünji tarapa eýelik etmäge hukugy awtomatiki usulda geçirmeýär. Eger Siz şeýle etmek isleseňiz, onda RIM bilen legalinfo@rim.com elektron poçta salgysy boýunça habarlaşmagyňyzy haýyşt edýäris.

"BlackBerry Göterip bolýan Önümi", şeýle hem "BlackBerry Enjam" hökmünde belli, RIM tarapyndan ýa-da onuň adyndan öndürilen enjamy aňladýar, şol sanda islendik şeýle smartfon, smart karta okaýjy, planşet ýa-da BlackBerry Presenter we RIM tarapyndan şu sahypada http://www.blackberry.com/legal/blackberrydevices_for_bbsla BlackBerry Göterip bolýan Önümi hökmünde takyk tanalýan enjam.

"BlackBerry Göterip bolýan Programma üpjünçiligi" RIM-iň öz programma üpjünçiligi bolup durýar (RIM-iň emläginden düzülen: programma üpjünçiligi, oturdylan programma, interfeýsler we Mazmun, tehniki taýdan seredilen ýa-da seredilmedik sistema programmasy; we Üçünji Tarap Düzüm bölekleri), ýa-da onuň Göterip bolýan Önümde ulanmaklyk üçin niýetlenen islendik bir bölegi: (a) Göterip bolýan Önümlere ýüklenen, ilkibaşda RIM tarapyndan ugradylşy ýaly; (b) Siziň Göterip bolýan Önümiňizde ulanmak üçin göni ýa-da RIME Dükanynyw üsti bilen RIM tarapyndan ýa-da onuň adyndan wagtal-wagtal gowşurylan, ýaýradylan ýa-da Size başgaça ýol bilen elýeterli edilen. BlackBerry Göterip bolýan Programma üpjünçiligi öz içine RIM-iň hut özüniň operatiw sistemasynyň programma üpjünçiligini we RIM-iň BlackBerry Göterip bolýan Önüminde ozaldan gurnalan ýa-da RIME Dükanynyň üsti bilen elýeterli edilen hususy priloženiýalary, we Üçünji Tarapyň Göterip bolýan Önümlerinde ýörite ulanmaklyk üçin RIM tarapyndan ýa-da onuň adyndan wagtal-wagtal geçirilen, ýaýradylan ýa-da başgaça ýol bilen elýeterli edilen RIM-iň islendik bir öz hususy programma üpjünçilik önümi.

"BlackBerry Töleg Hyzmaty" bu RIM-iň hususy töleg infrastrukturasy bolup, ol In-App Önümlerini we beýleki sanly önümleri we hyzmatlary RIME Dükanynyň üsti bilen satyn almaklygy mümkin edýär.

"BlackBerry Personal kompýter esasyndaky (PC) Programma üpjünçiligi" RIM-iň hususy programma üpjünçiligini aňladýar (RIM-iň hususy programma üpjünçiliginden, interfeýslerinden we Mazmunyndan düzülen, tehniki taýdan seredilen ýa-da seredilmedik sistema programmasy; we Üçünji Tarap Düzüm bölekleri), ýa-da BlackBerry Solution-iň bir bölegi hökmünde ulanmaklyk üçin we diňe bir sany ahyrky ulanyjy üçin islendik wagtda personal kompýuterde ulanmaga we girmäge niýetlenen onuň islendik bir bölegi. BlackBerry PC Programma üpjünçiliginiň mysaly "BlackBerry Iş Stol (Desktop) Programma üpjünçiligidir", ony Siziň Göterip bolýan Önümiňiz bilen Siziň personal kompýuteriňiziň arasynda sinhronlamany üpjün etmek we saklamak üçin ulanyp bolýar, we ol başga iş stolunyň dolandyryş işlemesini üpjün edýär.

"BlackBerry Prosumer Hyzmatlary" bu RIM Hyzmatlary bolup durýar, olar RIM tarapyndan RIM alyjylaryna BlackBerry Server Programma üpjünçiligi tarapyndan üpjün edilen anyk funksionallyk bilen niýetlenýär we hödürlenýär, RIM alyjylaryna şeýle serwer programma üpjünçiligini almak gerek däl. BlackBerry Prosumer Hyzmatlarynyň mysaly bu hem RIM-iň "BlackBerry Internet Hyzmaty", ol abunaçylara: (a) takyk ISP we başga üçünji tarap email hasaplaryny birleşdirmek Siziň Göterip bolýan Önümiňize basmaklyga esaslanan eltme üçin; (b) siziň Göterip bolýan Önümiňiz üçin desga esaslanan elektron poçta adresini açmaklyga; we (c) anyk Internet maglumatlara we hyzmatlara girmeklige mümkinçilik berýär. BlackBerry Prosumer Hyzmatlarynyň ählisini ýa-da käbirini Siziň Efir wagty Hyzmat Üpjün edijiňiz bilen goldap bolmaýar. Siziň Efir wagty Hyzmat Üpjün edijiňiziň elýeterliligini barlamagyňyzy haýyşt edýäris.

"BlackBerry Serwer Programma Üpjünçiligi" RIM-iň hususy serwer programma üpjünçiligini aňladýar (RIM-iň öz programma üpjünçiliginden, interfeýslerinden we Mazmunyndan düzülen, ol tehniki taýdan seredilen sistema programmasy bolup biler ýa-da bolman biler, şol sanda serwer marşrutizatorynyň protokolynyň identifikatory (SRP ID), SRP autentifikasiýasynyň açary we RIM-iň serwer programma üpjünçiliginiň anyk nusgasy bilen ulanmaklyk üçin üpjün edýän islendik bir başga identifikator; we Üçünji Tarapyň Düzüm bölekleri), ýa-da onuň bir bölegi, onuň ýekeje nusgasy kompýuterde gurnalmak üçin we köpsanly Göterip bolýan Önümler ýa-da personal kompýuterler tarapyndan, degişli şertlerde, islendik wagtda elýeterli bolmak üçin niýetlenendir. BlackBerry Serwer Programma Üpjünçiliginiň mysallary öz içine "BlackBerry Kärhana Serwer" önümini alýarlar, ol takyk korporatiw prilojeniýe serwerleri (mysal üçin, email serwerleri) bilen, we "BlackBerry Kärhana Swerwr" programma üpjünçiligi bilen işlemek üçin üpjün edilen Göterip bolýan Önümleri bilen, hem-de ofisdäki telefonlaryň aýratynlyklaryny Göterip bolýan Önümleri üçin elýeterli etmäge niýetlenen "BlackBerry Süýşýän Ses Sitemasy" programma üpjünçiligi bilen birleşmek üçin we olaryň arasynda baglanşygy üpjün etmek üçin niýetlenendir.

"BlackBerry Solution" Programma üpjünçiligini aňladýar, we iň azyndan Programma üpjünçiligi bilen baglylykda ulanmak üçin şu aşakda görkezilen goşmaça predmetleri aňladýar: RIM Önümi, BlackBerry Serwer Programma üpjünçiligi, BlackBerry Göterip bolýan Programma üpjünçiligi, BlackBerry PC Programma üpjünçiligi we/ýa-da RIM Hyzmaty(lary); ulanylýan Resminamalar bilen bilelikde.

"Mazmun" bu islendik bir maglumaty, teksti, sazy, sesi, jaň sazyny, suraty, grafikany, wideony, habary, belgini, ýa-da başga sifr materialyny ýa-da başga sifr maglumatyny aňladýar.

"Resminamalar" bu ulanylýan gurmak boýunça gollanma we başga standard ahyrky ulanyjynyň resminamalary, şol sanda RIM tarapyndan Programma üpjünçiliginiň, RIM Önüminiň ýa-da RIM Hyzmatynyň aýratyn görnüşi we wersiýasy üçin taýarlanylan we üpjün edilen islendik bir özüňi alyp baryş kodekslerini, görkezmelerini, ýa-da ulanmaklygyň düzgünlerini, şol sanda howpsuzlyk tehnikasynyň düzgünlerini aňladýar. Ahyrky ulanyjynyň we administratoryň Resminamalary şeýle-de [http://docs.blackberry.com](http://docs.blackberry.com) sahypasynda elýeterlidir ýa-da RIM bilen [legalinfo@rim.com](mailto:legalinfo@rim.com) üsti bilen habarlaşyp bolar. Hakykylyk üçin, Resminamalar RIM-den başga kişi tarapyndan ýa-da başga biriniň adyndan taýarlanylan islendik bir gurmak boýunça gollanmany ýa-da ahyrky ulanyjynyň resminamasyny öz içine almaýar ýa-da RIM-den başga bolan tarapyň resminamalara girizen üýtgetmelerini öz içine almaýar.

"Göterip bolýan önüm" şulary aňladýar: (a) BlackBerry Göterip bolýan Önümi; ýa-da (b) Üçünji Tarapyň Göterip bolýan Önümi.

"In-App Önümleri" – Siziň RIME Dükanynyň üsti bilen alýan Programma üpjünçiliginiň ýa-da Üçünji tarapyň Programma üpjünçiliginiň kopiýalarynyň üsti bilen Size BlackBerry Töleg

Hyzmatyny ulanmaklyk bilen satylan sifrli önümler ýa-da hyzmatlar.

"Kiosk" RIME Dükanynda bölümi aňladýar.

"Resmi hasaba alnan Satyjy” ýa-da “MoR" – satyn alynýan wagty ýola goýulýan satyn almalary işläp taýarlamaga jogapkär gurama, ol tölegiň görnüşi, ýurisdiksiýa we Kiosk boýunça tapawutlanyp biler.

"My World" – maglumatlar saklawhanasy, ol Size Siziň RIME Dükanynyň üsti bilen satyn alýan Göterip bolýan Önümiňizde we Üçünji Tarapyň Predmetlerinde takyk Programma üpjünçiligini söküp aýyrmaga we täzeden gurnamaga mümkinçilik berýär.

"Teklipler" – In-App Önümler, we RIME Dükanynyň üsti bilen elýeterli edilen islendik predmet ýa-da hyzmat, şol sanda islendik RIM Önümi, Programma üpjünçiligi, RIM Hyzmaty, Üçünji Tarap Predmeti ýa-da şeýle usulda elýeterli edilen Üçünji Tarap Hyzmaty.

"Teklip edýän Satyjylar" – RIME Dükanynyň üsti bilen ýaýratmaklyk üçin Teklipleri berýän aýry-aýry şahslar we guramalar.

"Tölenen RIM Hyzmatlary" – RIM Hyzmatlary, olar üçin Siz ýa-da Siziň Ygtyýarlandyrylan Ulanyjylaryňyz hasaba alynmaly we olary almak üçin RIM-e töleg tölemeli.

"RIM Periferiýa gurallary" – RIM markasy bilen bellenen goşmaça gurallar ýa-da başga predmetler, şol sanda microSD kartalary ýa-da RIM Önümi bilen işlemeklik üçin niýetlenen beýleki ulalýan ýatlar we nauşnikler.

"RIM Önümi" - islendik BlackBerry Göterip bolýan Önümleri we islendik RIM Perfireiýa gurallary, Programma üpjünçiliksiz.

"RIM Hyzmat(lary)" Size RIM tarapyndan ýa-da onuň adyndan, ýa-da RIM-iň şahamçasynyň adyndan elýeterli edilen hyzmat hökmünde takyk tanalýan islendik bir hyzmat, mysal üçin "BlackBerry Protect" hyzmaty, RIME Dükanlary, "BlackBerry Messenger" hyzmaty we BlackBerry Prosumer Hyzmatlary, emma RIM-iň Üçünji Tarap Hyzmatlary bilen bileleşmegi öz-özünden muny RIM Hyzmatyna öwürmeýär.

"RIME Dükany" - "BlackBerry Kärhana Dükanyndan" başga bolan RIME-niň ýa-da RIME şahamçasynyň hususy sifrli witrinasy, onuň üsti bilen Teklip edýän Satyjylar ahyrky ulanyjylara ýaýratmak üçin Tekliplerini hödürleýärler; emma aýdyňlyk üçin, “RIME Dükany” öz içine Global Solutions , Inc. tarapyndan işledilýän www. shopblackberry.com sahypasyndaky sifrli witrinany almaýar.

"RIME Dükanynyň Teklibi" – RIME Dükanynyň üsti bilen edilýän teklibi aňladýar.

"Hyzmat Üpjün edijiler" Bölüm 9(e)-ki manyny aňladýar.

"Programma üpjünçiligi" – Şu Ylalaşyk boýunça Size üpjün edilen BlackBerry Göterip bolýan Programma üpjünçiligi, BlackBerry PC Programma üpjünçiligi ýa-da BlackBerry Serwer Programma üpjünçiligi, islendik formada, islendik usul bilen ýa-da islendik şekilde üpjün edilen bolsa-da ýa-da soňra gurnalan bolsa ýa-da ulanylan bolsa. " Programma üpjünçiligi" termini islendik bir Üçünji Tarap Programma Üpjünçiligini ýa-da Üçünji Tarap Predmetlerini öz içine almaz, Üçünji Tarap Programma üpjünçiligi ýa-da Üçünji Tarap Predmeti RIM tarapyndan ýa-da RIM-iň adyndan paýlanylýan ýa-da

paýlanylmaýan bolsa, ýa-da RIME Dükanynyň üsti bilen ýa-da başga bir kanalyň üsti bilen BlackBerry Töleg Hyzmatyny ulanyp, ýa-da Üçünji Tarap Programma üpjünçiligi ýa-da Üçünji Tarap Predmetleriniň goşmaçalary Programma üpjünçiligi pa-da Siziň BlackBerry Solution-zyň ýa-da Üçünji Tarap Göterip bolýan Önümiň islendik bir başga bölegi bilen üpjün edilen, ýa-da bilelikde işleýän.

"Üçünji Tarapyň Düzüm Bölekleri" – Üçünji tarapdan RIM tarapyndan RIM programma üpjünçilik önümi bilen birleşdirmek üçin, ýa-da RIM apparat önümleriniň ýagdaýynda oturdylan programma birleşdirmek üçin lisenzirlenen programma üpjünçiligi, we şol RIM önüminiň aýrylmaz bölegi hökmünde RIM markasy bilen ýaýradylan, ýöne Üçünji Tarap Programma üpjünçiligini öz içine almaýar.

"Üçünji Tarapyň Mazmuny" üçünji tarapyň eýeçiligindäki öz Mazmunyny a ňladýar.

"Üçünji Tarap Göterip bolýan Önüm" – islendik enjamy, şol sanda göterilýän enjamlar, smartfon ýa-da planşet, BlackBerry Guralyndan başga enjam, ýagny olarda BlackBerry Göterip bolýan Programma üpjünçiligi ýa-da onuň bölegi işlemäge RIM tarapyndan niýetlenen we ygtyýarlandyrylan (şol sanda, BlackBerry Göterip bolýan Programma üpjünçiligi RIM infrastrukturasyna girmäge niýetlenen bolsa, RIM Siziň Efir wagty Serwis Üpjün edijiňiz bilen ylalaşyga girýär, üçünji tarapyň enjamyň RIM infrastrukturasyna elýeterliligini ygtyýarlandyryp).

"Üçünji Tarap Predmetleri" Üçünji Tarap Mazmuny hem-de Üçünji Tarap Önümleri aňladýar.

"Üçünji Tarap Apparat üpjünçiligi" Göterip bolýan Önümleri, kompýuteri, enjamlary, periferiýa enjamlary we RIM Önümi bolmadyk islendik başga apparat üpjünçiligi önümini aňladýar.

"Üçünji Tarap Önümleri" – Üçünji Tarap Apparat Üpjünçiligi we Üçünji Tarap Programma üpjünçiligi we RIM Önümleri bolup durmaýan islendik başga täjirçilik önümleri.

"Üçünji Tarap Hyzmatlary" üçünji tarap tarapyndan üpjün edilýän hyzmatlar, şol sanda Efir wagty Hyzmatlary, üçünji tarap MoR ýa-da tölegiň resmileşdirilmegi tarapyndan üpjün edilýän hyzmatlar, we RIM tarapyndan işledilmeýän islendik websahypasy.

"Üçünji Tarap Programma üpjünçiligi" – üçünji tarapyň eýelik edýän awtonom programma üpjünçiliginiň priloženiýalary, ýagny olar RIME Dükany ýaly, RIM Önümleri, Programma üpjünçiligi ýa-da RIM Hyzmatlary bilen, şolarda ýa-da olaryň üsti bilen üpjün edilýär ýa-da başgaça elýeterli edilýär.

"Siziň BlackBerry Solution" – Programma üpjünçiligini aňladýar, we Siziň alýan, gurnaýan, üpjün edýän ýa-da başgaça ygtyýarlandyrýan we Siziň ýagdaýyňyzda ulanylaýjak ýagdaýda Programma üpjünçiligi bilen baglylykda ulanmaga jogapkärçiligini kabul edýän şu indiki goşmaça predmetleriň iň bolmanda birisini aňladýar: RIM Önümi, BlackBerry Serwer Programma üpjünçiligi, BlackBerry Göterip bolýan Programma üpjünçiligi, BlackBerry PC Programma üpjünçiligi we/ýa-da RIM Hyzmaty(lary); peýdalanylýan Resminamalar bilen bilelikde. Üçünji Tarapyň Predmetleri we Üçünji Tarap Hyzmatlary Siziň BlackBerry Solution-zyň bir bölegi däldir.

"Siziň Mazmunyňyz" şuny aňladýar, ýagny Siziň ýa-da Siziň Ygtyýarlandyran Ulanyjylaryňyzyň RIM Hyzmatlaryna ýa-da Üçünji Tarap Hyzmatyna berýän ýa-da başga usulda elýeterli edýän islendik Mazmun.

2. Programma üpjünçiliginiň we Resminamalaryň Lisenziýasy. Programma üpjünçiligi lisenzirlenen we şu Şertnama boýunça satylmaýar. Programma üpjünçiligini ulanmaga siziň lisenziýaňyz ulanylýan lisenziýa

tölegi bilen şertlendirilendir, eger şeýle töleg bar bolsa. Şu ýerdäki şertlere baglylykda, şu Şertnama Size şahsy, ýatyrylyp bilinýän, aýratyn bolmadyk, geçirilmeýän lisenziýany berýär, ol lisenziýa Size we Siziň Ygtyýarlandyrylan Ulanyjylaryňyza şu aşakdakylara bilelikde rugsat berýär:

(a) Eger Programma üpjünçiligi BlackBerry Serwer Programma üpjünçiligi bolýan bolsa:

(i) RIM-e ýa-da RIM-iň ygtyýarlandyrylan distribýutoryna lisenziýa tölegleri tölenen Programma üpjünçiliginiň nusgalaryny (şol sanda wirtual nusgalar) gurnamak we ulanmak (we eger-de RIM-e ýa-da RIM-iň ygtyýarlandyrylan distribýutoryna Programma üpjünçiligi üçin hiç hili tölegler tölenmeýän bolsa, RIM ýa-da onuň ygtyýarlandyrylan distribýutory tarapyndan ýazuw görnüşde başgaça ygtyýarlandyrylan nusgalaryň sanyny gurnamak we ulanmak); we

(ii) Göterip bolýan Önümleriň ýa-da personal kompýuterleriň sanyna çenli işe girizmek, Programma üpjünçiligine girmek üçin olar üçin RIM-e ýa-da RIM-iň ygtyýarlandyrylan distribýutoryna tölegler tölendi (mysal üçin, BlackBerry Kärhana Programma üpjünçiligi üçin satyn alnan müşderileriň elýeterlilik lisenziýalary ("CALs")) (we eger-de Göterip bolýan Önümlere Programma üpjünçiligine girmäge mümkinçilik bermek üçin RIM-e ýa-da RIM-iň ygtyýarlandyrylan paýlaýjysyna tölenmeýän bolsa, RIM ýa-da onuň ygtyýarlandyrylan paýlaýjysy tarapyndan ýazuw görnüşde başgaça ygtyýarlandyrylan Göterip bolýan Önümleriň ýa-da personal kompýuterleriň sanyna çenli); we

(b) eger-de Programma üpjünçiligi BlackBerry Göterip bolýan Programma üpjünçiligi ýa-da BlackBerry PC Programma üpjünçiligi bolýan bolsa we:

(i) apparat üpjünçiliginde öňünden gurnalan bolsa, apparat üpjünçiliginde gurnalan şol Programma üpjünçiliginiň ýekeje nusgasyny ulanmak; ýa-da

(ii) apparat üpjünçiliginde öňünden gurnalmadyk bolsa, Programma üpjünçiligini RIM-e ýa-da RIM-iň ygtyýarlandyrylan paýlaýjysyna Programma üpjünçiligi üçin tölenen lisenziýa töleglerine laýyk gelýän ulanylýan apparat üpjünçiliginiň birlikleriniň sanyna gurnamak we ulanmak (we eger-de Programma üpjünçiligi üçin RIM-e ýa-da RIM-iň ygtyýarlandyrylan paýlajysyna hiç hili tölegler degişli däl bolsa, RIM ýa-da onuň ygtyýarlandyrylan paýlaýjysy tarapyndan ýazuw görnüşde başgaça ygtyýarlandyrylan nusgalaryň sanyny gurnamak we ulanmak).

Eger-de Siz Programma üpjünçiligini (we onuň bilen bagly Müşderileriň Elýeterlilik Lisenziýalary) ýazylşyk esasynda ýa-da mugtuna synap görmeklik esasynda edinýän bolsaňyz, ýokarda görkezilen lisenziýa hukuklary diňe siziň talap edilýän yazylşyk töleglerini tölän wagt döwri üçin ulanylýar ýa-da RIM ýa-da onuň ygtyýarlandyran paýlaýjysy tarapyndan ygtyýarlandyrylan döwür üçin ulanylýar, ýagdaýlara görä.

Ähli ýagdaýlarda, şu Şertnama boýunça berlen lisenziýa(lar), Size we Siziň Ygtyýarlandyrylan Ulanyjylaryňyza Programma üpjünçiligini ulanmaga ýa-da ulanmaklygyna rugsat bermegiňize ýa-da RIM Hyzmatlaryny diňe Siziň öz içerki ýa-da şahsy maksatlaryňyz üçin we diňe Siziň BlackBerry Solution-zyň bir bölegi hökmünde rugsat edýär. Eger Ygtyýarlandyrylan Ulanyjy hem BlackBerry Göterip bolýan Programma üpjünçiligini beýleki bir BlackBerry Solution-yň bölegi hökmünde ulanmaklyk islese (ýagny, BlackBerry Solution Siziň ýa-da Siziň adyňyzdan hereket edýän başga birisiniň edinmedik, gurnamadyk ýa-da üpjün etmedik bölekleýin RIM hususy önümlerinden, programma üpjünçiliginden ýa-da hyzmatlaryndan düzülendir, we Siz şeýle ulanmaklyga rugsat bermäge taýar, emma oňa jogapkärçiligi kabul etmeýäňiz; "Başga BlackBerry Solution"), onda şol ulanyş bu lisenzion ylalaşyk tarapyndan ýapylmaýar we Siz Ygtyýarlandyrylan Ulanyjydan RIM bilen oňa Programma üpjünçiligini Başga BlackBerry Solution-yň bir bölegi hökmünde ulanmaga hukuk berýän aýratyn başga lisenzion ylalaşygyna girmekligi talap etmelidirsiňiz. Mysal üçin, eger Siz korporasiýa bolýan bolsaňyz we Siziň işgäriňiz BlackBerry Göterip bolýan Programa üpjünçiligini onuň öz şahsy BlackBerry Prosumer

Hyzmatlary ýa-da Windows Live Messenger müşderi Programma üpjünçiligi bilen baglylykda ulanmak isleýän bolsa, we Sizem rugsat bermäge taýar bolsaňyz, ýöne şeýle ulanmaklyk üçin jogapkärçiligi almaýan bolsaňyz, onda şol ulanyş "Siz" bilen korporasiýa hökmünde bu Ylalaşyk tarapyndan ýapylmaýar we Siz munuň üçin jogapkärçilik çekmeýärsiňiz, şu şert bilen, ýagny Siz Ygtyýarlandyrylan Ulanyjy bilen onuň şol Programma üpjünçiligini Başga BlackBerry Solution-yň bölegi hökmünde ulanmaklygyna degişlilikde onuň (Ygtyýarlandyrylan Ulanyjy) şahsy işe ukyplylyk ýagdaýynda şu Ylalaşyga girendigini tassyklasaňyz. Edil şonuň ýaly, eger Sizde Hosted BES Elýeterlilik Ylalaşygy bar bolsa, Siziň alyjylaryňyz BlackBerry Kärhana Serwer Programma üpjünçiligini özleriniň BlackBerry Solution-yň bir bölegi hökmünde ulanmagy üçin BBSLA girmelidirler).

Täzelenmeler we Kämilleşdirmeler. Şu Ylalaşyk we ondaky berlen lisenziýalar şu aşakdakylara bolan hiç hili hukuklary göz öňüne tutmaýar: (A) Programma üpjünçiliginiň ýa-da Üçünji Tarap Programma üpjünçiliginiň geljekdäki täzelenmeleri ýa-da kämilleşdirmeleri; (B) Göterip bolýan Önümde BlackBerry Göterip bolýan Önüminiň ýagdaýynda, Programma üpjünçiligine girizilen priloženiýalardan başgda priloženiýalara girmek başarnygy; ýa-da (C) täze ýa-da üýtgedilen RIM Hyzmatlaryny almaklyk. Ýokarda agzalanlara garamazdan Programma üpjünçiligi öz içine Programma üpjünçiligine bolan täzelenmeleri hem-de kämilleşdirmeleri awtomatiki usulda barlamak funksiýasyny alyp biler, we Siz takyk RIM Hyzmatlaryna, başga täze Programma üpjünçiligine ýa-da Üçünji Tarap Predmetlerine ýa-da Üçünji Tarap Hyzmatlaryna ýa-da olaryň böleklerine girmekligi ýa-da ulanmaklygy dowam etmek üçin Programma üpjünçiligini ýa-da Üçünji Tarap Programma üpjünçiligini täzelemeli bolmagyňyz mümkin. Siz, ýa-da Siziň BlackBerry Solution-ňyzy pa-da onuň böleklerini Size üpjün etmek ylalaşygy bolan üçünji tarap Siziň BlackBerry Solution-ňyzy Programma üpjünçiligine, Üçünji Tarap Programma üpjünçiligine ýa-da RIM Hyzmatlaryna täzelenmeleri ýa-da kämilleşdirmeleri geçirmekligiň ýa-da ulanmaklygyň öňüni almak üçin konfigurirlese, Siz RIM-iň Size elýeterli bolan şeýle täzelenmelerini ýa-da kämilleşmelerini wagtal-wagtal edip durmagyna razylaşýarsyňyz (ýöne hökman däl). Şu Ylalaşyk boýunça Size RIM tarapyndan üpjün edilen islendik täzelenmeler ýa-da kämilleşdirmeler BlackBerry Göterip bolýan Programma üpjünçiligi, BlackBerry PC Programma üpjünçiligi, BlackBerry Serwer Programma üpjünçiligi, RIM Hyzmatlary ýa-da Üçünji Tarap Programma üpjünçiligi diýlip hasap ediler, ýagdaýlara görä.

Beta Önümleri. Eger Programma üpjünçiligi, ýa-da Programma üpjünçiliginiň üsti bilen elýeterli bolan islendik Hyzmat deslapky täjirçilik, baha beriş, "alfa" ýa-da "beta" programma üpjünçiligi hökmünde tanalýar (degişlilikde "Beta Programma üpjünçiligi" we "Beta Hyzmaty"), Siziň şeýle Beta Programma üpjünçiligini ulanmaklygyňyza ýa-da Beta Hyzmatlaryna elýeterliligiňize degişlilikde ýokarda görkezilen lisenziýa hukuklary diňe RIM tarapyndan ygtyýarlandyrylan döwür üçin ulanylýar ("Synag Döwri") we Size hem-de Siziň Ygtyýarlandyrylan Ulanyjylaryňyza (eger Siz aýratyn şahs bolýan bolsaňyz, Beta Programma üpjünçiligi ýa-da Beta Hyzmatlary üçin Ygtyýarlandyrylan Ulanyjylar ýokdur) RIM-e Beta Programma üpjünçiligi we Beta Hyzmatlary, we RIM tarapyndan Beta Programma üpjünçiligi ("Beta Apparat üpjünçiligi", we Beta Programma üpjünçiligi hem-de Beta Hyzmatlary bilen bilelikde "Beta Önümleri" ) bilen ulanmaklyk üçin üpjün edilen islendik RIM Önümi babatda jogap gaýtargyny synamaga we üpjün etmäge mümkinçilik berýär; we eger-de Beta Programma üpjünçiligi ýa-da başga Beta Önümleri RIM işläp taýarlaýjy programmasynyň bir bölegi hökmünde üpjün edilýän bolsa, programma üpjünçiliginiň priloženiýalaryny işläp taýarlamak / diňe ulanylýan Programma üpjünçiligi, ýa-da Beta Programma üpjünçiliginiň ýa-da başga Beta Önümleriniň täjirçilik wersiýalary bilen ulanmaklyk üçin, eger we haçanda olar RIM tarapyndan täjirçilik ýoly bilen çykarylan bolsa. Şeýle lisenziýa Synag Döwrüniň möhletini awtomatiki usulda tamamlap bilýär, onuň döwri RIM tarapyndan, onuň diňe öz garamagyna görä, islendik wagtda uzaldylyp ýa-da bes edilip bilinýär, emma, eger-de Siz şu Ylalaşygy bozmaýan bolsaňyz, RIM, eger amala aşyryp bolýan bolsa, Size Synag Döwrüniň möhletiniň islendik bir üýtgemesi hakynda öňünden habar bermek üçin täjirçilik taýdan esaslandyrylan tagallalary ulanar. Synag Döwrüne garamazdan, Siz RIM-iň Beta Önümlerinde belli bir wagt geçenden soň olary hakyky däl hödürleýän tehniki ölçegleri öz içine alyp bilýändigini aňlaýaňyz we ylalaşýaňyz we Siz şeýle tehniki ölçegleriň daşyndan aýlanmajakdygyňyza, we şeýtjek bolup synanyşmajakdygyňyza ylalaşýaňyz. Beta Önümlerine lisenziýa bermeklige seredilende, Siz Siziň RIM-i Beta Önümleri babatda Gaýtargy jogap bilen

üpjün etjekdigiňize ylalaşýaňyz, RIM-iň soramagy boýunça, şol sanda Synag Döwründe başdan geçirilen ýalňyşlar we bozulmalar babatda dowam edýän jogap bilen, RIM tarapyndan hiç hili kompensasiýasyz ýa-da öwezini dolmasyz, we aşakda "Jogap gaýtarma" diýlip atlandyrylan Bölüm şeýle Jogap gaýtarma degişlilikde ulanylar. RIM Sizden Beta Önümine degişli soramany doldurmagyňyzy ýörite haýyşt edip biler we Siz islendik şeýle soramany doldurmaga razylaşýaňyz.

Gaýtadan döretmäge bolan Hukuklar. Siz Programma üpjünçiligini, ýa-da Size RIM Hyzmatlarynyň bölegi hökmünde elýeterli edilen islendik Mazmuny dolulygyna ýa-da bölekleýin ýaýratmaga ýa-da üýtgetmäge hakyňyz ýokdur. Haçanda RIM-iň kanun tarapyndan şu işleri gadagan etmekliginiň aýdyň öňi alnan halatlaryndan başga, Siziň Programma üpjünçiliginiň, ýa-da onuň Size RIM Hyzmatynyň bölegi hökmünde elýeterli edilen islendik bir Mazmunynyň dolulygyna ýa-da bölekleýin nusgasyny almaga, gaýtadan döretmäge ýa-da başgaça usul bilen dublikatyny döretmäge hakyňyz ýokdur, şu Ylalaşykda, ulanylýan RIM Hyzmatynyň Resminamalarynda, ýa-da Siz bilen RIM-iň ýa-da RIM-iň golçurynyň arasynda baglaşylan aýratyn ýazmaça ylalaşykda aýdyň ygtyýarlandyrylan ýagdaýdan başga. Şu düzgünnamanyň maksatlay üçin, "nusgasyny almak" ýa-da "gaýtadan döretmek" programmanyň adaty ýerine ýetiriliş dowamynda tebigy bolýan Programma üpjünçiliginiň beýannamalaryny we instruksiýalaryny öz içine almaz, Resminamalarda beýan edilen maksatlara laýyklykda we şolar üçin ulanylanda ýa-da Programma üpjünçiliginiň ýa-da Programma üpjünçiliginiň senagat standart biznes tejribelerine laýyklyklykda gurnalan kompýuteriniň ýa-da sistemasynyň modifisirlenmedik regulýar ätiýaçdan nusgasyny alma dowamynda. Siz hiç bir Resminamalaryň ýa-da olaryň böleginiň nusgalaryny almaga hakyňyz ýokdur, diňe Siziň BlackBerry Solution-ňyz bilen bilelikde Siziň öz şahsy ýa-da içerki ulanmagyňyz üçin nusgalaryny almaga hakyňyz bar.

3. <u>BlackBerry Solution üçin Ulanmaklygyň Düzgünleri</u>. Siz Siziň BlackBerry Solution-zyňa we Siziň Ygtyýarlandyrlan Ulanyjylaryňyza degişli ähli işler üçin jogapkärdirsiňiz, we Siz şuny üpjün etmeli bolarsyňyz:

(a) Siz we Siziň Ygtyýarlandyrylan Ulanyjylaryňyz Siziň BlackBerry Solution-yzy we onuň islendik bir bölegini diňe şu Ylalaşyga, ähli ulanylýan kanunlara we düzgünlere, we Siziň BlackBerry Solution-yz ýa-da onuň bölegi üçin niýetlenen Resminamalara laýyklykda ulanýarsyňyz;

(b) Siziň şu Ylalaşyga, ýa Öz adyňyzdan ýa-da kompaniýanyň ýa-da başga guramanyň adyndan , we Siz kämillik ýaşyndan ýokary bolsaňyz girmäge hukugyňyz we ygtyýaryňyz bardyr;

(c) Şu Ylalaşyk boýunça RIM-e üpjün edilen islendik maglumat, şol sanda islendik bir RIM Hyzmatyny ulanmak üçin hasaba alnanda, RIME-Dükanynyň üsti bilen zakaz edilende, ýa-da BlackBerry Töleg Hyzmatynyň üsti bilen geleşik tamamlananda, dogry, takyk, şu wagtky we gutarnyklydyr, we Siz ýa-da Siziň Ygtyýarlandyrylan Ulanyjylaryňyz RIM Hyzmatyny ulanmaklygy dowam etdirseňiz ýa-da hasaby saklaňyz, Siz şeýle maglumaty dogry, takyk we gutanykly edip saklamak üçin täzelärsiňiz;

(d) Siz we Siziň Ygtyýarlandyrylan Ulanyjylaryňyz bilgeşleýinden däl-de, Siziň ýa-da Siziň Ygtyýarlandyrylan Ulanyjyňyzyň ýagdaýyndaky adam hökmünde eden şeýle talaplardan soň Siziň BlackBerry Solution-zy ýa-da onuň bir bölegini aýrylykda ýa-da Üçünji Tarap Predmeti ýa-da Üçünji Tarap Hyzmatlary bilen RIM-iň garaýşy boýunça paýhasly hereket edip, islendik bir programma üpjünçiligi, apparat üpjünçiligi, sistemasy, tory, Mazmuny ýa-da hyzmaty, şol sanda Siziň ýa-da islendik biri, şol sanda RIM ýa-da Efir wagty Hyzmat Üpjünçisi tarapyndan ulanylýan islendik bir başga ahyrky ulanyjynyň BlackBerry Solution-ynyň islendir bir bölegi bilen garylyşsa, olary erbetleşdirse ýa-da tersine täsir etse öz üstüňize alanyňyzda, ulananyňyzda ýa-da başgalar ulanmaga rugsat bereniňizde, ýa-da başgaça usulda RIM-e, RIM Kompaniýalar Toparyna, Efir wagty Hyzmat Üpjünçisine ýa-da olaryň islendik bir degişli alyjylaryna ýa-da infrastrukturasynda ýa-da önümlerine ýa-da hyzmatlaryna zyýanly täsir

edýän bolsa, we Siz RIM-tarapyndan Size habar berme berenden soň şeýle hereketi derrew bes edersiňiz;

(e) Siz we Siziň Ygtyýarlandyrylan Ulanyjylaryňyz Siziň BlackBerry Solution-ňyzy ýa-da onuň islendik bölegini islendik bir nälaýyk, kemsidiji, howsala goýujy, hyýanatçylykly, töhmetçilikli, garalaýjy, gýdek, bikanun ýa-da aldawly Mazmuny geçirmek, neşir etmek, bildiriş etmek, ýüklemek, paýlamak ýa-da ýaýratmak üçin ulanmaýarsyňyz.

(f) Siz we Siziň Ygtyýarlandyrylan Ulanyjylaryňyz Siziň BlackBerry Solution-yzy ýa-da onuň islendik bir bölegini jenaýatçylyk etmek üçin ýa-da jenayatçylygy etmäge synanyşmak üçin, ýa-da islendik bir jenaýatyň ýa-da başga bikanun ýa-da zyýanly hereketleriň edilmesini ýeňilleşdirmek üçin ulanmaýar, şol sanda Siziň ýygnamaga, saklamaga ýa-da elýeterli etmäge hukugyňyz bolmadyk islendik maglumaty ýa-da materialy ýüklemeklik, ýygnamak, saklamak, bildiriş etmek, geçirmek, habarlaşmak ýa-da başgaça usulda elýeterli etmek, şol sanda islendik bir kanun ýa-da şertnama boýunça, ýa-da islendik bir wezipäni bozmaklyk bilen, hususylyk hukuklaryny ýa-da kanunlaryny bozmaklyk bilen, bikanun humar oýunlary, ýa-da islendik bir intellektual emläk hukuklaryny we/ýa-da üçünji tarapyň beýleki eýeçilik hukuklaryny bozýan, ýa-da bikanun eýelik edýän islendik hereket bilen (şol sanda Siziň we Siziň Ygtyýarlandyrylan Ulanyjylaryňyzyň nusgalaryny almaga we paýlaşmaga hukugyňyz bolmadyk programma üpjünçiliginiň ýa-da Mazmunyň nusgalaryny almaklyk we paýlaşmaklyk, ýa-da bikanun usulda islendik sifrli hukuklary dolandyryşyň goraglarynyň daşyndan aýlanyp geçmek);

(g) Siz we Siziň Ygtyýarlandyrylan Ulanyjylaryňyz BlackBerry Solution-y ýa-da onuň islendik bir bölegini (i) wirus, Trojan horse, worm, gizlin gapy, oçürýän mehanizmi, zyýanly programma koduny, sniffer, agent-roboty, duruzýan mehanizmi, ýa-da içaly programma üpjünçiligini özünde saklaýan islendik programma üpjünçiligini ýa-da Mazmunyny ýüklemek, bildiriş etmek, geçirmek, ýa-da başgaça usulda elýeterli etmek üçin ulanmaýarsyňyz; ýa-da (ii) şulara niýetlenen islendik başga programma üpjünçiligini ýa-da Mazmunyny islendik programma üpjünçiligini, apparat üpjünçiligini, hyzmatlary, sistemalary, ýa-da maglumaty (A) işe ukyply däl etmek, bozmak, ýa-da zyýan ýetirmek, ýa-da (C) islendik programma üpjünçiligine, apparat üpjünçiligine, hyzmatlaryna, sistemalaryna, ýa-da maglumata ("Zyýanly programmalar") ygtyýarlandyrylmadyk girmekligi sezewar etmek ýa-da ýeňilleşdirmek ýa-da ygtyýarlandyrylan elýeterliligi inkär etmek, ýa-da ygtyýarlandyrylmadyk ýa-da nälaýyk maksatlar üçin ulanylmagyna getirmek (we,  eger-de siz BlackBerry Solution-a degişli islendik bir Zyýanly programmalaryň bardygyny eşitseňiz, Siz derrew RIM-e habar etmelidirsiňiz);

(h) Siz we Siziň Ygtyýarlandyrylan Ulanyjylaryňyz Size RIM Hyzmatynyň bir bölegi hökmünde elýeterli edilen Programma üpjünçiligini ýa-da islendik Mazmuny, ýa-da onuň bölegini satyp, kärende alyp, kärendä berip, ýa-da geçirip bilmeýärsiňiz ýa-da satmaga, kärendä almaga, kärendä bermäge, ýa-da geçirmäge synanşyp bilmeýärsiňiz, ýa-da Siziň RIM Hyzmatlaryny ýa-da onuň böleklerini (şol sanda hyzmatlar býurosyny ýa-da Programma üpjünçiligini ulanmak bilen deň derejeli hyzmaty işletmek) ulanmak hukugyňyzy başga birine geçirip bilmeýärsiňiz, ýa-da öňünden gurnalan Programma üpjünçiliginiň ýagdaýynda islendik başga enjamda ulanmak üçin, RIM-iň öňünden aýdyň ýazuw görnüşdäki rugsady bolmazdan;

(i) Siz we Siziň Ygtyýarlandyrylan Ulanyjylaryňyz hakerligiň, parollary almaklygyň üsti bilen ýa-da başga usullar bilen islendik RIM Hyzmatlaryna, başga hasaplara, kompýuter sistemalaryna ýa-da RIM Hyzmaty bilen bagly torlaryna ygtyýarlandyrylmadyk elýeterliligi gazanmaga synanyşmaly däldirsiňiz, ýa-da Size şeýle RIM Hyzmaty tarapyndan bilgeşleýin däl elýeterli edilen islendik serişdeleriň üsti bilen RIM Hyzmatynyň üsti bilen elýeterli edilen islendik materiallary ýa-da maglumaty almaly dälsiňiz ýa-da almaga synanşmaly dälsiňiz;

(j) Siz we Siziň Ygtyýarlandyrylan Ulanyjylaryňyz Siziň BlackBerry Solution-ňyzy, ýa-da onuň islendik bir bölegini kimdir birini ýa-da bir guramany başga biriniň şahsynda görkezmek üçin, ýa-da Siziň ýa-da Siziň Ygtyýarlandyrylan Ulanyjyňyzyň bir adama ýa-da gurama degişliligini ýalňyş beýan edýän etmek üçin ýa-da başgaça ýalňyş görkezmek üçin, ýa-da başgalary ýalňyşdyrmak üçin aldawly şahsyýeti döretmeklik üçin, şol sanda fişing hem-de spufing etmek üçin ulanmaýar;

(k) Siz we Siziň Ygtyýarlandyrylan Ulanyjylaryňyz RIM bilen hyzmatdaşlyk edýärsiňiz we RIM-e şu Ylalaşygyň bozulandygyny barlamaga ýa-da anyklamaga ýardam etmek üçin RIM tarapyndan soralan maglumatlary üpjün edýärsiňiz we RIM-i ýa-da RIM-iň bellän garaşsyz auditoryny RIM Önümleriniň, RIM Hyzmatlarynyň ýa-da Programma üpjünçiliginiň ulanylýan ýa-da ulanylan binalaryna we kompýuterlerine elýeterliligi we onuň bilen bagly ýazgylary üpjün etmek. Şeýlelikde Siz RIM-i şular bilen hyzmatdaşlyk etmäge ygtyýarlandyrýaňyz: (i) hukuk goraýjy edaralar bilen güman edilýän jenaýat hukuk bozmalar barlanda; (ii) şu Ylalaşygy bozan hereketleri barlanda üçünji taraplar bilen; we (iii) Internet serwis üpjün edijilerinde, torlarda ýa-da hasaplaýyş serişdelerinde sistema administratorlary, şu Ylalaşygy güýje girizmek üçin. Şeýle hyzmatdaşlyk öz içine RIM-iň Siziň ýa-da Siziň Ygtyýarlandyrylan Ulanyjylaryňyzyň ulanyjy atlaryňyzy, IP-adresleri ýa-da başga şahsy maglumatlary açmaklygy öz içine alyp biler.

4. Hökmany Üçünji Tarap Predmetleri we Üçünji Tarap Hyzmatlary. Siz Siziň BlackBerry Solution-yz bilen işlemek üçin Siziň saýlaýan Üçünji Tarap Predmetleri we Üçünji Tarap Hyzmatlary (şol sanda kompýuter sistemalary, Internet baglanşygy, simsiz torlar, desktop kriptografiýa ýerine ýetirmeleri we Efir wagty Hyzmatlary) RIM-iň minimal talaplaryny kanagatlandyrýandygyny üpjün etmelidirsiňiz, şol sanda Siziň BlackBerry Solution-yza Resminamalarda görkezilşi ýaly gerek bolan işläp taýarlamanyň tizligi, ýat, müşderiniň programma üpjünçiligi we niýetlenen Internet elýeterliligi, we Siziň hem-de Siziň Ygtyýarlandyrylan Ulanyjylaryňyzyň şeýle Üçünji Tarap Predmetlerini we/ýa-da Üçünji Tarap Hyzmatlaryny Siziň BlackBerry Solution-yz bilen ulanmaklygy şeýle Üçünji Tarap Predmetlerine we Üçünji Tarap Hyzmatlaryna degişli lisenziýalary, şertleri, kanunlary, düzgünleri we/ýa-da düzgünnamalary bozmazlygyny üpjün etmelidirsiňiz. Efir wagty Hyzmatlary umuman Siziň BlackBerry Solution-yzy wideio çat, elektron poçtasy we öýjükli telefon jaňlary üçin ulanmalydyr. Efir wagty Hyzmatynyň tölegleri Siziň BlackBerry Solution ulanmaklygyňyz bilen bagly bolup biler, we Siz şuňa ylalaşýaňyz, ýagny Siz bilen RIM-iň arasynda Siz şeýle ulanmaklyk döwründe ýüze çykan ähli Efir wagty Hyzmaty tölegleri üçin jogapkärdirsiňiz. Siziň Efir wagty Serwis Üpjünçiňiz Size elýeterli edilýän RIM Hyzmatlaryny we Üçünji Tarap Hyzmatlaryny çäklendirip bilýär. Eger-de Siz Siziň ýerleşýän töwerekleriňizde haýsy Efir wagty Serwis Üpjünçileriniň Siziň BlackBerry Solution-zy goldaýandygyny bilmek üçin maglumat aljak bolsaňyz, RIM bilen via legalinfo@rim.com salgy boýunça habarlaşmagyňyzy haýyşt edýäris. Siz özüňiziň desktop kriptografiýa ýerine ýetirmeleriňizi uzaldyp bilýäňiz (mysal üçin S/MIME Wersiýasy 3.0 ýa-da ondan soňky) ýa-da RFC 2440 standartlaryna esaslanan ýerine ýetirmeleri Siziň BlackBerry Göterip bolýan Önümiňize Programma üpjünçiligini ulanmak bilen giňeldip bilýärsiňiz, emma RIM Üçünji Tarap Predmetleri bolup durýan desktop kriptografiýa ýerine ýetirmeleri üpjün etmeýär, we 22 Bölümdäki umumy inkär etmeleri çäklendirmezden, RIM ÝA-DA ONUŇ ŞAHAMÇALARY SIZIŇ DESKTOP KRIPTOGRAFIÝA ÝERINE ÝETIRILŞIŇIZDEN GELIP ÇYKÝAN ÝA-DA OŇA DEGIŞLI ISLENDIK MESELE ÜÇIN HIÇ HILI BORÇNAMALARY ÝOKDUR.

5. Goşmaça şertler.

(a) Sizden goşmaça şertlere razy bolmaklygy talap edip bilerler:

i. Üçünji Tarap Komponentlerine degişlilikde RIM bilen (mysal üçin, açyk deslapky kodly komponentler) we takyk RIM Hyzmatlaryny ýa-da RIM Mazmunyny ulanmak üçin ýa-da RIM Önümine ýa-da RIM Hyzmatyna täzelenmäni ýa-da kämilleşdirmäni gazanmak üçin;

ii. Üçünji tarap bilen Üçünji Tarap Predmetini ýa-da Üçünji Tarap Hyzmatyny almak ýa-da ulanmak üçin, şol sanda üçünji tarapyň RIME Dükanynyň üsti bilen Teklibini almak ýa-da Üçünji Tarap websaýtyny ulanmak üçin;

iii. Resmi hasaba alnan Satyjy (MoR) bilen RIME Dükanynyň üsti bilen satyn almaklyk üçin ýa-da BlackBerry Töleg Hyzmatyny uanmaklyk bilen In-App Önüminiň satyn almasy üçin; we

iv. Efir wagty Hyzmat Üpjün ediji bilen Efir wagty Hyzmatlary üçin.

(b) Siz Siziň üçünji tarap bilen girýän islendik bir ylalaşygy berjaý etmäge jogapkärdirsiňiz we RIM Siziň şeýle üçünji taraplar bilen geleşikleriňiziň netijesinde çekilen ýitgiler ýa-da zyýan üçin jogapkärçilik çekmez ýa-da borçly bolmaz. Eger-de Siz RIM-iň islendik bir Mazmunyň, predmetiň, önümiň ýa-da hyzmatyň çeşmesidigine ynamyňyz bolmasa, onda RIM bilen legalinfo@rim.com salgy boýunça habarlaşmagyňyzy haýyşt edýäris. Eger Siz üçünji tarap bilen Internetiň üsti bilen ýa-da Üçünji Tarap Hyzmatlary bilen baglylykda iş alyp barýan bolsaňyz, Siziň kim bilen iş alyp barýandygyňyzy hökman biliň, we Siz Siziň girip biljek ýa-da alyp biljek şol websaýtlara we islendik Üçünji Tarap Hyzmatlaryna ýa-da Üçünji Tarap Predmetlerine degişli şertleri bilmelidirsiňiz, şol sanda üpjün etmäniň we tölegiň şertleri, ulanmaklygyň şertleri, ahyrky ulanyjynyň lisenziýa şertleri, önümleri gaýtarmak ukyplygy, hususylygyň şertleri, we Siziň şahsy maglumatlaryňyzy goramak üçin we Siziň şahsy howpsuzlygyňyzy üpjün etmek üçin howpsuzlygyň aýratynlyklary.

(c) Hiç bir ýagdaýda Siz bilen islendik üçünji tarapyň arasyndaky şeýle goşmaça şertler RIM üçin hökmany bolmaz ýa-da goşmaça borçnamalary, ýa-da şu Ylalaşygyň şertleri bilen sazlaşmaýan borçnamalary RIM-e hiç bir ýagdaýda ýüklemez, we Siz bilen RIM-iň arasynda bolsa, şu Ylalaşykdaky Üçünji Tarap Predmetlere we Üçünji Tarap Hyzmatlara degişli şertler şol predmetlere degişlilikde häli-şindi ulanylar.

(d) Islendik bir Üçünji Tarap Komponenti Size şeýle Üçünji Tarap Komponentini tutuş ýa-da onuň bir bölegini ulanmaga, nusgalaryny almaga, paýlamaga ýa-da üýtgetmäge bolan Size şu Ylalaşyk boýunça Programma üpjünçiligi üçin berlen hukuklardan giňräk hukuklary bilen üpjün etmek üçin goşmaça şertler bilen örtülen ýagdaýynda, şonda diňe Siziň şeýle giň hukuklary şu Ylalaşygyň Programma üpjünçiliginiň galyndysy üçin şertlerini bozmazdan ulanyp bilýän ýagdaýyňyzda, Siz şeýle giňeldilden hukuklardan peýda alarsyňyz. Size RIM tarapyndan elýeterli edilen Üçünji Tarap Programma üpjünçiligine ýa-da Üçünji Tarap Hyzmatlaryna (öz içine programma üpjünçiligini we Mazmuny alýar) degişlilikde, RIME Dükanynyň üsti bilen paýlanylýan Üçünji Tarap Programma üpjünçiliginden we Üçünji Tarap Hyzmatlaryndan başga (9 Bölümde agzalýan), eger-de Üçünji Tarap Programma üpjünçiligi ýa-da Üçünji Tarap Hyzmaty aýratyn lisenziýa ýa-da hyzmatyň şertleri bilen bile gitmeýän bolsa, onuň ulanylşy şu Ylalaşygyň şertlerine bagly bolar, hamala Siziň BlackBerry Solution-zyň bölegini emele gitrýän Programma üpjünçiligi ýa-da RIM Hyzmatlary (laýyk gelýän ýagdaýlarda) ýaly; şu şert bilen, ýagny şeýle Üçünji Tarap Programma üpjünçiligi ýa-da Üçünji Tarap Hyzmatlary Size RIM tarapyndan "BOLŞY ÝALY" we "ELÝETERLI BOLŞY ÝALY" usulda üpjün edilse, hiç hili aýdyň ýa-da göz öňüne tutulan şertler, tassyklamalar, kepilnamalar, wekilçilikler ýa-da garantiýalar bolmazdan, we Siz bilen RIM-iň arasyna degişlilikde şu Ylalaşykda Programma üpjünçiligi üçin däl-de, Üçünji Tarap Predmetleri we Üçünji Tarap Hyzmatlary üçin bellenen çäklendirmeler, borçnamalardan aýyrmalar, inkär etmeler we çykdajylaryň öwezini dolmak düzgünleri ulanylar. BlackBerry Elde Göterip bolýanda ugradylan islendik bir Üçünji Tarap Programma üpjünçiligi Size RIM tarapyndan oňaýly bolsun diýlip üpjün eidlýär, we eger Siz Üçünji Tarap Programma

üpjünçiligini başga şertlerde almak isleseňiz, onda Siz Üçünji Tarap Programma üpjünçiligini göni üpjün edijileriň özlerinden almaly bolarsyňyz.

6. RIM Hyzmatlary.

(a) RIM Hyzmatlarynyň Üýtgedilmegi ýa-da Bes edilmegi. Siz şuňa ylalaşýarsyňyz, ýagny RIM Siziň öňüňizde hiç hili borçnamasyz islendik RIM Hyzmatyny islendik wagtda wagtlaýyn ýa-da hemişelik, Size habar etmek bilen ýa-da habar etmän üýtgedip, saklap, bes edip, aýyryp, üstüne çäklendirmeler goýup ýa-da işe ukyply däl edip bilýändir; şu şert bilen, ýagny, eger RIM hemişelik RIM Hyzmatyny bes etse (bu ýagdaýda Siziň RIM Hyzmatyna girmek üçin ýörite niýetlenen BlackBerry Göterip bolýan Programma üpjünçiligini ulanmaga lisenziýaňyz awtomatiki usulda bes ediler), we eger Siz şol RIM Hyzmatyna belli bir wagt bölegi üçin elýeterli bolmagy üçin tölän bolsaňyz we şu Ylalaşygy bozmaýan bolsaňyz, Siziň RIM-e RIM Hyzmaty üçin tölän pulyňyzyň jeminiň ýa-da belli bir böleginiň öweziniň dolmaklygyna hukugyňyz bolar, RIM-iň şol wagtk RIM Hyzmaty üçin öwezini dolmak syýasatynda görkezilşi ýaly. Şeýle öwezini dolmaklyk, eger bar bolsa, RIM-iň RIM Hyzmatyny hemişelik bes eden ýagdaýynda Siziň aýratyn hukugyňyz we RIM-iň Siziň öňüňizde ýeke-täk borçnamasy bolar.

(b) Tehniki hyzmat ediş. Ýokarda agzalanlary çäklendirmezden, RIM RIM Hyzmatlarynyň programma üpjünçiliginiň ýalňyşlyklaryny bejermek, täzelenmelerini gurnamak we diagnostika işini etmek hem-de başga tehniki hyzmat ediş işlerini etmek üçin wagtal-wagtal RIM Hyzmatlaryna elýeterligi saklamaga, ýa-da RIM Hyzmatlaryny başgaça usul bilen işden çykarmaga hukugy özünde saklaýar we Siz hem şonuň bilen ylalaşýarsyňyz.

7. Siziň Goşundyňyz we Beýleki Kontent.

(a) Seslenmeler. Siz Siziň BlackBerry Solution-yňyz hakynda "Rim" kompaniýasyna seslenmeleri hödürläp bilersiňiz. Eger-de "RIM" kompaniýasy ýazmaça görnüşde başga ylalaşmadyk bolsa, Siz, şunuň bilen, Siziň BlackBerry Solution-yňyz babatda "RIM" kompaniýasyna beren ähli seslenmeleriňize, düşündirişleriňize, teklipleriňize, taglymlaryňyza, düşünjeleriňize we üýtgetmeleriňize we ähli degişli intellektual emläge bolan hukuklara (mundan beýläk bilelkide "Seslenmeler" diýlip atlandyryljak) "RIM" kompaniýasy eýeçilik edýänligi bilen razylaşýarsyňyz we siz, şunuň bilen olara bolan ähli hukularyňyzy, eýeçiligiňizi we bähbidiňizi "RIM" kompaniýasyna geçirýärsiňiz. Siz RIM kompaniýasyna üçünji tarapyň intellektual hukuklaryna degişli bolan islendik Seslenmeleri bilgeşleýin bermersiňiz. Siz RIM kompaniýasyna Seslenmeler degişlidigini tassyklamak üçin, RIM tarapyndan oýlanşykly talap edilip bilinşi ýaly, indiki resminamalara gol çekmek we beýleki hereketleri amala aşyrmak babatda "RIM" kompaniýasy bilen ýakyn işleşmäge we islendik intellektual eýeçilige we/ýa-da gizlin maglumata bolan görkezilen hukuklar bilen baglylykda RIM kompaniýasyna hasaba almagy we/ýa-da goramagy rugsat bermäge razylaşýarsyňyz.

(b) Ahyrky ulanyjynyň kontenti, Üçünji taraplaryň predmeti. "RIM" kompaniýasy däl-de, Siz öz Kontentiňiz üçin doly jogapkärçiligi çekýärsiňiz. "RIM" kompaniýasy BlackBerry Solution-y ulanmak bilen bagly we BlackBerry Solution bilelikde ulanylýan Üçünji taraplaryň islendik hyzmatlary almak bilen bagly ahyrky ulanyjy hökmünde Size elýeterli bolan Kontenti ýa-da beýleki Üçünji tarapyň predmetlerini dolandyrmaýar we gözegçilik etmeýär we 22-nji Bölümde görkezilen jogapkärçilikden umumy boýun gaçyrma goşmaça, "RIM" kompaniýasy Üçünji taraplaryň islendik predmetleriniň takyklygyny, bitewliligini we hilini kepillendirmeýär we olar üçin jogapkärçilik çekmeýär. "RIM" kompaniýasy RIM hyzmatlaryny ulanmaklygyna

degişli bolan umumy kadalary we çäklendirmeleri, şol sanda Kontentiň göwrümini, RIM hyzmatlarynyň saklanmalarda Kontenti ýa-da forumyň habarnamasynyň/ýazgysynyň hasaba alynmasynyň saklanyljak iň köp wagt aralygy (şol sanda tegleri saklamakda islendik hyzmatlar we serwisler), we/ýa-da islendik Kontente ygtyýarlygy almagy we ulanmagy dowam edip boljak wagt aralygy gurap biler. Siz "RIM" kompaniýasy ýa-da "RIM" kompaniýasynyň şahamçasy tarapyndan elýeterli edilen, we RIM hyzmatlary bilen baglylykda we ygtyýarnamalryň we şertleriň hereketiniň görkezilen möhletlerine laýyklykda RIM hyzmatlaryna degişli diňe Siziň hususy ulanmagyňyz üçin Kontenti ulanyp bilersiňiz. Siz "BBM-saz" serwisi hökmünde hödürlenen Kontenti rington hökmünde gurnamak üçin ulanyp bilmersiňiz. Ýokarda agzalan çäklendirmeler belli RIM hyzmaty boýunça Resminamada has jikme-jik görkeziler, we olar bilen wagtal-wagtal özbaşdak tanyşyp durmalydyr we şeýle-de "RIM" kompaniýasy meýilleşdirilen üýtgetmeleri girizip bilýänligi sebäpli gündelik maglumat synlaryny öwrenip durmalydyr. Siz, "RIM" kompaniýasy ýitgi, aýyrma, rugsat edilmedik girme ýa-da islendik Kontenti saklap bolmazlyk üçin jogapkärçilik çekmeýändigini we şolar babatda hiç hili borçnamalarynyň ýokdugy bilen razylaşýarsyňyz we eger-de siziň ýokarda agzalanlara gerekli hukularyňyz ýa-da ygtyýarnamalaryňyz bolsa, onda Özüňiz üçin wajyp bolan islendik Kontentiň alternatiw rezerw göçürme nusgasynyň Sizde bolmaklygy zerurdyr.

(c) Siziň Kontentiňiz. Şu Şertnamada ýa-da oňa bolan goşmaçada takyk kesgitlenmedik ýagdaýlardan başga, şu Şertnama Siziň kontentiňiziň islendik eýeçilik hukuklaryny "RIM" kompaniýasyna geçirmeýär. Köpçülik üçin elýeterli websaýtlara we beýleki köpçülige elýeterli hyzmatlaryna we RIM serwislerine girmek üçin Siz ýa-da Siziň hasaba alnan ulanyjylaryňyz tarapyndan elýeterli edilýän islendik Kontent babatda, ilsnedik RIM hyzmaty we serwisi dolandyrmak, bermek we gözegçilik etmek bilen baglylykda amatly bolup biljek, Siz "RIM" kompaniýasyna ýokarda agzalan Kontenti ulanmak, paýlaşdyrmak, gaýtadan döretmek, üýtgetmek, adaptirlemek, köpçülikleýin ýerine ýetirmek we köpçülikleýin görkezmek üçin halkara, möhletsiz, yzyna çagyryp bolmaýan, mugt we eksklýuziw däl ygtyýarnamany berýärsiňiz we beýleki RIM hyzmatlary üçin Siz ýa-da Siziň hasaba alnan ulanyjylaryňyz tarapyndan elýeterli edilýän islendik Kontent babatda, Size RIM hyzmatlary berilýänligi bilen baglylykda amatly bolup biljek, Siz "RIM" kompaniýasyna ýokarda agzalan Kontenti ulanmak, paýlaşdyrmak, gaýtadan döretmek, üýtgetmek, adaptirlemek, köpçülikleýin ýerine ýetirmek we köpçülikleýin görkezmek üçin halkara, möhletsiz, yzyna çagyryp bolmaýan, mugt we eksklýuziw däl ygtyýarnamany berýärsiňiz, we Siz iki görkezilen ýagdaýda ylalaşyk baglaşmak arkaly şeýle ygtyýarnamany "RIm" kompaniýasyna bermäge hukugyňyz bardygy barada kepil geçýänsiňiz.

(d) Jedelli kontent we Üçünji tarapyň harytlary. Siz, BlackBerry Solution-yň ýa-da Üçünji tarapyň Hyzmatlaryny ulanmak bilen göwne degip bilýän, gelşiksiz ýa-da başgaça jedelli bolan ýa-da Siz ýa-da Siziň Ygtyýarly Ulanyjylaryňyzyň tarapyndan göwne degip biljek, gelşiksiz ýa-da başgaça jedelli hökmünde seredilýän Kontente we Üçünji tarapyň Harytlaryna Siziň ýa-da Siziň Ygtyýarly Ulanyjylaryňyz tarapyndan sezewar bolup biljekdigiňizi düşünýärsiňiz. "RIM" kompaniýasy we onuň wezipeli taraplary diňe öz garaýyşlaryna görä, islendik "RIM" Hyzmatlaryndan islendik Üçünji tarapyň Harytlaryny saýlamaga, ret etmäge we aýyrmaga hukugy (emma borçnamasy däl) bolmalydyr .

(e) Ene-ata çäklendirmeleri we Ulylaryň gözegçiligi. Siziň BlackBerry Solution-iňiz we Üçünji tarapyň Hyzmatlarynyň bölekleri Size belli Kontenti, "RIM" Hyzmatlaryny, Üçünji taraplaryň Hyzmatlaryny we Üçünji taraplary blokirlemäge ýa-da filtrlemäge rugsat berýän sazlama parametrlerini öz içine alyp bilýär. Bu Siziň dogry hasaplaýan şeýle sazlama parametrleri saýlamak we aktiwleşdirmek doly diňe Siziň jogapkärçiligiňiz bolup durýar. "RIM" kompaniýasy şeýle sazlama parametrleri ýalňyşlyklardan azatdygyna we ähli degişli

Kontentleri, “RIM” Hyzmatlary, Üçünji taraplaryň Hyzmatlaryny we Üçünji taraplary blokirlejekdigine we Siziň BlackBerry Solution-iňize rugsady bolan beýleki taraplar tarapyndan aldanmajakdygyna we herekete ukypsyz bolmajakdygyna kepil geçmeýär. Eger-de Siz öz çagaňyza öz Göterip bolýan Önümiňizde Programma Üpjünçiligini, “RIM” Hyzmatlaryny, Üçünji taraplaryň Hyzmatlaryny ýa-da Üçünji taraplaryň Predmetlerini diňlemäge, seredip görmäge ýa-da girmäge rugsat berýän bolsaňyz, onda şeýle Programma Üpjünçiligi, “RIM” Hyzmatlary, Üçünji taraplaryň Hyzmatlary ýa-da Üçünji taraplaryň Predmetleri Siziň çagaňyz üçin laýyk gelýändigini ýa-da gelmeýändigini kesgitlemek Siziň jogapkärçiligiňiz bolup durýar we Siz öz çagaňyzyň Programma Üpjünçiligini, “RIM” Hyzmatlaryny, Üçünji taraplaryň Hyzmatlaryny ýa-da Üçünji taraplaryň Predmetlerini ulanýandygy we girýändigi, şeýle hem şeýle ulanma we girme babatda ýüze çykan ähli maliýe çykdajylary ýa-da beýleki borçnamalary üçin Siz doly jogapkärçilik çekýärsiňiz.

(f) Programma üpjünçiligini we Üçünji tarap Predmetlerini aýyrmak. Siz “RIM” kompaniýasynyň programma üpjünçiligini ýa-da RIME dükanyny ýa-da “My world” öz içine alyp islendik RIM hyzmat ýa-da serwis üçin Üçünji taraplaryň predmetlerini aýyrmak hukugynyň bardygy bilen ylalaşýarsyňyz we eger-de kanunçylyga laýyklykda talap edilse, ýa-da eger-de programma üpjünçiligi ýa-da Üçünji tarapyň predmetleri programmanyň işine goşulyp, islendik programma üpjünçiliginiň, apparat seişdeleriniň, sistemanyň, ulgamyň, ýa-da maglumatlaryň, şol sanda Size we/ýa-da beýleki ulanyjylara degişli bolan BlackBerry Solution-iň programma üpjünçiliginiň islendik böleginiň öndürijiligini erbetleşdirse ýa-da negatiw täsirini ýetirse, RIM kompaniýasy şeýle programma üpjünçiligini we Üçünji tarapyň predmetlerini Siziň Göterip bolýan enjamyňyzdan aýyryp biler, we RIM hyzmatlaryna we serwise we ulanylýan hyzmata ýa-da Üçünji tarapyň hyzmatlaryna bolan elýeterligi näbelli möhlete togtatmaga ýa-da öňünden duýdurman islendik wagty Siziň üçin olara bolan elýeterligi kesmäge hukugy bar we 6-njy (a) Bölüme laýyklykda Siziň, şeýle ýagdaýy dörän wagtynda, RIM kompaniýasyna garşy talap arzasyny bermäge ýa-da regress hukugyňyz ýokdur.

(g) Goşmaça Ýatyrylan Hukular. Kanun tarapyndan gadagan edilen ýagdaýlardan başga, “RIM” kompaniýasy öz şahsy garaýşyna laýyklykda we islendik wagty, islendik sebäplere görä we Size habar etmän, Siziň Göterip bolýan BlackBerry Önümiňizden islendik Programma üpjünçiligini we Üçünji tarap perdemetini aýyrmaga we Siziň girmek rugsadyňyzy üýtgetmäge, togtatmga, aýyrmaga, blokirlemäge, çäklendirmäge, päsgel bermäge ýa-da ýatyrmaga we şol sanda Göterip bolýan Önümde gurnalan şeýle materiallaryň işini blokirlemäge we aýýyrmaga hukugyny saklaýar we Siziň “RIM” kompaniýasynyň şeýle hereketlerine garşy çykmak hukugyňyz bolmar.

8. <u>Tehnologiýalary Ulanmak babatda Howpsuzlyk Maglumaty</u>.

(a) Fiziki alamatlar. Seýrek ýagdaýlarda, adamlar ýagtylygyň ýalpyldasy netijesinde garaguş tutgaýy tutup ýa-da huşyny ýitirip bilýärler we şeýle mysallar köplenç wideo oýunlar ýaly tehnologiýalarda duş gelýär. Eger-de Siz şeýle ýagdaýa düşüp gören bolsaňyz ýa-da geçmişde tehnologiýalary ulanylanan wagtygyňyzda islendik ýürek bulanma, erksiz hereket, sançmalar, doňup galma ýaly görünýän meseleler ýüze çykan ýagdaýynda, Siz şeýle tehnologiýalary ulanmazdan öň öz lukmanyňyz bilen maslahatlaşmalysyňyz we şeýle alamatlar gaýtadan ýüze çykan ýagdaýynda şeýle tehnologiýalary ulanmaklygy haýal etmän bes etmelisiňiz. Islendik ýagdaýda Siz mümkin näsaglygy ýa-da ýadawlygy, şol sanda myşsa, bogun aýa-da göze zor salmaklygy azaltmak üçin tehnologiýalary dowamly ulanmakdan saklanmalysyňyz we şeýle mümkin meselelerden saklanmak üçin Öz çagalaryňyzyň tehnologiýalry ulanmaklygyny dykgat bilen gözegçilik etmelisiňiz.

(b) Awariýa hyzmatlary we serwisleri. Göterip bolýan BlackBerry Programma üpjünçiligiň wideo çagyryşyň häsiýetleri jemgyýet geçirip bolýan telefon ulgamy (PSTN) bilen bagly däl, beýleki enjamlar bilen gatnaşyk saklamak üçin telefon belgileri ulanmaýar, we Siziň adaty el ýa-da şäher telefonyňyza derek ulanylmaga niýetlenen däldir. Mundan başga-da, Siz şunuň bilen, BlackBerry Mobil Ses Programma üpjünçiligi ("MVS") we wideo-çatlary geçirmek boýunça programma üpjünçiligiň ukyplylygy Siziň adaty şäher telefon liniýasyna ýa-da simsiz ykjam telefonynyň ýerine çalşyrma bolmak üçin niýetlenen we işlenilip düzülen däldigini we olary "911", "112", "999", "000" belgilere ýa-da ýerli telekommunikasiýa kanunlaryna laýyklykda ("Awariýa hyzmatlary we serwisleri") ýeke-täk nobatçylyk-dispetçer gullyklary ýa-da şolara meňzeş awariýa gullaklary bilen ulanyjyny baglamak üçin beýleki bellenilen belgilere jaň etmek üçin ulanyp bolmaýanlygyny tassyklaýarsyňyz we ylalaşýarsyňyz. Awariýa hyzmatlaryna we serwislere jaňlar MVS programma üpjünçiligi ýa-da wideo-çatyň üsti bilen işläp taýýarlanylmaýar, we simsiz öýjükli örtme Efir wagtynyň hyzmatlarynyň Üpjün edijiden elýeterli bolan, diňe Göterip bolýan BlackBerry enjamy arkaly işläp taýýarlanar. Siz şunuň bilen, Awariýa gulluklaryna elýeterligini almak üçin MVS goşmaçanyň programma üpjünçiliginden ýa-da wideo-çatdan aýratyn goşmaça enjamlar gurnalmalydygyny we "RIM" kompaniýalarynyň toaprynyň we olaryň degişli gullukçylarynyň, direktorlarynyň we işgärleriniň MVS programma üpjünçiligiň ýa-da wideo-çatyň üsti bilen Awariýa gulluklaryna elýeterligi alyp bilmezlik bilen baglylykda ýa-da olar babatda dörän umuman islendik beden zeperleri, ölüm ýa-da ýitgiler üçin hiç hili jogapkärçiliginiň ýa-da borçnamalarynyň ýokdygyny tassyklaýarsyňyz we ylalaşýarsyňyz.

9. RIME Dükan(lar). Aşakdaky goşmaça şertler we möhletler Size we RIME Dükanyny(laryny) ulanýan Siziň hasaba alnan ulanyjylaryňyza degişlidir:

(a) Teklipler boýunça şertleriň we möhletleriň ulanmak mümkinçiligi. Şu 9-njy Bölümde takyk bellenilenlerden başga, programma üpjünçiligi, RIM Önümleri, Üçünji taraplaryň Predemetleri, RIM hyzmatlary we Üçünji taraplaryň hyzmatlary babatda şu ylalaşykdaky ähli şertler Teklipleriň degişli görnüşine degişlidir. RIME Siziň ýurisdiksiýaňyz babatda ähli "RIM" kompaniýalarynyň toparynyň elektron kommersiýasy boýunça ähli amallary geçirýänligi sebäpli, RIME Dükanynyň Tekliplerini paýlamak we In-App önümlerini satyn almak kontekstinde şu ylalaşykda "RIM" kompaniýasyna bolan ähli salgylanmalar RIME bolan salgylanmalar hökmünde hem garalmalydyr.

(b) Üýtgemeler. RIME öz hususy garaýşyna görä, ulanyjyny öňünden duýdurman goşmaçalara ýa-da RIME Dükanyna islendik täzelemeleri, üýtgetmeleri we düzedişleri girizmäge, şol sanda eleýeterli Teklipleriň, Teklipleriň beýanynyň we önümiň üpjün edilýän şertleriniň üýtgemeklik hukuguny saklaýar, ýöne şeýle üýtgetmeler diňe meýilleşdirilen esasda girizilýär.

(c) Teklipleriň ýerleşişi. Teklipleriň RIME dükanynda görkezilendigine garamazdan olar ähli ýurisdiksiýada RIME dükanynyň üsti bilen elýeterli bolup bilmeýärler. RIME öz hususy garaýşyna görä islendik ýurisdiksiýada ýa-da geografiki etrapda ýerleşýän fiziki tarapa ýa-da edara görnüşli tarapa islendik Teklipleri üpjün etmekligi ýok etmeklik ýa-da başgaça çäklendirmek, we şeýle ýok etmeleri ýa-da çäklendirmeleri ýerine ýetirilmegini üpjün etmek üçin Siziň ýurisdiksiýaňyzy ýa-da geografiki welaýatyňyzy anyklamak üçin Siziň göterijiňiz we/ýa-da enjamyňyz bilen bagly tehnologiýalary we maglamutalary ulanmak hukugyny saklaýar. Ýokardakylar bilen çäklenmän, Teklipler diňe olaryň ulanylmagy öndürijiniň ýa-da üpjün edijiniň (aşakda kesgitlenen) ulanylýän ýa-da öndüriji ýa-da üpjün ediji tarapyndan başgaça kesgitlenen şertleri bilen rugsat edilen şeýle ýurisdiksiýalarda ýüklenip, gurnalyp we/ýa-da ulanylyp bilner. Diňe RIME dükanyndaky Teklipleriň üsti bilen ýerlenip bilýän

ýurisdiksiýada elýeterli bolan In-App Önümleri Siziň üçin hem elýeterli bolup bilerler.

(d) Kiçi teklipler. Teklipler zerur maglumaty üpjün etmäge we şertnama girmäge kanuny ylalaşmak üçin gerekli ukyplylygy we başarnygy bolan aýratyn şahslara niýetlenendir. Siz RIME Dükanynyň kiçi tekliplериниň we In-App Önüminiň Siziň adyňyzdan ýa-da hasabyňyzdan ähli ulanyşlara gözegçilik etmäge we jogapkär bolmaga razylaşýarsyňyz.

(e) Hyzmatlary Üpjün edijiler. RIME kabul etmek üçin, dolandyrmak üçin, we RIME Dükany we BlackBerry Töleg Hyzmaty boýunça beýleki hyzmatlaryň hem-de serwisleriň ýerine ýetirilşini üpjün etmek üçin hyzmatlary üpjün edijileriň köp dürlisini ulanyp bilýär, şol sanda RIM Kompaniýalar Toparynyň beýleki agzalaryny ("Hyzmatlary Üpjün edijiler").

(f) Üçünji Tarap Resmi hasaba alnan satyjylar. RIME Size we Siziň Ygtyýarlandyrylan Ulanyjylaryňyza RIME Dükanlaryny elýeterli edýär, ýöne ähli RIME Dükanlary üçin ýa-da Kiosklary ýa-da In-App Önümleriniň satyn alynmasy üçin Resmi hasaba alnan satyjy bolup bilmeýär. Üçünji tarap Resmi hasaba alnan satyjylar RIME Dükanynda satyn almaklyk wagtynda ýa-da In-App Önümini satyn alnan wagtynda tanalarlar, olar Size Üçünji Tarap Hyzmatlaryny üpjün edýärler, we goşmaça şertleriň üstesine Sizden satyn almalar üçin PayPal, Inc. ýaly ýörite tölegleri işläp taýarlaýjynyň hasaby bolmagyny talap edip biler.

(g) Üpjün edijiniň şertleri. Siziň Size RIME Dükanynyň üsti bilen ýaýradylan islendik bir Teklibi ulanmak üçin hukugyňyz, şol sanda Siziň hyzmat bolup durýan islendik bir Teklibe elýeterlilik we ony ulanmak hukugyňyz Teklibe girizilen islendik ahyrky ulanyjy ylalaşyklaryň şertlerine tabyn bolup durýar ("Üpjün edijiniň şertleri"). Eger-de Teklip edýän Üpjün ediji Teklip bilen baglylykda Üpjün edijiniň Şertlerini üpjün etmekden boýun gaçyrsa, Siz Siziň şeýle Teklibi ulanmaklygyňyzyň şu Ylalaşygyň şertleri bilen meňzeş bolan ylalaşygyň şertlerine tabyn boljagyna razylaşýaňyz, Teklibiň Siziň BlackBerry Solution-yzy emele getirýän Programma üpjünçiligi ýa-da RIM Hyzmatlary ýaly, şu indiki üýtgetmeler bilen: i) Teklip edýän Üpjün ediji lisenziar ýa-da hyzmatlary üpjün ediji diýlip hasap ediler, degişli ýagdaýda, ii) Size RIME ýa-da onuň şahamçalary tarapyndan üpjün edilen Teklip "BOLŞY ÝALY" we "ELÝETERLI BOLŞY ÝALY", hiç hili aýdyň ýa-da göz öňüne tutulan şertler, tassyklaýyşlar, garantiýalar, wekilçikler ýa-da borçnamalar bolmazdan; we iii) Siz bilen RIME-niň arasynda şu Ylalaşykda üçünji tarap Teklibiň ulanylýan görnüşi üçin beýan edilen çäklendirmeler we borçnamalardan boşatmkalyk we öwezini dolmaklygyň düzgünnamalary ulanylar.

(h) BlackBerry Göterip bolýan enjamlarynda ulanyp bolýan Teklipler we täzeden satmaklyk üçin niýetlenen däldir. Anyk bir Teklip üçin şertlerde islendik bir şerti nazara almazdan, Siz Teklipleri satmaklyk üçin ýa-da täzeden satmaklyk üçin däl-de, diňe Siziň öz şahsy ulanmaklygyňyz üçin aljakdygyňyza ylalaşýaňyz hem-de görkezýäňiz, we Siz programma üpjünçiliginiň priloženiýalary bolup durýan Teklipleri diňe Göterip bolýan Önümde işleýän RIM-iň hususy programma üpjünçiligi platformasyna ýüklejekdigiňizi, oturtjakdygyňyzy we/ýa-da ulanjakdygyňyzy ylalaşýaňyz hem-de görkezýäňiz.

(i) Çäklendirilen goldaw. RIME Dükanyna, we Üçünji Tarap Predmetlerine we RIME Dükanynyň üsti bilen elýeterli edilen Üçünji Tarap Hyzmatlaryna degişlilikde RIME şular üçin jogapkär bolar: (a) diňe Programma üpjünçiliginiň we Üçünji Tarap Predmetleriniň ýüklemek meselelerine degişlilikde çäklendirilen goldaw hyzmatlary; we (b) RIME Dükanyna elýeterliligi, ulanmaklygy ýeňilleşdirýän BlackBerry Göterip bolýan Programma üpjünçiligine degişlilikde Siziň çaknyşyp biljek tehniki meseleleriňiz üçin goldaw hyzmatlary. Häzirki wagtda bar bolan goldaw hyzmatlary üçin ulanylýan RIME Dükany üçin goldaw web sahypasyna salgylanmagyňyzy haýyşt edýäris.

(j) Tölenen kämilleşdirmeler. Käbir ýagdaýlarda RIM RIM Hyzmatynyň ýa-da Size enjamda getirilşi ýaly ýa-da RIME Dükanynyň üsti bilen elýeterli edilen Programma üpjünçiliginiň predmetiniň esasy ýa-da wagt taýdan çäklendirilen wersiýasyny edip biler, ýöne Sizden RIM Hyzmatynyň kämilleşdirilen görnüşini (ýa-da RIM Hyzmatyna kämilleşdirilen ýazylşygy) ýa-da goşmaça funksionallygy almak üçin ýa-da RIM Hyzmatyny ýa-da Programma üpjünçiligini başlangyç synag döwründen soň ulanmaklyk üçin şeýle Programma üpjünçiliginiň satyn almaklygy talap edip biler.

(k) Resmi hasaba alnan satyjynyň we RIME-niň Üçünji Tarap Predmetleri ýa-da Üçünji Tarap Hyzmatlary üçin Jogapkärçilikleri. Üçünji Tarap Resmi hasaba alnan satyjylaryň ýa-da RIME-niň RIME Dükanynyň üsti bilen elýeterli edilen Üçünji Tarap Predmetlerine ýa-da Üçünji Tarap Hyzmatlaryna degişlilikde tehniki bilimleri ýokdur. Teklip edýän Üpjün edijiler özleriniň Teklipleri üçin garantiýalara we goldawa jogapkärdirler. Siz Teklip edýän Üpjün edijiniň özleriniň Tekliplerine bolan garantipasyndan (eger bar bolsa) peýda görersiňiz. Garantiýalar belli bir Teklip edýän Üpjün edijiler üçin Teklip edýän Üpjün edijileriň arasynda, we hatda ýurisdiksiýalaryň arasynda tapawutalanar. Teklip edýän Üpjün edijiniň takyk bir Teklip üçin haýsy goldawy hödürleýändigini we Siziň goldawa hem-de garantiýalara degişli hukuklaryňyzy bilmek üçin Siz Teklip bilen bile üpjün edilen degişli resminamalara ýa-da Üpjün edijiniň Şertlerine salgylanmalydyrsyňyz. Başgaça ylalaşylmadyk bolsa, ýa-da ulanylýan kanun tarapyndan başgaça talap edilmedik bolsa, Tekliplere degişlilikde islendik garantiýalar Size diňe Siziň şol Teklipleriň ulanyjysydygyňyz we alyp satyjysy däldigiňiz baradaky düşünmede degişli edilýär. Kanun tarapyndan ýa-da Resmi hasaba alnan satyjynyň takyk Üçünji Tarap Predmeti ýa-da Üçünji Tarap Hyzmaty üçin gaýtarmak syýasaty (eger bar bolsa) tarapyndan takyk talap edilen ýagdaýdan başga, öz hasabyna ýa-da Resmi hasaba alnan satyjy üçin Hyzmatlary Üpjün ediji hökmünde hereket edýän Resmi hasaba alnan satyjylaryň ýa-da RIME-iň RIME Dükanynyň üsti bilen elýeterli edilen Üçünji Tarap Predmetleri ýa-da Üçünji Tarap Hyzmatlary üçin islendik bir operasion ýa-da tehniki goldawy ýa-da bahasynyň öwezini dolmaklygy üpjün etmek üçin borçnamalary bolmaz.

(l) Öwezini dolmak ýa-da garantiýa hukuklary. Eger şu Ylalaşygyň düzgünnamalaryna garamazdan RIME Siziň ýurisdiksiýaňyzda ulanylaýan kanunlar tarapyndan Teklip üçin goşmaça öwezini dolmaklygy ýa-da garantiýa hukuklaryny hödürlemegi talap bildirilýän bolsa, RIME şeýle kanunlara laýyklykda talap edilşi ýaly şeýle ýitginiň öwezini dolmak serişdelerini üpjün eder, we rugsat edilen ýerinde, RIM bir ýa-da ondanam köp alternatiw RIM Önümlerini, Programma üpjünçiligini, RIM Hyzmatlaryny, Üçünji Tarap Predmetlerini ýa-da Üçünji Tarap Hyzmatlaryny üpjün etmekligi saýlap biler.

(m) In-App Önümleri we BlackBerry Töleg Hyzmatlary. BlackBerry Töleg Hyzmaty Teklip edýän Üpjün edijilere sanly önümleri we hyzmatlary Size Üçünji Tarap Programma üpjünçiliginiň ýa-da Programma üpjünçiliginiň içinden elýeterli etmek üçin mümkinçilik berýär. Üçünji tarapyň In-App Önümleriniň RIME-niň serwerlerinde saklanylmaýandygyny, RIME Dükanynyň üsti bilen ýaýradylmaýandygyny Siz boýun alýarsyňyz, we Siz şuňa ylalaşýarsyňyz, ýagny Siziň In-App Önümlerine zakazlaryňyzy ýerine ýetirmeklige we In-App Önümlerini Size eltmeklige jogapkär RIME-niňki däl-de, eýsem şol In-App Önümleriniň Teklip edýän Üpjün edijisidir.

10. <u>My World</u>. Haçan-da Siz RIM-iň hyzmatynyň ýa-da Üçünji tarapyň hyzmatynyň üstünden islendik Maksatnamalaýyn üpjünçiligi ýa-da Üçünji tarapyň zadyny ýükläniňizde ol Siziň jogapkärçiligiňiz bolýar we ne RIME, ne-de onuň bölümleri islendik şular ýaly materiallaryň ýitgisi, bozulmagy ýa-da zaýalanmagy üçin Size

borçly bolmaz. My World repozitoriýi Size My World üçin hereket edýän düzgünlerinde jikme-jik beýan edilişi ýaly Siziň Handheld Önümiňizde belli bir Maksatnamalaýyn üpjünçiligini we Üçünji tarapyň Predmetlerini gurnamazlyga we täzeden gurnamaga mümkinçilik berýär. Siz My World düzgünleriniň we aýratynlyklarynyň wagtal-wagtal üýtgäp biljekdigini ykrar edýärsiňiz we ylalaşýarsyňyz hem-de soňra hereket edýän düzgünleri berjaý etmeklige ylalaşýarsyňyz.

11. Intellektual eýeçilik. Ne Siz, ne-de Siziň ygtyýarly edilen peýdalanyjylaryňyz Siziň BlackBerry Solution-yňyza ýa-da onuň islendik bölegine degişlilikde, şol sanda şu Ylalaşyk esasynda RIM hyzmatynyň bölegi hökmünde RIM ýa-da onuň bölümleri we olaryň degişli getirijileri tarapyndan elýeter edilen Contenta degişlilikde islendik intellectual eýeçiligine degişlilikde islendik eýeçilik hukugyny, kanunylygy ýa-da gyzyklandyrmany ýa-da başga eýeçilik hukuklaryny, şol sanda patentleri, meýilnamalary, söwda kysymlaryny, awtorlyk hukugyny, maglumatlar binýady üçin hukuklary ýa-da islendik gizlin maglumatlary üçin hukuklary ýa-da söwda syrlary üçin hukuklary gazanmaýarlar. Şeýle hem Siz baglanyşykly Resminamalarda ýa-da Siziň RIM bilen bolup biljek ýazmaça ylalaşyk boýunça özara ylalaşylan resminamalarda, şu Ylalaşyk esasynda Sizi ygtyýarlandyrmak üçin hukuklardan başga, RIM hyzmatynyň üstünden Size elýeter edilýän islendik Contentda ýa-da Siziň BlackBerry Solution-yňyza ýa-da onuň islendik bölegine degişlilikde islendik ygtyýarnama hukuklaryny gazanmaýarsyňyz. RIM Önümine (-lerine) (eger bar bolsa) hiç hili kanun weýa-da islendik eýelik etme hukugy şu Ylalaşyk esasynda berilmeýär we ähli babatda islendik Beta Abzallaýyn üpjünçiligi üçin hukuk Size geçirilmeýär. Şu ýerde berilmedik islendik hukuklar belli bir derejede saklanylmaýar. Aýdyňlyk üçin, şu Ylalaşykda haýsydyr bir zada garamazdan, ýokarda agzalanlary çäklendirmezden, hiç hili ýagdaýda, Siziň awtonom gurnama esasynda ýa-da BlackBerry Solution-yňyz bilen baglylykda islendik Üçünji tarapyň hyzmatlaryndan ýa-da Üçünji tarapyň Predmetlerinden peýdalanmak üçin islendik berilen patent ygtyýarnamalary Maksatnamalaýyn üpjünçilik üçin berilmez, hiç hili ýagdaýda ygtyýarnamalar berilmez, eger şular ýaly Üçünji tarapyň hyzmatlarynyň ýa-da Üçünji tarapyň Predmetleriniň islendik getirijisi Maksatnamalaýyn üpjünçiliginiň ygtyýarnamalaşdyrylan hakykat ýagdaýynda RIM-iň patentleri esasynda ygtyýarnamalaşdyrylan awtonom gurnama esasynda ýa-da BlackBerry Solution-yň bütinleý ýa-da onuň islendik bölegi bilen baglylykda şular ýaly Üçünji tarapyň hyzmatlaryndan ýa-da Üçünji tarapyň Predmetlerinden peýdalanmaklygyň üstünlikli bolmasa. Maksatnamalaýyn üpjünçiligi we Siziň şol Maksatnamalaýyn üpjünçiliginden alan nusgalaryňyz ygtyýarnamalaşdyrylýar we Size satylmaýar, hem-de Maksatnamalaýyn üpjünçiligi, RIM hyzmatynyň bölegi hökmünde RIM ýa-da onuň bölümleri tarapyndan Siz üçin göz öňünde tutulan, Kanadanyň, ABŞ-nyň we halkara awtorlyk hukuklary hem patent kanunlary we halkara şertnamanyň şertleri esasynda goralan islendik RIM Hyzmatlaryna girmeklik Size rugsat edilen ähli resminamalar we islendik Content hem-de islendik saýt (-lar) satylmaýar. Intellectual eýeçiligiň bozulmagy üçin raýat we jenaýat jerimeleriniň käbirleri bar. Siz şu Ylalaşykda hiç bir zadyň islendik hukuklara täsir etmejekdigine we islendik gorag serişdelerine regress (yza gaýtma) etmejekdigine, şol sanda RIM-iň we RIM Hyzmaty üçin Contentyň islendik prowaýderleriniň RIM-iň ýa-da Contentyň prowaýderleriniň intellektual eýeçiligi ýa-da başga eýeçilik hukuklaryny goramaklyga degişlilikde islendik ulanylýan kanunlary esasynda RIM we Contentyň islendik prowaýderleriniň kazyýet gadagan etmesi görnüşinde hukuk gorag serişdesine ylalaşýarsyňyz.

12. Eksport, umport we peýdalanmaklygyň çäklendirmeleri hem ABŞ-nyň Hökümetiniň ygtyýarnamalary . Siz RIM Önümleriniň we Maksatnamalaýyn üpjünçiliginiň kriptografik tehnologiýany öz içine alyp biljekdigine we ulanylýan kanunlara hem degişli hökümet edaralarynyň düzgünlerine laýyklykda bolanlardan başga, eksport, import edilip bilmejekdigine, peýdalanylmajakdygyna, geçirilmejekdigine ýa-da täzeden eksport edilmejekdigine ylalaşýarsyňyz. Siz (A) Siziň bilşiňize görä Siziň ulanylýan kanunlar esasynda RIM-iň Önümini (-lerini) we Maksatnamalaýyn üpjünçiligini almaga haklydygyňyzy; (B) himiýa, biologiýa ýa-da ýadro ýaraglarynyň ýa-da olaryň reaktiw snarýad ulgamlarynyň ýa-da şular ýaly ýaraglarda ýa-da olaryň snarýad ulgamlarynda ulanylyp bilinjek materiallaryň ýa-da enjamlaryň işlenilip düzülmeginde, öndürilmeginde, daşalmagynda, goldanylmagynda, saklanylmagynda, goralmagynda, identifikasiýa edilmeginde ýa-da ýaýradylmagynda RIM-iň Önümlerinden we Maksatnamalaýyn üpjünçiliginden peýdalanmajakdygyňyzy ýa-da şular ýaly işlere çekilen haýsydyr birine ýa-da islendik edara täzeden

satmajakdygyňyzy ýa-da eksport etmejekdigiňizi; we (C) Siziň ygtyýarly edilen peýdalanyjylaryň ýokarda agzalan çäklendirmelerine laýyklykda RIM-iň Önümlerinden we Maksatnamalaýyn üpjünçiliginden peýdalanjakdygyny üpjün etjekdigiňizi görkezýärsiňiz. Üçünji tarap bilen baglaşylan islendik ylalaşyga ýa-da kanunyň islendik şertine, düzgünnama ýa-da syýasata garamazdan, eger Siz Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň hökümetiniň islendik edarasy bolsaňyz, onda Siziň maksatnamalaýyn üpjünçiligine degişlilikdäki hukuklaryňyz Siz bilen RIM-iň arasyndaky ýazmaça ylalaşykda RIM tarapyndan ylalaşylýança we RIM-iň Baş amallar gullukçysy ýa-da Baş ýerine ýetiriji gullukçysy tarapyndan gol çekilýänçä şu Ylalaşyk esasynda göz öňünde tutulan hukuklardan agdyklyk etmez.

13. Howpsuzlyk, hasaplar we parollar. Siz öz Handheld Önümiňize we onuň işleýän kompýuter ulgamyna girmeklik ygtyýaryna gözegçilik etmek üçin degişli howpsuzlyk çärelerini döretmek üçin doly jogapkärçiligi öz üstüňize almaklygy ylalaşýarsyňyz. Ýokarda agzalanlary çäklendirmezden, Siz durnukly parollary saýlap almaklygy we Siziň BlackBerry Solution-yňyza ýa-da onuň islendik bölegine girmek üçin ähli parollaryň, şol sanda Siziň BlackBerry Solution-yňyz bilen baglylykda ulanylýan parollaryň howpsuzlygyny we gizlinligini saklamaklygy ylalaşýarsyňyz. Siziň öz parollaryňyzdan peýdalanmak arkaly ýa-da öz hasaplaryňyzyň üstünden, şol sanda şular ýaly işlere degişlilikde çekilen ähli maliýe çykdajylary ýa-da beýleki borçlar boýunça bolup geçýän ähli işler üçin jogapkärçilik çekýändigiňizi ylalaşýarsyňyz. Siz RIM-iň Müşderiler goldawy bilen habarlaşmak arkaly (habarlaşmak üçin maglumat www.blackberry.com/support -da ýerleşen) RIM-e Siziň BlackBerry Solution-yňyzyzyň ýa-da onuň islendik böleginiň, şol sanda Siziň BlackBerry Solution-yňyzyň islendik bölegi üçin islendik parollaryň islendik rugsatsyz peýdalanylmagy barada haýal etmän habar berjekdigiňize ylalaşýarsyňyz. RIM şular ýaly mälim etmäniň almagyndan soň degişli diýip, hasap edilýän şular ýaly çäreleri görüp biler, ýöne onuň islendik çäräni görmek üçin hiç hili borçnamasy ýok. Siz ýokarda görkezilişi ýaly, RIM-iň Siziň parollaryňyzdan peýdalanmak arkaly ýa-da Siziň hasaplaryňyzyň üstünden bolup geçýän ähli işler üçin jogapkärçilikden boşadylmagyňyz barada habar bermelidigiňize ylalaşýarsyňyz.

14. Ýitirilen/ogurlanan gurluşlaryň çalşyrylmagy; Ätiýaçlykdaky dublirleme/gysylyp çykarylýan magllumatlar

(a) Ýitirilen/ogurlanan gurluşlar. Eger Siz öz Handheld önümiňiz ogurlanandygy barada pikir etseňiz, Siz ýerli kanunlaryň ulanylmagy boýunça habarlaşmaly. Eger Siziň Handheld önümiňiz ýitirilse, ýa-da Siz onuň ogurlanandygy barada pikir etseňiz we Siz gurluşyň ýerleşişini, gysyp çykarma aýratynlyklarynyň maglumatynyň blokirlenilmegini ýa-da aýrylmagyny göz öňünde tutýan RIM Hyzmaty, ýagny, BlackBerry Hyzmaty bilen öz Handheld önümiňizi bellige alsaňyz, Siz öz Handheld önümi ýerleşdirmäge ýa-da onuň gysyp çykarmasyny ýa-da blokirlemesini aýyrmaga synanyşmak üçin şular ýaly RIM Hyzmatyndan peýdalanmaly. Ýokarda agzalanlara garamazdan, we Bölüm 22-däki umumy boýun gaçyrmalardan çäklenmezden, RIM we onuň bölümleri bolan kompaniýalar (i) ýerleşiş barada maglumatlaryň ýa-da şular ýaly ýerleşiş hyzmatlarynyň üstünden islendik başga maglumatlaryň elýeterligini, dogrulygyny, dolulygyny, ygtybarlygyny ýa-da öz wagtyndalygyny ýa-da (ii) şular ýaly hyzmatlaryň uzak aralykdaky gysyp çykarmasynyň, uzak aralykdaky blokirlemesiniň ýa-da başga funksionallygynyň Siziň efir wagtyndaky (geçiriş wagtyndaky) hyzmatlar prowaýderiňiziň efir wagtyndaky (geçiriş wagtyndaky) hyzmatlary öz içine almaklygy bilen üstünlikli ýerine ýetiriljekdigini üpjün edip bilmez, Siziň Handheld önümiňizi şerti we ulgamyň serişdeleri soralan wagtynda näbelli bolup biler.

(b) Ätiýaçlykdaky dublirleme/gysylyp çykarylýan maglumatlar. RIM Sizi ähli elektron poçtalarynyň, Contentyň we Siziň öz Handheld önümiňizde başga maglumatlary alan Üçünji tarapyň maksatnamalaýyn üpjünçiliginiň ätiýaçlykdaky dublirlemesini hemişe etmek bilen RIM tarapyndan ýa-da onuň adyndan saklanylmaýan ýa-da başgaça ätiýaçlykda dublirlenilmeýän şular ýaly maglumatlaryň instansiýalarynyň köpüsinde şeýle etmek üçin zerur hukuklary ýa-da ygtyýarnamalary almagyňyzy göz öňünde tutmaklygy maslahat berýär.

Eger Siz islendik sebäp bilen, şol sanda öz Handheld önümiňizden ähli maglumatlary çykaryp alýançaňyz we ähli giňeldilýän ýady aýyrýançaňyz, Siziň Handheld önümiňiziň hyzmat edilmegi bilen baglylykda öz Handheld önümiňizi geçirseňiz (BBSLA tarapyndan rugsat edilişi ýaly), şu maglumatlar şol Handheld önümini alýan adama elýeter bolar. Eger Siziň Handheld önümiňiz gysylyp çykarylandan we geçirilenden soň, ýagny, Siziň Handheld önümiňiziň hyzmat edilmeginden soň Size yzyna gaýtarylsa, Siz Handheld önümi bilen ýüklenilmedik islendik maksatnamalaýyn üpjünçiligini täzeden gurnarsyňyz.

(c) Söküp aýyrlan (öçürilip aýyrlan) gurluş. Käbir RIM hyzmatlary, ýagny, BlackBerry gorag we BlackBerry Internet hyzmaty şular ýaly RIM hyzmatyndan Siziň Handheld önümiňizi söküp aýyrmaga (öçürip aýyrmaga) rugsat berýär. Eger Siziň Handheld önümiňiz ýitirilse, ogurlanylsa, Siz islendik sebäp bilen öz Handheld önümiňizi geçirýärsiňiz ýa-da eger Siz öz Handheld önümiňiziň şular ýaly RIM hyzmaty (-lary) bilen baglanyşykly bolmagyna isleg bildirmeseňiz, Siz şular ýaly RIM hyzmatyndan (-laryndan) öz Handheld önümiňiziň söküp aýrylmagy (öçürip aýrylmagy) üçin jogapkärçilik çekýärsiňiz.

15. Gizlinlik we rewersiw däl inžiniring (taslama etmeklik). Siz öz BlackBerry Solution-yňyzyň (a) RIM we/ýa-da RIM-iň kompaniýalar topary tarapyndan möhüm wagtda we harajatlar bilen işlenilip düzülendigini; we (b) RIM önümleriniň, RIM hyzmatlarynyň, Maksatnamalaýyn üpjünçiliginiň we baglanyşykly CAL-yň, şol sanda Beta Önümleriniň gizlin maglumatlary, şol sanda RIM-iň, RIM-iň kompaniýalar toparynyň we olaryň degişli getirijileriniň täjirçilik syrlaryny öz içine alandygyny ykrar edýärsiňiz we oňa ylalaşýarsyňyz. Ýokarda agzalanlary çäklendirmezden, Beta önümleri üçin gizlin maglumatlar maksatnamalaýyn üpjünçiliginiň we abzallaýyn üpjünçiliginiň bolmagyny, "görülmegini we duýulmagyny", ýerine ýetirilmegini, ýöriteleşdirmelerini, aýratynlyklaryny we funksionallygyny öz içine alýar, olaryň maglumaty ara alnyp maslahatlaşylyp bilinmez ýa-da RIM tarapyndan jemgyýetçilige goýberilýän islendik usulynda Siz ýa-da Siziň ygtyýarly edilen peýdalanyjylaryňyz tarapyndan jemgyýetçilige görkezilip bilinmez. Şu Ylalaşyk şu işleri gadagan etmekden kanun esasynda öňi alnan RIM-iň çäklerinden başga, RIM-den, onuň bölümlerinden ýa-da onuň paýlaýjylaryndan Maksatnamalaýyn üpjünçilik, RIM hyzmatlary, Üçünji tarapyň Predmetleri ýa-da Üçünji tarapyň hyzmatlary üçin islendik çeşme koduny almak üçin hiç hili hukugy Size bermeýär. Siz ne Siziň, ne-de Siziň ygtyýarly edilen peýdalanyjylaryňyzyň düzüji işlerini üýtgetmejekdigine, uýgunlaşdyrmajakdygyna, döretmejekdigine, terjime etmejekdigine, ýoýmajakdygyna ýa-da maksatnamalaýyn üpjünçiliginiň we/ýa-da baglanyşykly CAL-yň, RIM hyzmatlarynyň ýa-da Üçünji tarapyň Predmetleriniň ýa-da Üçünji tarapyň hyzmatlarynyň rewersiw inžiniringini etmejekdigine ýa-da şeýle etmäge synanyşmajakdygyna ýa-da islendik başga tarapa şeýle etmäge rugsat bermejekdigine, ýol bermejekdigine, ygtyýar etmejekdigine ýa-da höwes döretmejekdigine ylalaşýarsyňyz. Şu Ylalaşygyň maksatlary üçin "Rewersiw inžiniring" rewersiw inžiniringiň islendik hereketini, maglumatlary(şol sanda rewersiw inžiniringiň "RAM/ROM dempinginiň ýa-da hemişelik saklanylyşyň", "kabeliň ýa-da radioaragatnaşyk liniýanyň çekilmeginiň" ýa-da "gara ýaşşigiň" islendik jähti), maksatnamalaýyn üpjünçiligi (şol sanda interfeýsleri, protokollary we maksatnamalaýyn üpjünçiliginiň kody diýip, tehniki taýdan hasap edilip bilinýän ýa-da bilinmeýän maksatnamalar bilen utgaşykda goşulan ýa-da peýdalanylýan islendik başga maglumatlary) terjime etmekligi, sökmekligi, dekompilýasiýasyny, aýdyňlaşdyrmasyny ýa-da sökülmegini, hyzmatlary ýa-da abzallaýyn üpjünçiligi ýa-da islendik maglumatlary ýa-da maksatnamalaýyn üpjünçiligi almaklygyň ýa-da olary bir görnüşden adamyň okap biljek görnüşine geçirmekligiň islendik usulyny ýa-da prosesini öz içine alýar.

16. <u>Möhlet</u>. Şu Ylalaşyk Sizi onuň möhletleri we şertleri esasynda borçlandyrmaga ylalaşmagyňyzdan güýje girer (ýokarda görkezilen sözbaşda beýan edilişi ýaly) we ol şu ýerde görkezilen şertlere laýyklykda bes edilmegine çenli güýjünde bolar.

17. <u>Gorag serişdeleri we bes etmeklik</u>.

Şu Ylalaşykda görkezilen RIM-iň islendik beýleki hukuklaryna ýa-da gorag serişdelerine goşmaça hökmünde:

(a) Eger Siz ýa-da Siziň ygtyýarly edilen peýdalanyjylaryňyz şu Ylalaşygy bozsa, RIM ýa-da onuň agenti degişli diýip, hasap edýän belli bir çärelerini görüp biler, ýöne olara borçly däl. Şular ýaly çäreler Siziň BlackBerry Solution-yňyz bilen baglylykda Contenty wagtlaýyn ýa-da hemişelik aýyrmaklygy, Internet geçirmelerini blokirlemäni ýa-da bölekleýin blokirlemäni we/ýa-da Siziň BlackBerry Solution-yňyzyň ýa-da islendik Üçünji tarapyň zadynyň bütinleý ýa-da onuň islendik bölegini haýal etmän bes edilmegini ýa-da togtadylmagyny öz içine alyp biler.

(b) RIM şu Ylalaşyk ýa-da kanun esasynda göz öňünde tutulan ähli beýleki hukuklara we gorag serişdelerine goşmaça; (i) şu Ylalaşygy we Siz ýa-da Siziň ygtyýarly edilen peýdalanyjylaryňyz tarapyndan peýdalanylýan Siziň BlackBerry Solution-yňyzyň islendik beýleki bölegi üçin RIM bilen Siziň araňyzdaky islendik başga ygtyýarnama ylalaşygyny haýal etmän bes edip biler, eger Siz şu Ylalaşygy bozsaňyz ýa-da degişli we tölenilmeli günden otuz (30) günüň dowamynda islendik tölegleri tölemekden boýun gaçyryp, RIM ýa-da RIM-iň bölümi bilen güýje giren islendik Goşundyny ýa-da beýleki ylalaşygy bozsaňyz; we/ýa-da (ii) Siziň BlackBerry Solution-yňyza degişlilikde Sizi ýa-da Siziň Siziň ygtyýarly edilen peýdalanyjylaryňyzy islendik RIM Hyzmaty (-lary) bilen üpjün etmekligi bes edip bilersiňiz. Siziň RIM-i aragatnaşyklar barada anyk maglumat bilen göz öňünde tutmagyňyzda RIM bes etmeklik barada mälim etme bilen Sizi üpjün etmek üçin täjirçilik taýdan esasly tagallalardan peýdalanar.

(c) Eger islendik BlackBerry Handheld Maksatnamalaýyn üpjünçiligi Size Üçünji tarapyň hyzmatyna (-laryna) girmek ygtyýaryna mümkinçilik berse we şular ýaly Üçünji tarapyň hyzmaty (-lary) islendik sebäp bilen Size uzak wagtyň dowamynda elýeter bolup bilmese, RIM Size mälim etme bermezden, islendik wagtda şol BlackBerry Handheld Maksatnamalaýyn üpjünçiliginden peýdalanmak üçin Siziň ygtyýarnamaňyzy bes edip biler, ýöne oňa borçnamasy bolmaz; muňa garamazdan, eger mümkin bolsa, RIM Sizi bes etmeklik barada mälim etme bilen üpjün etmek üçin täjirçilik taýdan esasly tagallalardan peýdalanar. Eger Siz şular ýaly BlackBerry Handheld Maksatnamalaýyn üpjünçiligi üçin töleseňiz we şu Ylalaşygy bozmasaňyz, BlackBerry Handheld Maksatnamalaýyn üpjünçiligi üçin RIM-iň hereket edýän öwez dolma syýasatynda görkezilişi ýaly Siz şular ýaly BlackBerry Handheld Maksatnamalaýyn üpjünçiligi üçin RIM-e tölän möçberiňiziň tutuş hemmesiniň ýa-da onuň böleginiň öwezini dolmaklyga hakly bolup bilersiňiz. Şular ýaly öwez dolunma, eger bar bolsa, şular ýaly ygtyýarnamanyň bes edilen halatynda Siziň aýratyn hukugyňyz we RIM-iň jogapkärçiligi bolar.

(d) Goşmaça hökmünde RIM şu Ylalaşygy bes edip we/ýa-da Size ýa-da Siziň ygtyýarly edilen peýdalanyjylaryňyza islendik borçnama bolmazdan, RIM Hyzmatyny (-laryny) üpjün etmekligi haýal etmän togtadyp biler, eger RIM kanuny ýa-da başga hökümet edarasy tarapyndan haýsydyr bir görnüşinde berlen düzgünler, islendik kanun, düzgünnama, talap boýunça RIM-iň islendik Hyzmatyny ýa-da onuň islendik bölegini üpjün etmekden duýdurylan ýa-da eger hökümet gullugyndan ýa-da müdirliginden mälim etme RIM-e RIM-iň ähli Hyzmatlaryny ýa-da olaryň islendik bölegini üpjün etmäge rugsat berilmändigini görkezse. Şu ýerde hiç bir zat RIM-den islendik şular ýaly kanundan, düzgünden, düzgünnamadan ýa-da çäklendirmden boýun gaçyrmany gazanmagy ýa-da islendik kazyýet buýrugynyň kanuny gözegçiligini ýa-da şikaýat edilmegini gazanmagy talap etmek üçin düzülmez. Eger mümkin bolsa, RIM-iň tölenen Hyzmatlary bolan halatynda RIM otuz (30) günüň içinde şular ýaly bes etme ýa-da togtama barada deslapky mälim etme bilen Sizi üpjün etmek üçin esasly tagallalary eder.

(e) Şu ýerde göz öňünde tutulandan başga, RIM şu Ylalaşygyň bes edilmeginden gelip çykýan ýa-da oňa baglylykda bolan Size ýa-da Siziň ygtyýarly edilen peýdalanyjylaryňyza islendik borçnamasy ýa-da şu Ylalaşyga laýyklykda berilen islendik hukuklary ýa-da ygtyýarnamalary bolmaz.

(f) RIM tarapyndan şu Ylalaşyk esasynda islendik bes etmeklik RIM tarapyndan Siziň ýurisdiksiýaňyzdaky islendik kanuny ýa-da administratiw razylygyny, makullamasyny ýa-da rezolýusiýany almazlyk bilen güýje girer.

18. Bes etmäniň netijesi . Şu Ylalaşygyň ýa-da islendik RIM hyzmatynyň şertiniň tamamlanmagyndan soň, bolandygyna garamazdan ýa-da eger Siziň ýazylyşygyňyz ýa-da Maksatnamalaýyn üpjünçilik ýa-da islendik RIM hyzmaty üçin erkin probaňyz tamamlansa ýa-da Beta Önümleri üçin Synag Döwri tamamlansa ýa-da bes edilse: (a) Siz Maksatnamalaýyn üpjünçiliginiň ýa-da RIM hyzmatlarynyň ähli peýdalanylmasyny haýal etmän bes edersiňiz ýa-da şu Ylalaşygyň tamamlanmadyk halatynda Maksatnamalaýyn üpjünçiligi üçin ygtyýarnamanyň ýa-da şular ýaly RIM Hyzmatynyň şertleriniň tamamlanan ýa-da bes edilen halatynda Maksatnamalaýyn üpjünçiliginiň zady (-lary) bes edilmeli we Siziň we/ýa-da Siziň ygtyýarly edilen peýdalanyjylaryňyzyň eýelik etmeginde ýa-da gözegçiliginde bolan Beta Önümleriniň ähli Beta Abzallaýyn üpjünçiligi bolan halatynda şular ýaly Maksatnamalaýyn üpjünçiliginiň ähli nusgalary yzyna gaýtarylmaly; we (b) RIM Sizi mälim etmezden, şular ýaly Maksatnamalaýyn üpjünçiliginden we/ýa-da RIM Hyzmatyndan maglumatlaryň islendik geçirilmegini blokirlemeklige hakly bolar. Siziň RIM bilen bolup biljek islendik hasabyň bes edilmeginden soň Siz RIM-i Sizi mälim etmezden, şular ýaly hasap bilen baglanyşykly bolan islendik faýllary, maksatnamalary, maglumatlary we elektron poçta habarlaryny aýyrmaklygy ygtyýar edýärsiňiz. Siz näsaz Maksatnamalaýyn üpjünçiligine, RIM Hyzmatlaryna we Üçünji tarapyň Predmetlerine degişlilikde tamamlamanyň senesine çenli we ony hasaba almak bilen ähli möçberler, şol sanda Siziň ygtyýarly töleg görnüşiňize ýygnalan möçberler üçin jogapkär bolup galarsyňyz. Şu Ylalaşygyň şertlerine laýyklykda RIM tarapyndan şu Ylalaşyk bes edilen halatynda Siz hukuklarynyň mejbury amala aşyrylmagynda RIM tarapyndan harçlanan ýa-da çekilen ähli tölegleri (şol sanda hukukçylaryň esasly töleglerini we harajatlaryny) we baglanyşykly çykdajylary RIM-e tölär. Ýokarda agzalanlara garamazdan, Maksatnamalaýyn üpjünçiliginiň häsiýetine görä Maksatnamalaýyn üpjünçiligini yzyna gaýtarmaklyk mümkin däl, sebäbi Maksatnamalaýyn üpjünçiligi Siziň öz abzallaýyn üpjünçiligiňize integrasiýa edilen (ýagny, Handheld Önümi) we/ýa-da Maksatnamalaýyn üpjünçiligi iş stolynda ýa-da serwerde gurnalyp biliner, olaryü hemmesini Siz Maksatnamalaýyn üpjünçiliginiň mundan beýläkdäki gaýtadan döredilmegi bolup durýar. Şu ýagdaýlarda goşmaça görkezmeler üçin legalinfo@rim.com –da RIM bilen habarlaşmagyňyzy haýyş edýäris.

19. Ýitgileriň öwezini dolmak kepillendirmesi/jogapkärçilik. Siz RIM-i, RIM-iň kompaniýalar toparyny, RIM-iň bölýmlerini, getirijilerini, miras haklylaryny, agentlerini, ygtyýarly paýlaýjylaryny (şol sanda efir wagtyndaky (geçiriş wagtyndaky) hyzmatlar prowaýderlerini we sessionariýlerini hem öz direktorlarynyň, wezipeli adamlarynyň, işgärleriniň we garaşsyz potratçylarynyň her haýsysyny (her haýsysy “RIM-iň ýitgileriniň öwezi dolunan tarapy” diýip atlandyrylýar) RIM-iň ýitgileriniň öwezi dolunan tarapy tarapyndan çekilen islendik zyýanlardan, ýitgilerden, harajatlardan ýa-da çykdajylardan (şol sanda hukukçylaryň esasly tölegleri we çykdajylary) we Siziň hasabyňyza RIM-iň ýitgileriniň öwezi dolunan tarapynyň haýyşnama goragy bilen (a) Siziň BlackBerry Solution-yňyz ýa-da onuň islendik bölegi bilen baglylykda islendik gurluş (BlackBerry Handheld önüminden başga), ulgam ýa-da hyzmat bilen utgaşdyrmakdan ýa-da olardan peýdalanmakdan gelip çykýan patentleriň ýa-da beýleki intellektual eýeçiliginiň ýa-da eýeçilik hukuklarynyň bozulmagyndan; ýa-da (b) Siziň şu Ylalaşygy ýa-da şu Ylalaşygyň islendik Goşundysyny bozmagyňyzdan gelip çykýan RIM-iň ýitgileriniň öwezi dolunan tarapynyň garşysyna bolan islendik üçünji tarapyň nägileliginden ýa-da prosesual hereketlerinden ýitgileriň öwezini dolar we howpsuz saklar. RIM-e berilen hiç hili gorag serişdesi kanun esasynda ýa-da oňa barabarlykda göz öňünde tutulan ýa-da rugsat edilen islendik başga gorag serişdesini aýyrýan diýip, niýetlenilmez, ne-de düşündirilmez, ýöne ähli şular ýaly gorag serişdeleri toplanan bolar.

20. Çäkli kepillendirmeler.

(a) Maksatnamalaýyn üpjünçilik.

(i) Eger Maksatnamalaýyn üpjünçiliginiň Size getirilmeginden soň togsan (90) günüň dowamynda ("Kepillik döwür") Maksatnamalaýyn üpjünçiligi Siziň BlackBerry Solution-yňyzyň beýleki üýtgemedik bölekleri bilen baglylykda Maksatnamalaýyn üpjünçiligiň aýratyn görnüşine we wersiýasyna ulanylýan Resminamalarda RIM tarapyndan kesgitlenilişi ýaly peýdalananda Maksatnamalaýyn üpjünçiligiň şol zady üçin Maksatnamalaýyn üpjünçiligi standart ahyrky peýdalanyjynyň Resminamalarynda beýan edilen wezipeleri ýerine ýetirmäge ukyply bolmadyk RIM ýa-da RIM-iň islendik ygtyýar edilen paýlaýjysy tarapyndan elýeter bolup bilmegi ýaly, RIM özüniň saýlamasyna we ygtyýaryna görä şular ýaly meseli üçin aýlawly emel bilen Sizi düzetmek ýa-da göz öňünde tutmak üçin (kesgitlenilen bolan ýa-da aýlawly emel RIM-iň göwnejaý garaýşy bilen dürli görnüşleriň birinde, şol sanda RIM-iň web saýtynda ýa-da RIM-iň Size maslahat berýän islendik başga görnüşinde umumy elýeter maksatnamalaýyn üpjünçiligi blokirlemesini aýyrmada Siz üçin göz öňünde tutulan müşderiniň telefon ýa-da elektron poçta arkaly goldawyna degişlilikde) ýa-da ulanylýan Maksatnamalaýyn üpjünçilik üçin Siz tarapyndan tölenen bir gezeklik tölegler üçin yzyna gaýtarma bilen Sizi göz öňünde tutmak üçin degişli tagallalary eder, eger Siz Maksatnamalaýyn üpjünçilikden we Siziň Maksatnamalaýyn üpjünçilik aragatnaşyk serişdelerinden peýdalanmaklygy bes etseňiz heç-de oňa degişli ähli gaplamalar satyn almanyň subutnamasy bilen bilelikde Kepillik döwrüniň dowamynda Siziň kadaly kepillik yzyna gaýtarma mehanizmiňize laýyklykda RIM-e yzyna gaýtarylýar (Siziň efir wagtyndaky (geçirilýän wagtyndaky) hyzmatlary getirijiňiziň üstünden bolsa ýa-da satyn alynýan nokadyň üstünden bolsa, eger ulanylsa).

(ii) Şu Ylalaşygyň tersine bolan islendik zada garamazdan, Siz üçin mugt üpjün edilýän täzelemeler, apgreýdler (täze wersiýa çalyşmalar) we Beta Maksatnamalaýyn üpjünçiligi bolşy ýaly we islendik görnüşdäki kepilliksiz bolar.

(iii) Siziň goşmaça ygtyýarnama töleglerini geçiren täzelemeleriňiz we apgreýdleriňiz (täze wersiýa çalyşmalaryňyz) islendik Maksatnamalaýyn üpjünçilik üçin täzelemäniň Size getirilen senesinden togsan (90) günüň dowamynda ýokarda agzalan kepillige degişli bolar.

(iii) Ýokarda agzalan borçanam ulanylmaz, eger Maksatnamalaýyn üpjünçiligiň Ýöriteleşdirmelerde beýan edilen wezipeleri ýerine ýetirmekden boýun gaçyrmasy şularyň netijesinde bolup durýar: (A) şu Ylalaşykda görkezilen Siziň borçnamalaryňyz bilen utgaşmaýan usulda ýa-da görkezmeler, şol sanda Maksatnamalaýyn üpjünçiliginiň aýratyn görnüşine we wersiýasyna ulanylýan Resminamalarda RIM tarapyndan kesgitlenen howpsuzlyk görkezmeleri bilen utgaşmaýan usulda Maksatnamalaýyn üpjünçiliginiň peýdalanylmagy; ýa-da (B) islendik abzallaýyn serişdelere (şol sanda Üçünji Tarapyň kemçilikli göterilýän önümlerinden gelip çykýanlar), ulgama, maksatnamalaýyn üpjünçiligine ýa-da aragatnaşyk ulgamyna degişli bolan näsazlyk ýa-da başga mesele (kemçilikli BlackBerry abzallaryň abatlanylmagy şol RIM Önümleri üçin kepillik we/ýa-da goldaw ylalaşyklaryna degişlidir); ýa-da (C) Maksatnamalaýyn üpjünçiligine täsir edýän islendik daşary sebäpler, şol sanda Maksatnamalaýyn üpjünçiliginiň göz öňünde tutulýan aragatnaşyk serişdeleri, ýagny, Maksatnamalaýyn üpjünçiliginden başga bolan maksatnamalaýyn üpjünçilige degişli bolan heläkçilik, betbagtçylyk, elektrostatik razrýad, ýangyn, suwalma, ýyldyrym, suw ýa-da şemal, ýalňyşlaryň düzedilmegi ýa-da RIM tarapyndan ygtyýar edilmedik abatlamalara ýa-da

modifikasiýalar sebäpli kemçilikler.

(iv) Aýdyňlaşdyrma üçin, ulanylýan kanunlar esasynda talap edilýänden başga, şu kepillik täze Göterilýän Önümlerde BlackBerry Göterilýän Maksatnamalaýyn üpjünçiligi üçin ulanylýar we BlackBerry Göterilýän Maksatnamalaýyn üpjünçiligine, şol sanda ulanylan ýa-da täzelenen Göterilýän Önümlerine ulanylmaýar.

(v) Maksatnamalaýyn üpjünçiliginiň goşmaça zatlarynyň bazardan soň erkin ýüklemeleri ýa-da erkin BlackBerry Serwer Maksatnamalaýyn üpjünçiligi üçin hiç hili kepillik ýok. Eger şular ýaly Maksatnamalaýyn üpjünçiliginiň islendik zady ulanylyşy ýaly Siziň ony öz Göterilýän Önümiňize ýa-da kompýuteriňize gurnan senäňizden soň togsan (90) günüň dowamynda Resminamalara laýyklykda işlemekden boýun gaçyrsa, Siz RIM bilen habarlaşyp bilersiňiz we RIM şular ýaly Maksatnamalaýyn üpjünçiligi üçin goldawy kesgitlär, eger bar bolsa, (ol goldaw Size maslahat berýän islendik başga görnüşinde umumy elýeter maksatnamalaýyn üpjünçiligi blokirlemesini aýyrmada Siz üçin göz öňünde tutulan müşderiniň telefon ýa-da elektron poçta arkaly bolar).

(vi) Siz şular ýaly Maksatnamalaýyn üpjünçiliginiň Üçünji Tarapyň Predmetlerine ýa-da Üçünji Tarapyň Hyzmatlaryna girmeklik ygtyýaryňyza ýardam bermegiňize niýetlenendigini ykrar edýärsiňiz we ylalaşýarsyz, RIM ŞULAR ÝALY ÜÇÜNJI TARAPYŇ PREDMETLERINIŇ ÝA-DA ÜÇÜNJI TARAPYŇ HYZMATLARYNYŇ ÇÄKLI ÝA-DA GÖZEGÇILIK EDILMEÝÄN FUNKSIONAL MÜMKINÇILIKLERI ÝA-DA ÝERINE ÝETIRILMEGI ÝA-DA ÝERINE ÝETIRILMEZLIGI BOLUP BILER. RIM Üçünji Tarapyň predmetlerini ýa-da Üçünji Tarapyň Hymatlaryny kepillendirmeýär we şulara degişlilikde Siz Üçünji Tarapyň Predmetiniň ýa-da Üçünji Tarapyň Hyzmatynyň kepillik üçin bolan şol predmetleriň ýa-da hyzmatlarynyň prowaýderini gözlär. Kepillikler prowaýderleriň arasynda we hatda aýratyn prowaýwer üçin ýurisdiksiýalaryň arasynda hem üýtgeýärler. Siz prowaýderiň aýratyn predmet ýa-da onuň hyzmatlary boýunça hödürleýän goldawy we goldawa hem kepilliklere degişlilikde Siziň hukuklaryňyzy anyklamak üçin degişli resminamalara ýa-da prowaýderiň şertlerine salgylanmaly.

(vii) Şu Bölüm diňe RIM-iň borçnamalaryny we Siziň Maksatnamalaýyn üpjünçiliginiň gorag serişdelerini we şu ýerde görkezilen Maksatnamalaýyn üpjünçilik üçin islendik kemçiliklerini, ýalňyşlaryny, meselelerini ýa-da kepilliginiň bozulmagyny kesgitleýär.

(b) Önüm (-ler). RIM-iň Önümi (-leri) üçin çäkli kepillik, eger bar bolsa, “Önümiň çäkli kepillendirmesi”) degişli Resminamalarda görkezilen. Önümiň çäkli kepillendirmesi şu Ylalaşygyň möhletleri we şertleri esasynda RIM-iň islendik satylan önümi üçin aýratyn kepillik bolup durýar we ol RIM-iň önümlerine we Önümiň çäkli kepillendirmesiniň islendik bozulmasyna degişlilikde ýeke-täk serişdäni kesgitleýär. Beta Abzallaýyn üpjünçiligi bolşy ýaly we islendik görnüşdäki kepilliksiz bolar. Aşakda “Umumy” diýip, atlandyrylan (Bölüm 29) şu Ylalaşygyň Bölüminiň aşakdaky kiçi bölümleri Önümiň çäkli kepillendirmesine ulanylmagy zerur bolan möçberde talap edilişi ýaly üýtgedilen Önümiň çäkli kepillendirmesiniň şertlerine salgylanmak bilen birleşdirildi: “Borçnamalary ýerine ýetirmekden boýun gaçyrma” (Bölüm 29 (b)), “Bolmaklygyň dowam etmegi” (Bölüm 29 (c)), “Bölünijilik” (Bölüm 29 (e)), “Dil” (Bölüm 29 (f)), we “Doly ylalaşyk” (Bölüm 29 (h)). Ýokarda agzalyşy ýaly, Siziň şu Ylalaşygy kabul edendigiňizi görkezmek bilen Siz Önümiň çäkli kepillendirmesini okandygyňyzy we onuň şertleri bilen razydygyňyzy ykrar edýärsiňiz. Aýdyňlyk üçin ulanylýan kanun esasynda talap edilýän çäklerden başga, Önümiň çäkli kepillendirmesi diňe täze RIM Önümine (-lerine) ulanylýar we diňe şu kepilligiň deňagramlylygy (eger bar bolsa) RIM-iň islendik birneme täzelenen Önümi (-leri) üçin ulanylýar.

21. Kepillikden soň goldaw. Eger Siz keppillik döwrüniň tamamlanmagyndan soň RIM-den goldawy almaga isleg bildirseňiz, sales@blackberry.com (ýa-da http://www.blackberry.com/legal/-da) görkezilen şular ýaly başga başga ýerde) RIM ýa-da Siziň efir wagtyndaky (geçiriş wagtyndaky) hyzmatyňyzyň prowaýderi bilen habarlaşmagyňyzy haýyş edýäris. Eger Sizde öz adyňyzdan Maksatnamalaýyn üpjünçiligine hosting (esasy) bolan üçünji tarapyňyz bar bolsa ("Hosting (esasy) tarapyň") we Siz Hosting (esasy) tarapyň RIM-den öz adyňyzdan Maksatnamalaýyn üpjünçilik üçin goldawyny almaklygyny isleseňiz, onda Siziň Ygtyýarly Peýdalanyjylaryňyzyň sany üçin talap edilişi ýaly Maksatnamalaýyn üpjünçiliginiň aýratyn zatlary üçin RIM-iň ýerinde Siziň ýa-da Hosting (esasy) tarapyň goldaw ylalaşygy bolmaly, we Siz Maksatnamalaýyn üpjünçiligi, ulanylyşy ýaly, SRP IDs we CALs bilen bilelikde Siziň ygtyýarnamalaşdyrylan nusgalaryňyzyň sanyny kesgitleýän sales@blackberry.com (ýa-da http://www.blackberry.com/legal/-da) görkezilen şular ýaly başga başga ýere) electron poçtasyny ibermek arkaly Siziň adyňyzdan host bolan Maksatnamalaýyn üpjünçiligine wagtal-wagtal RIM-I täzelemeli. Siziň BlackBerry Solution-yňyz üçin goldaw belli bir efir wagtyndaky (geçiriş wagtyndaky) hyzmatyňyzyň prowaýderleriniň üstünden elýeter bolup bilmez.

22. Boýun gaçyrma.

KÄBIR ÝURISDIKSIÝALARYŇ KANUNLARY MÜŞDERILER BILEN BAGLAŞYLAN ŞERTNAMALARDA JOGAPKÄRÇILIGIŇ ÇÄKLENDIRILMEGINE ÝA-DA KEPILLIKLERIŇ, ŞERTLERIŇ, INDOSSAMENTLERIŇ, KEPILLENDIRMELERIŇ, TASSYKLAMALARYŇ ÝA-DA WEKILÇILIK ETMELERIŇ AÝRYLMAGYNA RUGSAT EDIP BILMEZ HEM-DE SIZIŇ SARP EDIJI BOLAN ÇÄKLERRIŇIZDE AÝRYLMALAR SIZE ULANYLYP BILINMEZ.

(a) Umumy Kepillendirmeler.

(i) ŞU YLALAŞYKDA GÖRKEZILENDEN BAŞGA, ULANYLÝAN KANUNLAR ESASYNDA RUGSAT EDILEN IŇ ULY MÖÇBERDE ÄHLI ŞERTLER, INDOSSAMENTLER, KEPILLIKLER, TASSYKLAMALAR, WEKILÇILIK ETMELER ÝA-DA ISLENDIK GÖRNÜŞDÄKI KEPILLENDIRMELER, AŇLADYLAN ÝA-DA GÖZ ÖŇÜNDE TUTULAN, ŞOL SANDA ISLENDIK ŞERTLER, INDOSSAMENTLER, KEPILLIKLER, WEKILÇILIK ETMELER ÝA-DA DOWAMLY KEPILLENDIRMELER, PEÝDALANMANYŇ AÝRATYN MAKSADY ÜÇIN LAÝYKLYK, SATUW ÜÇIN ÝARAMLYLYK, TÄJIRÇILIK HIL, PATENT ARASSA, KANAGATLY HIL, ÝA-DA ATLANDYRYŞ, ÝA-DA DÜZGÜNNAMADAN ÝA-DA ADATDAN ÝA-DA GELEŞIGIŇ UGRUNDAN ÝA-DA SÖWDANYŇ ULANYLMAGYNDAN GELIP ÇYKÝANLAR WE AŇLADYLAN ÝA-DA GÖZ ÖŇÜNDE TUTULAN ÄHLI BEÝLEKI KEPILLIKLER, WEKILÇILIK ETMELER, ŞERTLER, INDOSSAMENTLER ÝA-DA ISLENDIK GÖRNÜŞDÄKI KEPILLENDIRMELER ŞUNUŇ BILEN BOÝUN GAÇYRYLÝAR WE AÝRYLÝAR.

(ii) Ulanylýan kanun esasynda rugsat edilen iň uly möçberde Maksatnamalaýyn üpjünçiligine degişli bolan islendik göz öňünde tutulan kepillikler ýa-da şertler ýokarda görkezilişi ýaly aýrylyp bilinmez, ýöne çäklendirilip biliner. Şunlukda, olar islendik kompýuterde öz BlackBerry Solution-yňyzyň islendik bölegine ilkinji gezek gurnan senäňizden togsan (90) güne çäklendirilýär.

(b) RIM Hyzmaty (-lary).

(i) ULANYLÝAN KANUN ESASYNDA ÝÖRITE GADAGAN EDILEN ÇÄKLERDEN BAŞGA, RIM-IŇ HER HYZMATY GÖZ ÖŇÜNDE TUTULÝAR ÝA-DA BOLŞY ÝALY ELÝETER EDILIP BILINER WE ELÝETER BOLŞY ÝALY BOLAR, ŞERTSIZ, INDOSSAMENTSIZ, KEPILLIKSIZ,

TASSYKLAMASYZ, WEKILÇILIKSIZ ÝA-DA RIM TARAPYNDAN ISLENDIK GÖRNÜŞDÄKI KEPILLENDIRMESIZ WE 23 (b) BÖLÜMIŇ ŞERTINDE RIM-IŇ SIZE ÝA-DA SIZE ÝA-DA SIZIŇ ÜSTÜŇIZDEN NÄGILELIK BILDIRÝÄN ISLENDIK ÜÇÜNJI TARAPA RIM-IŇ TÖLENILMEÝÄN HYZMATY BOLUP DURÝAN RIM-IŇ ISLENDIK HYZMATYNA BAGLYLYKDAKY ISLENDIK MESELE ÜÇIN HAÝSYDYR JOGAPKÄRÇILIGI ÝOK.

(ii) ULANYLÝAN KANUN ESASYNDA ÝÖRITE GADAGAN EDILEN ÇÄKLERDEN BAŞGA, RIM RIM-IŇ ISLENDIK HYZMATYNYŇ ELÝETERLILIGINI DOWAM ETDIRÝÄN RIM-IŇ ISLENDIK HYZMATYNDAN ÜZNÜKSIZ PEÝDALANÝAN ÝA-DA IŞLEDÝÄN ISLENDIK BAŞGA MEŇZEŞ TASSYKLAMANY KEPILLENDIRMEÝÄR ÝA-DA RIM GÖZ ÖŇÜNDE TUTMAÝAR ÝA-DA SIZ TARAPYNDAN ÝA-DA SIZE IBERILEN ÝA-DA SIZDE ÝA-DA SIZIŇ ADYŇYZDAN SAKLANYLÝAN ISLENDIK HABARLARYŇ, CONTENTYŇ ÝA-DA MAGLUMATYŇ ÝITIRILMEJEKDIGINI, ÖÇÜRILMEJEKDIGINI ÝA-DA ÝOÝULJAKDYGYNY ÝA-DA TAKYKDYGYNY ÝA-DA GÖWNEJAÝ WAGT ARALYGYNDA ÝA-DA ZAÝALANMADYK GÖRNÜŞDE GEÇIRILJEKDIGINI KEPILLENDIRÝÄR.

(c) Üçünji Tarapyň Predmetleri we Üçünji Tarapyň Hyzmatlary, Birleşen uzeller.

(i) ULANYLÝAN KANUN ESASYNDA ÝÖRITE GADAGAN EDILEN ÇÄKLERDEN BAŞGA, ÜÇÜNJI TARAPYŇ HYZMATLARYNA WE ÜÇÜNJI TARAPYŇ PREDMETLERINE RIM TARAPYNDAN GÖZEGÇILIK EDILMEÝÄR, RIM ÜÇÜNJI TARAPYŇ ISLENDIK AÝRATYN PREDMETLERINI ÝA-DA ÜÇÜNJI TARAPYŇ HYZMATLARYNY GEÇIRMEÝÄR, WE RIM-IŇ SIZIŇ ÜÇÜNJI TARAPYŇ HYZMATLARYNY WE ÜÇÜNJI TARAPYŇ PREDMETLERINI SAÝLAMAŇYZ, OLARDAN PEÝDALANMAŇYZ, OLARA YGTYÝARLYGYŇYZ ÝA-DA OLARY AMALA AŞYRMAGYŇYZ ÜÇIN JOGAPKÄRÇILIGI ÇEKMEÝÄR.

(ii) ÝOKARDA AGZALANLAR ŞULARA GARAMAZDAN ULANYLÝAR: (A) NÄDIP SIZIŇ ÜÇÜNJI TARAPYŇ HYZMATLARYNA WE/ÝA-DA ÜÇÜNJI TARAPYŇ PREDMETLERINE GIRMEK YGTYÝARY ALYP ÝA-DA SATYN ALYP BILÝÄRSIŇIZ, ÝAGNY, ÖZBAŞDAK ÝA-DA RIM-IŇ ÝA-DA SIZIŇ EFIR WAGTYNDAKY (GEÇIRIŞ WAGTYNDAKY) HYZMATLAR PROWAÝDERIŇIZIŇ ÜSTÜNDEN; (B) ISLENDIK ŞULAR ÝALY ÜÇÜNJI TARAPYŇ PREDMETLERI WE/ÝA-DA ÜÇÜNJI TARAPYŇ HYZMATLARY (ŞOL SANDA EFIR WAGTYNDAKY (GEÇIRIŞ WAGTYNDAKY) HYZMATLAR) SIZIŇ BLACKBERRY SOLUTION-YŇYZYŇ ÄHLI ÝA-DA ISLENDIK BÖLEGINI ULANMAK ÜÇIN GEREK BOLUP DURÝAR; ÝA-DA (C) SIZ ELDE GÖTERILIP GEÇIRILÝÄN ÖNÜMIŇIZ, ŞOL SANDA SIZIŇ ÜÇÜNJI TARAPYŇ ÝÖRITE HYZMATLARYNA WE/ÝA-DA ÜÇÜNJI TARAPYŇ PREDMETLERINE GIRMEK YGTYÝARYNA ÝARDAM BERÝÄN BLACKBERRY ELDE GÖTERILIP GEÇIRILÝÄN MAKSATNAMALAÝYN ÜPJÜNÇILIGINIŇ BÖLEGI HÖKMÜNDE SATUWDAN SOŇ ÝÜKLEMÄNIŇ ÜSTÜNDEN, BRAUZERIŇ ÝA-DA RIM-IŇ ÝATDA SAKLAÝAN MAKSATNAMALAÝYN ÜPJÜNÇILIGINIŇ ÜSTÜNDEN ELDE GÖTERILIP GEÇIRILÝÄN ÖNÜMIŇIZDÄKI IKONKALAR (BELGILER) ÝA-DA BELLIKLER ARKALY ÝA-DA ISLENDIK BAŞGA SERIŞDELER ARKALY, ŞOL SANDA BEÝLEKI WEBSAÝTLARDA ÝA-DA SIZIŇ ELDE GÖTERILIP GEÇIRILÝÄN ÖNÜMIŇIZIŇ

PEÝDALANYLMAGY ARKALY GIRMEK YGTYÝARY BILEN MAGLUMATLARYŇ ÜSTÜNDEN ÝA-DA RIM ÝA-DA EFIR WAGTYNDAKY (GEÇIRIŞ WAGTYNDAKY) HYZMATLARYŇ PROWAÝDERINIŇ ÜSTÜNDEN SIZE ELÝETER EDILER.

(iii) ÝOKARDA AGZALANLARY ÇÄKLENDIRMEZDEN, ULANYLÝAN KANUN ESASYNDA ÝÖRITE GADAGAN EDILEN ÇÄKLERDEN BAŞGA, ÜÇÜNJI TARAPYŇ ÄHLI HYZMATLARY WE ÜÇÜNJI TARAPYŇ PREDMETLERI RIM TARAPYNDAN GÖZ ÖŇÜNDE TUTULAN ÝA-DA ELÝETER EDILEN ÝA-DA BLACKBERRY SOLUTION BILEN BAGLYLYKDA SIZIŇ TARAPYŇYZDAN BOLŞY ÝALY ÝA-DA ELÝETER BOLAN ESASDA, ISLENDIK ŞERTSIZ, INDOSSAMENTSIZ, KEPILLIKSIZ, TASSYKLAMASYZ, WEKILÇILIKSIZ ÝA-DA ISLENDIK GÖRNÜŞDÄKI KEPILLENDIRMESIZ BAŞGAÇA ULANYLAN, WE RIM-IŇ ÜÇÜNJI TARAPYŇ ÄHLI HYZMATLARYNA WE ÜÇÜNJI TARAPYŇ PREDMETLERINE DEGIŞLI BOLAN ISLENDIK MESELE ÜÇIN SIZE ÝA-DA SIZIŇ TARAPYŇYZDAN ÝA-DA SIZIŇ ÜSTÜŇIZDEN NÄGILELIK BILDIRÝÄN ISLENDIK ÜÇÜNJI TARAPA HIÇ HILI JOGAPKÄRÇILIK ÇEKMEÝÄR, ŞOL SANDA: (A) ÜÇÜNJI TARAPYŇ HYZMATLARYNYŇ ÝA-DA ÜÇÜNJI TARAPYŇ PREDMETLERINIŇ ÝA-DA ŞULAR ÝALY GIRMEK YGTYÝARYNA MÜMKINÇILIGI BAR BOLUP, NIÝETLENEN MAKSATNAMALAÝYN ÜPJÜNÇILIGINIŇ ISLENDIK BÖLEGINIŇ DOGRULYGY, GEÇIRILMEGI, ÖZ WAGTYNDALYGY ÝA-DA DOWAMLY ELÝETERLILIGI; (B) ÜÇÜNJI TARAPYŇ HYZMATLARYNYŇ ÝA-DA ÜÇÜNJI TARAPYŇ PREDMETLERINIŇ ÝERINE ÝETIRILMEGI ÝA-DA ÝERINE ÝETIRILMEZLIGI; ÝA-DA (C) SIZIŇ BLACKBERRY SOLUTION-YŇYZYŇ ÄHLISI ÝA-DA BÖLEGI BILEN ÜÇÜNJI TARAPYŇ HYZMATLARYNYŇ ÝA-DA ÜÇÜNJI TARAPYŇ PREDMETLERINIŇ YLALAŞYJYLYGY; ÝA-DA (D) ÜÇÜNJI TARAPYŇ HYZMATLARY ÝA-DA ÜÇÜNJI TARAPYŇ PREDMETLERI BILEN BAGLYLYKDA, ŞOL SANDA ÜÇÜNJI TARAPYŇ SIZIŇ MAGLUMATLARYŇYZDAN PEÝDALANMAGYNA DEGIŞLILIKDE ISLENDIK ÜÇÜNJI TARAPYŇ HEREKETLERI ÝA-DA HEREKETSIZLIKLERI.

(iv) ÝOKARDA AGZALANLARY ÇÄKLENDIRMEZDEN, ULANYLÝAN KANUN ESASYNDA ÝÖRITE GADAGAN EDILEN ÇÄKLERDEN BAŞGA, SIZ RIM-IŇ ÜÇÜNJI TARAPYŇ HYZMATLARYNYŇ ISLENDIK WIRUSLARY ÝA-DA ISLENDIK HOWPY (HAÝBATY), ABRAÝDAN DÜŞÜRÝÄN, GELŞIKSIZ, ZYÝAN ÝETIRIJI, DIL ÝETIRÝÄN (ERBET) ÝA-DA BIKANUN HYZMATLARY, ÜÇÜNJI TARAPYŇ PREDMETLERI ÜÇIN ÝA-DA ÜÇÜNJI TARAPYŇ ISLENDIK INTELLEKTUAL EÝEÇILIK HUKUKLARYNY BOZÝAN ÜÇÜNJI TARAPYŇ ISLENDIK PREDMETLERI ÝA-DA ÜÇÜNJI TARAPYŇ ISLENDIK HYZMATLARY ÜÇIN ÝA-DA OLARYŇ GEÇIRILMEGI ÜÇIN JOGAPKÄRÇILIK ÇEKMEÝÄNDIGINE RAZY BOLUP DURÝARSYŇYZ. ÜÇÜNJI TARAPYŇ ISLENDIK PREDMETLERINE ÝA-DA ÜÇÜNJI TARAPYŇ ISLENDIK HYZMATLARYNA DEGIŞLILIKDE ISLENDIK ŞULAR ÝALY NÄGILELIK BILDIRILEN HALATYNDA SIZIŇ REGRESIŇIZ (YZA GAÝTMAŇYZ) DIŇE DEGIŞLI ÜÇÜNJI TARAPLARYŇ GARŞYSYNA BOLAR.

(e) Üznüksiz hereket edýän ulgamlar (maglumatlara üznüksiz girmek ygtyýary bolan ulgamlar). SIZIŇ BLACKBERRY SOLUTION-YŇYZ WE ONUŇ ISLENDIK BÖLEGI ÜZNÜKSIZ HEREKET EDÝÄN ULGAMLARDA ÝA-DA HOWPLY DAŞKY GURŞAWLARDA

ÝA-DA AÝRATYN ELEMENTLERIŇ BOÝUN GAÇYRMAGYNDA IŞLEÝIŞ UKYPLYLYGYŇ ÜPJÜNÇILIGINI ÝA-DA ÝERINE ÝETIRILMEGINI TALAP EDÝÄN DAŞKY GURŞAWLARDA, ŞOL SANDA ÝADROLY DESGALARYŇ IŞLEÝŞI, HOWA GÄMI NAWIGASIÝASY ÝA-DA ARAGATNAŞYK ULGAMLARY, HOWA HEREKETIŇ DOLANDYRYLYŞY, UZAK MÖHLET IŞLEÝŞIŇ ÜPJÜNÇILIGI, ÝARAGLAR ULGAMYNLARY ÝA-DA GARAŞYLMADYK ÝAGDAÝLARDA (AWARIÝALARDA) LOKATORLAR ÝA-DA GARAŞYLMADYK ÝAGDAÝLARDA BEÝLEKI HYZMATLAR. SIZ MAGLUMATLARYŇ ADEKWAT DIKELDILMEGINI WE ÄTIÝAÇLYKDAKY DUBLIRLEMÄNI ÝERINE ÝETIRÝÄN ULGAMLARY SAKLAJAKDYGYŇYZA WEKILÇILIK EDÝÄRSIŇIZ WE ONY KEPILLENDIÝÄRSIŇIZ HEM-DE (i) ULANYŞDA BÖKDENÇLIK BOLAN; ÝA-DA (ii) MAGLUMATLARYŇ GEÇIRILMEGINDE KYNÇYLYKLAR ÝA-DA ÝALŇYŞLAR BOLAN; ÝA-DA (iii) MAGLUMATLAR ÝITIRILEN ÝA-DA ZAÝALANAN HALATYNDA SIZ ISLENDIK WE ÄHLI ÝITGILERI HEM ZYÝANLARY GÖS-GÖNI AZALTMAGA WE RIM-E ŞU MESELELER BARADA HABAR BERMÄGE RAZYDYGYŇYZY KEPILLENDIRÝÄRSIŇIZ. 23 (a) BÖLÜMDÄKI UMUMY BOÝUN GAÇYRMANY ÝA-DA ZYÝANLARY ÇÄKLENDIRMEZDEN, HIÇ BIR ÝAGDAÝDA RIM SIZIŇ BLACKBERRY SOLUTION-YŇYZYŇ ÝA-DA ONUŇ ISLENDIK BÖLEGINIŇ ULANYLMAGYNYŇ NETIJESINDE ISLENDIK ZYÝANLAR ÜÇIN, ÜZNÜKSIZ HEREKET EDÝÄN ULGAMLAR ÜÇIN ÝA-DA HOWPLY DAŞKY GURŞAWLARDA ÝA-DA AÝRATYN ELEMENTLERIŇ BOÝUN GAÇYRMAGYNDA IŞLEÝIŞ UKYPLYLYGYŇ ÜPJÜNÇILIGINI ÝA-DA ÝERINE ÝETIRILMEGINI TALAP EDÝÄN DAŞKY GURŞAWLARDA ISLENDIK ZYÝANLAR ÜÇIN JOGAPKÄRÇILIK ÇEKMEZ, ŞULAR ÝALY ZYÝANLAR ÖŇÜNDEN DUÝULAN ÝA-DA GARAŞYLMADYK BOLSA, WE HATDA EGER RIM-E ŞULAR ÝALY ZYÝANLARYŇ BOLMAGY BARADA HABAR BERILSE.

(f) Beta Önümler. BETA ÖNÜMLER HÖKÜMET ÝA-DA SIZIŇ ÝURISDIKSIÝAŇYZDAKY BEÝLEKI EDARALAR TARAPYNDAN NEŞIR EDILEN DÜZGÜNLERE ÝA-DA STANDARTLARA LAÝYK GELIŞI ÝALY UMUMY JEMGYÝETÇILIK ÝA-DA TASSYKLANAN PEÝDALANMAK ÜÇIN RUGSAT EDILIP BILINMEZ, WE RIM ŞULAR ÝALY RUGSADYŇ ÝA-DA TASSYKLAMANYŇ ALNYP BILJEKDIGINE WEKILÇILIK ETMEÝÄR. DEGIŞLILIKDE, SIZ BETA ÖNÜMLERINIŇ SATUW ÝA-DA KÄRENDE ÜÇIN HÖDÜRLENILMEÝÄNDIGINE ÝA-DA HÖDÜRLENILIP BILINMEJEKDIGINE WE ŞULAR ÝALY RUGSADYŇ ALYNMANDYGYNA ÇENLI SATYLYP ÝA-DA KÄRENDÄ BERILIP BILINMEJEKDIGINE RAZY. BETA ÖNÜMLER ŞOL ÖNÜMLERDE ÝERINE ÝETIRMEKLIGE UMYT ETMEGIŇIZDE ISLENDIK ÖNDÜRIJILIKLI ÝA-DA BAŞGA DAŞKY GURŞAWDA ULANMAK ÜÇIN NIÝETLENILMEÝÄR. BETA ÖNÜMLER MAKSATNAMALAÝYN ÜPJÜNÇILIGINIŇ, HYZMATLARYŇ WE RIM ÖNÜMLERINIŇ SATUWDAN ÖŇ IŞDE ULANÝAN GÖRNÜŞLERI BOLUP DURÝAR WE OLAR TÄJIRÇILIK ÖNÜMLERI ÝA-DA HYZMATLARY ÝALY USULDA WEKILÇILIK ETMEK ÝA-DA ÝERINE ÝETIRMEK ÜÇIN NIÝETLENILMEÝÄR WE SIZIŇ ŞULAR ÝALY MATERIALLAR BILEN ÄTIÝAÇLYKDAKY DUBLIRLEMEDEN WE MAGLUMATLARDAN HEMIŞE PEÝDALANMAGYŇYZY ÜPJÜN ETMELISIŇIZ. GOŞMAÇA HÖKMÜNDE BETA ÖNÜMLER HENIZ TÄJIRÇILIK ESASDA ELÝETER BOLMADYK MAKSATNAMALAÝYN ÜPJÜNÇILIK ÝA-DA HYZMATLARY ÜÇIN ALAMATLARY, FUNKSIONALLYGY ÝA-DA BARLAG-ÖLÇEG UÇASTOGYNY ÖZ IÇINE ALÝAR. SIZ ŞULAR ÝALY BETA ÖNÜMLERINIŇ ÝA-DA OLARYŇ ISLENDIK BÖLEGINIŇ YGLAN EDILIP

BILINMEJEKDIGINI ÝA-DA GELJEKDE RIM TARAPYNDAN TÄJIRÇILIK ESASDA ELÝETER BOLUP BILJEKDIGINI ÝA-DA MÖHÜM ÜÝTGEMELER BILEN ELÝETER EDILIP BILINJEKDIGINI WE RIM-IŇ ŞULAR ÝALY MAKSATNAMALAÝYN ÜPJÜNÇILIGINIŇ ÝA-DA HYZMATLARYŇ, BETA ÖNÜMLERINIŇ ÝA-DA OLARYŇ ISLENDIK BÖLEGINIŇ ELÝETER EDILIP BILINJEKDIGINE AŇLADYLAN ÝA-DA GÖZ ÖŇÜNDE TUTULAN BORÇNAMASYNYŇ ÝOKDUGYNY YKRAR EDÝÄRISIŇIZ. SIZ ÜÇIN ÄHLI TESTIRLEMÄNIŇ, BAHA BERMEKLIGIŇ WE ÖSDÜRMÄNIŇ SIZIŇ TÖWEKGELÇILIGIŇIZDE DOLY EDILEN BETA ÖNÜMLERINE WE BAGLANYŞYKLY MAKSATNAMALAÝYN ÜPJÜNÇILIGE HEM HYZMATLARA DEGIŞLILIKDE ALNYP BARYLMALYDYGYNY YKRAR EDÝÄRSIŇIZ WE OŇA RAZY.

23. Jogapkärçiligiň çäklendirilmegi.

KÄBIR ŞERTLER MÜŞDERILER BILEN BAGLAŞYLAN ŞERTNAMALARDAKY WE SIZE ULANYLYP BILINMEÝÄN ŞU BÖLÜMDE ÇÄKLENDIRMELI ÝA-DA AÝRYLMALY BOLUP DURÝAN ÇÄKLERDE DEGIŞLI, GÖNI DÄL ÝA-DA BEÝLEKI ZYÝANLARYŇ ÇÄKLENDIRILMEGINE ÝA-DA AÝRYLMAGYNA RUGSAT BERMEÝÄRLER.

(a) ULANYLÝAN KANUN ESASYNDA RUGSAT EDILEN IŇ ULY ÇÄKLERDE WE ŞU YLALAŞYKDA GÖRKEZILEN ÝÖRITE GORAG SERIŞDELERINIŇ BOLMAGYNDA, HIÇ HILI ÝAGDAÝDA RIM ZYÝANLARYŇ ISLENDIK AŞAKDA AGZALAN GÖRNÜŞLERI ÜÇIN JOGAPKÄRÇILIK ÇEKMEÝÄR: GÖNI DÄL, JERIME, GOŞMAÇA, ÝÖRITE, BOZUJY, AHLAK ÝA-DA GÜÝÇLENDIRILEN ZYÝANLAR, IŞIŇ GIRDEJILERINIŇ ÝA-DA PEÝDASYNYŇ ÝITGISI, ISLENDIK GARAŞYLÝAN TYGŞYTLAMALARY DURMUŞA GEÇIRMEKDEN BOÝUN GAÇYRMA, IŞDÄKI TOGTATMALARY, IŞ BARADA MAGLUMATLARYŇ ÝITGISI, IŞ MÜMKINÇILIGINIŇ ÝITGISI, ÝA-DA MAGLUMATLARYŇ ÝOÝULMAGY ÝA-DA ÝITGISI ÝA-DA MAGLUMATLARYŇ HOWPSUZLYGYNYŇ BOZULMAGY, ISLENDIK MAGLUMATLARY GEÇIRMEKDEN ÝA-DA ALMAKDAN BOÝUN GAÇYRMA, RIMDEN BAŞGA BOLAN HAÝSYDYR BIRINIŇ TARAPYNDAN SIZIŇ BLACKBERRY SOLUTION-YŇYZYŇ BILEN BAGLYLYKDA ULANYLÝAN ISLENDIK GOŞMAÇALARY BILEN BAGLANYŞYKLY ÝA-DA SIZIŇ BLACKBERRY SOLUTION-YŇYZYŇ ÝA-DA ONUŇ ISLENDIK BÖLEGINIŇ ISLENDIK ÜÝTGEMELERIŇ ÝA-DA BAŞA BARMADYK ÜÝTGEMELERIŇ NETIJESINDÄKI MESELELERI, BOŞ DURMAKLYK SEBÄPLI HARAJATLAR, SIZIŇ BLACKBERRY SOLUTION-YŇYZYŇ ÝA-DA ONUŇ ISLENDIK BÖLEGINIŇ PEÝDALANYLMAGYNYŇ ÝITGISI ÝA-DA ÜÇÜNJI TARAPYŇ ISLENDIK HYZMATLARYNYŇ ÝA-DA ÜÇÜNJI TARAPYŇ PREDMETLERINIŇ ÝITGISI, ORUN TUTUJY HARYTLARYŇ NYRHY, ÖDEME HARAJATLARY, SERIŞDELER ÝA-DA HYZMATLAR, MAÝANYŇ NYRHY, ÝA-DA ŞU YLALAŞYKDAN GELIP ÇYKÝAN ÝA-DA ONUŇ BAGLYLYKDA BOLAN ÝA-DA SIZIŇ BLACKBERRY SOLUTION-YŇYZYŇ BILEN BAGLYLYKDA BOLAN BEÝLEKI ŞULAR ÝALY PUL ÝITGILERI, ŞOL SANDA SIZIŇ BLACKBERRY SOLUTION-YŇYZYŇ PEÝDALANYLMAGY, PEÝDALANMAK UKYPSYZLYGY, ÝERINE ÝETIRILMEGI ÝA-DA ÝERINE ÝETIRILMEZLIGI, EGER ŞULAR ÝALY ZYÝANLAR ÖŇÜNDEN DUÝULAN ÝA-DA GARAŞYLMADYK BOLSA, WE HATDA EGER RIM-E ŞULAR ÝALY ZYÝANLARYŇ BOLMAGY BARADA HABAR BERILSE.

(b) Ulanylýan kanun esasynda rugsat edilen iň uly çäklerde, hiç hili ýagdaýda RIM-iň jemi jogapkärçiligi şulardan ýokary däl: (i) Siz tarapyndan berilden RIM-iň Önümi (-leri) üçin

tölenen möçberden; (ii) berilende Maksatnamalaýyn bölegi üçin tölenen möçberden; (iii) berilende RIM-iň tölenen Hyzmatynyň degişli döwri üçin tölenen möçberden; we (iv) bäş (5) ABŞ-nyň dollaryndan.

(c) Ulanylýan kanun esasynda rugsat edilen iň uly çäklerde, RIM-iň şu ylalaşygyň esasynda Size borçly bolan çäklerinde, RIM diňe Siziň BlackBerry Solution-yňyzdan şular ýaly boýun gaçyran, gijä galan ýa-da ony ýerine ýetirmedik döwrüň dowamynda çekilen zyýanlar üçin jogapkär bolar.

(d) Şu Bölümde hiç bir zat hiç haýsysy gös-göni RIM-iň geleňsizliginiň netijesinde bolan möçberde ölüm bolan ýa-da bedene şikes ýetirilen halatynda RIM Size jogapkärçiligi çäklendirmeýär; RIM tarapyndan tölenen islendik zyýanlaryň Siziň ýa-da başga gatanjyň möçberinde azaldylar.

(e) ULANYLÝAN KANUN ESASYNDA RUGSAT EDILEN IŇ ULY ÇÄKLERDE HER TARAP DIŇE ŞU YLALAŞYKDA GÖZ ÖŇÜNDE TUTULYŞY ÝALY BAŞGA BIRINE BORÇLY BOLAR WE ONUŇ ŞERTNAMADA, DELIKTDE (KANUN BOZMADA), DÜZGÜNNAMA ESASYNDA ÝA-DA BAŞGAÇA HIÇ HILI BAŞGA BORÇNAMASY, BORJY ÝA-DA JOGAPKÄRÇILIGI ÝOK.

(f) ULANYLÝAN KANUN ESASYNDA RUGSAT EDILEN IŇ ULY ÇÄKLERDE ŞU YLALAŞYKDAKY ÇÄKLENDIRMELER, KADADAN ÇYKMALAR WE BOÝUN GAÇYRMALAR: (i) HAK ISLEGIŇ ESASYNYŇ, SIZIŇ HAÝÝŞYŇYZYŇ ÝA-DA HEREKETIŇIZIŇ, ŞOL SANDA, ÝÖNE ÇÄKLENMÄN, GELEŇSIZLIGE, DELIKTE (KANUN BOZMA), BERK JOGAPKÄRÇILIGE, DÜZGÜNNAMA, ŞERTNAMANYŇ BOZULMAGYNA ÝA-DA ISLENDIK BAŞGA KANUNY TEORIÝA GARAMAZDAN, ULANYLAR; (ii) ŞU YLALAŞYGYŇ MÖHŇM MAKSADYNYŇ ÝADA ONDA GÖRKEZILEN ISLENDIK GORAG SERIŞDESINIŇ ESASY BOZULMAGY ÝA-DA BOZULMAGYNDAN ÝA-DA BOZULMAGYNDAN ÝA-DA BOÝUN GAÇYRMASYNDAN GEÇER; (iii) ŞU ÝERDE GÖRKEZILEN ÝITGILERI ÖWEZ DOLMAK BORÇNAMALARYNA ÝA-DA BEÝLEKI TARAPYŇ INTELLEKTUAL EÝEÇILIGINIŇ BIKANUN EÝELENILMEGINE ÝA-DA KAST EDILMEGINE ÝA-DA “BLACKBERRY SOLUTIONDAN PEÝDALANMAK DÜZGÜNLERI” (BÖLÜM 3), “MAKSATNAMALAÝYN ÜPJÜNÇILIK WE RESMINAMA YGTYÝÁRNAMASY” (BÖLÜM 2), “INTELLEKTUAL EÝEÇILIGI” (BÖLÜM 11), “EKSPORT, IMPORT WE PEÝDALANMAKLYGYŇ ÇÄKLENDIRMELERI HEM ABŞ-NYŇ HÖKÜMETINIŇ YGTYÝÁRNAMALARY” (BÖLÜM 12), “GIZLINLIK WE REWERSIW DÄL INŽINIRING (TASLAMA ETMEKLIK)” (BÖLÜM 15) WE “PEÝDALANYJYNYŇ MAGLUMATLARY” (BÖLÜM 25) ATLY BÖIÜMLERINIŇ BOZULMAGYNA ULANYLMAÝAR; WE (iv) JEMLÄNIŇDE, RIM-E ÝA-DA RIM-IŇ KOMPANIÝALAR TOPARYNA, OLARYŇ MIRAS HUKLYLARYNA, SESSIONARIÝLERINE WE RIM-IŇ YGTYÝÁRLY EDILEN PAÝLAÝJYLARYNA (ŞOL SANDA EFIR WAGTYNDAKY (RIM-IŇ YGTYÝÁRLY EDILEN MAKSATNAMALAÝYN ÜPJÜNÇILIGINIŇ PAÝLAÝJYLARY HÖKMÜNDE HEREKET EDÝÄN GEÇIRIŞ WAGTYNDAKY HYZMATLARYŇ PROWAÝDERLERINE) ULANYLAR.

(g) HIÇ HILI ÝAGDAÝDA ISLENDIK WEZIPELI ADAM, DIREKTOR, IŞGÄR, AGENT, PAÝLAÝJY, GETIRIJI (HÖDÜRLEÝÄN SATYJYDAN BAŞGA), HYZMATLARYŇ PROWAÝDERI, GARAŞSYZ POTRATÇY, ÝA-DA RIM-IŇ KOMPANIÝALAR TOPARYNYŇ ISLENDIK EFIR WAGTYNDAKY (GEÇIRIŞ WAGTYNDAKY) HYZMATLARYŇ PROWAÝDERI (ÝOKARDA GÖRKEZILENDEN BAŞGA) ŞU

YLALAŞYKDAN GELIP ÇYKÝAN ÝA-DA ONUŇ BAGLANYŞYKLY BOLAN JOGAPKÄRÇILIGI ÇEKMEÝÄR.

(h) SIZ ŞU YLALAŞYKDA GÖRKEZILEN BOÝUN GAÇYRMALARYŇ, KADADAN ÇYKMALARYŇ WE ÇÄKLENDIRMELERIŇ TARAPLARYŇ ARASYNDAKY YLALAŞYGYŇ MÖHÜM ELEMENTINI DÜZÝÄNDIGINI WE ŞULAR ÝALY BOÝUN GAÇYRMALARYŇ, KADADAN ÇYKMALARYŇ WE ÇÄKLENDIRMELERIŇ BOLMADYK HALATYNDA (i) ŞU YLALAŞYKDA TÖLEGLERIŇ WE BEÝLEKI ŞERTLERIŇ DÜÝPLI TAPAWUTLANJAKDYGYNY; WE (ii) RIM-IŇ ŞU YLALAŞYK ESASYNDA MAKSATNAMALAÝYN ÜPJÜNÇILIGINI WE RIM-IŇ HYZMATLARYNY HÖDÜRLEMEK UKYPLYLYGYNYŇ WE SIZIŇ MAKSATNAMALAÝYN ÜPJÜNÇILIGINI WE RIM-IŇ HYZMATLARYNY YGTYÝARNAMALAŞDYRMAK UKYPLYLYGYŇYZYŇ ÜÇÜNJI TARAPYŇ PREDMETLERINI WE ÜÇÜNJI TARAPYŇ HYZMATLARYNY SIZIŇ BLACKBERRY SOLUTION-YŇYZYŇ ÜSTÜNDEN ELÝETER EDILIP, TÄSIR EDILIP BILINJEKDIGINI YKRAR EDÝÄRSIŇIZ WE YLALAŞÝARSYŇYZ.

ŞU YLALAŞYKDA HIÇ BIR ZAT MAKSATNAMALAÝYN ÜPJÜNÇILIGINDEN WE RIM-IŇ HYZMATLARYNDAN BAŞGA, SIZIŇ BLACKBERRY SOLUTION-YŇYZYŇ BÖLEKLERI ÜÇIN RIM TARAPYNDAN GÖZ ÖŇÜNDE TUTULAN ISLENDIK ÝAZMAÇA YLALAŞYKLARYŇ ÝA-DA KEPILLENDIRMELERIŇ ORNUNY TUTMAGA NIÝETLENILMEÝÄR.

24. <u>Maglumaty toplamaga, ulanmaga, işläp taýýarlamaga, geçirmäge, saklamaga we aýan etmäge razyçylyk (bilelikde “Prosess” ýa-da “Işläp taýýarlama")</u>

RIM-iň kompaniýalar topary we onuň hyzmatlarynyň prowaýderi tarapyndan işlenilip taýýarlanan şahsy maglumatlar RIM-iň Gizlinlik Syýasatyna laýyklykda işlenilip taýýarlanylar (şu Ylalaşyga salgylanma arkaly birleşdiriler we ony <u>www.blackberry.com/legal</u> görüp bolar ýa-da <u>legalinfo@rim.com</u> elektron poçtadan alyp bolar).

(a) Şahsy maglumat. Siziň BlackBerry Solution-yňyzy (ýa-da onuň islendik bölegini), RIM-iň hyzmatlaryny ýa-da baglanyşykly bolan Efir wagtyndaky (geçiriş wagtyndaky) Hyzmatlaryny) gurnamaňyz we/ýa-da peýdalanmaňyz RIM-iň kompaniýalar topary we onuň hyzmatlarynyň prowaýderleri, Siziň Efir wagtyndaky (geçiriş wagtyndaky) Hyzmatlaryny) hyzmatlaryňyzyň prowaýderleri we Siziň BlackBerry Solution-yňyz bilen ulanylan önümleriňiz ýa-da hyzmatlaryňyz bilen üçünji taraplar tarapyndan Siz we Siziň Ygtyýarly Peýdalanyjylaryňyz (bilelikde “Peýdalanyjylar”) barada ulanylýan kanun esasynda kesgitlenilişi ýaly şahsy maglumatyň işlenilip taýýarlanylmagynyň netijesi bolup biler. Ulanylýan hyzmatlara baglylykda, şahsy maglumat ady, electron poçtanyň salgysyny, telefon belgisini, BlackBerry ID, hasap mandatlary we gurnamalary, Handheld Önümi barada maglumaty (mysal üçin, Handheld Önümiň PIN ýa-da beýleki gurluşlaryň kesgitleýjileri), Handheld Önümiň ýerleşişi barada maglumaty (aşakda beýan edilişi ýaly), Efir wagtyndaky (geçiriş wagtyndaky) Hyzmatlaryň Prowaýderi barada maglumaty we Siziň BlackBerry Solution-yňyzyň funksionallygynyň peýdalanylmagy barada maglumaty we Siziň BlackBerry Solution-yňyz bilen baglylykda ulanylýan RIM Hyzmatlary ýa-da maksatnamalaýyn üpjünçiligi we abzallaýyn üpjünçiligi barada maglumaty öz içine alyp biler. Siz RIM-iň kompaniýalar toparynyň Sizden gös-göni şular ýaly şahsy maglumaty toplap biljekdigine ýa-da ony Efir wagtyndaky (geçiriş wagtyndaky) Hyzmatlaryň Prowaýderinden ýa-da Siziň BlackBerry Solution-yňyz bilen ulanylýan üçünji taraplaryň önümleri bilen alynyp biljekdigine ylalaşýarsyňyz.

(b) Maksatlar. RIM-iň Gizlinlik syýasaty bilen utgaşmada şahsy maglumat RIM-iň kompaniýalar

topary we özleriniň hyzmatlarynyň prowaýderleri tarapyndan (i) Siziň zerurlyklaryňyza we makul bilmeleriňize düşünmeklige we olara laýyk gelmeklige we Sizi öz BlackBerry Solution bilen üpjün edilmegiňize baglylykdaky maksatlar üçin; (ii) täze we gowulandyrýan bar bolan önümleri we hyzmatlary, şol sanda olar barada Siz bilen habarlaşmak üçin döretmek; (iii) RIM-iň kompaniýalar toparynyň işini we amallaryny dolandyrmak we ösdürmek; we (iv) kanuny we düzgünleşdiriji talaplara laýyk gelmek maksatlary üçin işlenilip taýýarlanylyp biliner. Mundan başga-da, RIM kämilleşdirmeleri ýa-da täzelemeleri ýa-da Maksatnamalaýyn üpjünçiliginiň kämilleşdirmeleri ýa-da täzelemeleri barada mälim etmeleri ýa-da RIM-iň önümleri we hyzmatlary, Üçünji Tarapyň Maksatnamalaýyn üpjünçiligi, Üçünji Tarapyň Razylygy ýa-da Üçünji Tarapyň Hyzmatlaryny we baglanyşykly önümlerini ýa-da hyzmatlaryny Peýdalanyjylara elýeter edip biler ýa-da iberip biler.

(c) "Bulutlaryň aşakky gyrasy" Hyzmatlary. Eger Siz "Bulutlaryň aşakky gyrasy" habarlary ýa-da hyzmatlary ýa-da olardan peýdalanmagy bellige alsaňyz ýa-da RIM-iň kompaniýalar topary we onuň hyzmatlarynyň prowaýderleri tarapyndan uzak aralykdaky girmek ygtyýaryndan, Siziň girizýän maglumatyňyzdan peýdalansaňyz, şular ýaly hyzmatlar bilen üpjün etmek ýa-da integrirlemek (birleşdirmek) üçin göz öňünde tutulsa (mysal üçin, atlary we suratlary, habarlaryň ýagdaýyny, habarlaşmak üçin sanawy ýa-da toparlaryň maglumatyny, senenamany ýa-da meseleler we aragatnaşyk serişdeleriň faýllary ýaly beýleki gurluşlar barada maglumaty görkezmek) Siziň RIM bilen baglaşan ylalaşygyňyza (-laryňyza) laýyklykda hyzmatlara ýardam bermek üçin RIM-iň kompaniýalar topary tarapyndan işlenilip taýýarlanylyp biliner we Siziň RIM-i şular ýaly maglumatlar bilen üpjün etmek üçin ähli gerekli razylyklaryňyzyň bardygyna wekilçilik edýärsiňiz we ony kepillendirýärsiňiz. Eger BlackBerry AppWorld we My World ýa-da islendik meňzeş hyzmat peýdalanylsa, onda RIM-iň kompaniýalar topary haýsy Maksatnamalaýyn üpjünçiliginiň, RIM Hyzmatlarynyň, Üçünji tarapyň predmetleriniň we/ýa-da Üçünji tarapyň hyzmatlarynyň ýüklenilip alnandygy we Siziň Handheld Önümiňiz esasynda peýdalanylýandygy baradaky maglumaty işläp taýýarlap biler.

(d) Sosial Funksionallygy. RIM-iň belli bir Hyzmatlary ýa-da Maksatnamalaýyn üpjünçiliginiň aýratynlyklary "sosial" funksionallygy öz içine alyp biler, ol Sizi duýulýan edtmäge we beýleki şahsyýetler bilen birikdirilmäge we RIM-iň Hyzmatlary ýa-da Maksatnamalaýyn üpjünçiligi ýa-da RIM tarapyndan elýeter edilen sosial funksionallygy bilen integrirlenen Üçünji tarapyň maksatnamalaýyn üpjünçiligi ýa-da Üçünji tarapyň hyzmatlary bilen Siziň tejribäňizi gowulandyrmaga ýa-da artdyrmaga ýardam berýär. Eger Siz şular ýaly funksionallygy ulansaňyz, Siziň beýlekiler bilen özara täsir etmek ýa-da birleşmek üçin taýýarlygyňyzyň beýlekiler üçin görkezilip bilinjekdigine we siziň profiliňiziň, atlaryň görkezilmeginiň, suratlaryň görkezilmeginiň, habarlaryň ýagdaýynyň, agzalyk ýagdaýynyň we beýleki kesgitleýjileriň ýa-da maglumatyň şular ýaly şahsyýetler tarapyndan görülip we teswirlenilip bilinjekdigine ylalaşýarsyňyz. Mysal üçin, eger Siz RIM-iň Hyzmatyndan ýa-da RIM-iň "BlackBerry Habar beriji Sosial Platformasy" bilen integrirleýän Üçünji tarapyň Hyzmatyndan peýdalansaňyz, Siz (i) Siziň BlackBerry Habar berijiňiziň aragatnaşyklarynyň şular ýaly RIM-iň Hyzmatyndan ýa-da Üçünji tarapyň hyzmatyndan peýdalanmagyňyzda görüp bilmäge, (ii) Siziň BlackBerry habar berijiňiziň aragatnaşyklarynyň ýükläp alan, sarp edýän ýa-da Siziň RIM-iň Hyzmatyndan ýa-da Üçünji tarapyň hyzmatyndan peýdalanmagyňyzyň bölegi hökmünde paýlaşmak üçin elýeter bolan , şeýle hem olar barada Siziň ýa-da beýlekileriň bellikleri boýunça Siziň profiliňize we maksatnamalaýyn üpjünçiligiňize we Contentyňyza (ýagny, RIM-iň Hyzmatyna ýa-da Üçünji tarapyň maksatnamalaýyn üpjünçiligine baglylykda oýunlar, saz ýa-da beýleki aragatnaşyk serişdeleriň faýllary) garap biljekdigine, (iii) haçan-da Siz RIM-iň Hyzmatyndan ýa-da Üçünji tarapyň hyzmatyndan peýdalanmaklygyň bölegi hökmünde ýüklenilip alnan ýa-da sarp edilen Siziň aragatnaşyklaryňyz ýa-da maksatnamalaýyn üpjünçiligiňiz ýa-da Contentyňyz barada bellikleri hödürläniňizde, Siz barada maglumat (ýagny, Siziň bellikleriňiz, peýdalanyjynyň profiliniň ady,

we ekrandaky suraty) şol şahsyýetiň beýleki aragatnaşyklaryna görkezilip bilinjekdigini we (iv) RIM-iň Hyzmatynyň ýa-da Üçünji tarapyň hyzmatynyň Siziň RIM-iň Hyzmatyndan ýa-da Maksatnamalaýyn üpjünçiliginden makullamalaryňyza we peýdalanmaňyza esaslanan maslahatlary işläp düzmek üçin seljermäni ýerine ýetirýän awtomatik funksionallygy öz içine aljakdygyna ylalaşýarsyňyz. Şular ýaly RIM-iň Hyzmaty ýa-da Maksatnamalaýyn üpjünçiligi üçin elýeter opsiýalary ýa-da gizlinligiň gurnamalary üçin ulanylýan RIM-iň Hyzmaty ýa-da Maksatnamalaýyn üpjünçiligi üçin opsiýalaryň ulanylýan gurnamalaryny barlamagyňyzy haýyş edýäris.

(e) Üçünji tarapyň hyzmatlary bilen integrasiýa. Eger Siz öz BlackBerry Solution-yňyzy Üçünji tarapyň hyzmatlary integrirlemekligi ýa-da birleşdirmekligi saýlap alsaňyz (mysal üçin, üçünji tarapyň elektron poçta arkaly hyzmatlary ýa-da Size Handheld önümine (-lerine) sosial ulgamlara girmek we olardan peýdalanmak üçin ýardam berýän hyzmatlary ýa-da üçünji taraplar tarapyndan hödürlenen beýleki hyzmatlar, Siz öz adyňyzdan Siziň şahsy we/ýa-da ýerli maksatlar üçin şular ýaly Üçünji tarapyň hyzmatlaryna Siziň girmegiňize ýardam bermek üçin şular ýaly Üçünji tarapyň hyzmatlaryna degişlilikde Siziň şahsy maglumatlaryňyzy işläp taýýarlamak üçin öz mandatlaryňyzdan peýdalanmaklygy RIM-i ygtyýar edýärsiňiz. Işläp taýýarlanan maglumat (i) Siziň peýdalanyjyňyzyň ID, paroly, identifikasiýa nyşanlary ýa-da her şular ýaly üçünji tarapyň elektron poçta hyzmaty ýa-da Siziň öz BlackBerry Solution-yňyz bilen integrirlenen beýleki hasabyňyz (-laryňyz) üçin beýleki mandatlary; (ii) Siziň Maksatnamalaýyn üpjünçiligiňiziň hasap profil maglumatyňyzy (mysal üçin, BlackBerry ID, Siziň ekrandaky suratyňyz, ekrandaky adyňyz, şahsy habar, elýeterliligiň ýagdaýy, ýurt, wagt zolagy, unikal gurluş identifikatorlary we ş.m.); (iii) gurluşdaky aragatnaşyklar barada maglumaty; (iv) Siziň Maksatnamalaýyn üpjünçiligiňiziň hasabyna birleşdirilen üçünji tarapyň goşmaçalarynyň ýa-da hyzmatlarynyň görkezilmegini; we (iii) Siziň Maksatnamalaýyn üpjünçiligiňiziň hasabyna birleşdirilen üçünji tarapyň goşmaçalaryndan ýa-da hyzmatlaryndan Siziň peýdalanmagyňyzyň netijesindäki sessiýa maglumatlary (mysal üçin, Siziň Maksatnamalaýyn üpjünçiligiňiziň hasabyňyzyň profil gutusynda görkezmek üçin üçünji tarapyň oýny ýa-da goşmaçasy bilen birleşdiriliň gazanan ýokary ballaryňyz, habarlaryň bir bada alyş-çalyş funksionallygy arkaly ýardam berilen we üçünji tarapyň goşmaçalarynyň ýa-da hyzmatlaryny birleşdirilmeginde öz üstüne alnan habarlaryň bir bada alyş-çalyş çatlarynyň netijesindäki habarlaryň bir bada alyş-çalyş maglumatlary we ş.m.) öz içine alyp biler. Şeýle hem Siz aktiwasiýa, hasabyň berilmegi, şert, saklamaklyk we deaktiwasiýa maksatlary üçin ulanylýan Üçünji tarapyň hyzmat prowaýderine şular ýaly maglumaty aýan etmäge ygtyýar berýärsiňiz. Eger Siz öz BlackBerry Handheld önümiňiz bilen baglylykda Üçünji tarapyň hyzmatlaryndan we Üçünji tarapyň maksatnamalaýyn üpjünçiliginden peýdalansaňyz, üçünji taraplar Siziň BlackBerry Handheld önümiňizde saklanylýan Işläp taýýarlanylýan maglumatlaryňyzy (şol sanda şahsy maglumaty) okamaga, olara girmäge, eksport etmäge we başgaça ulanmaga ukyply bolup bilersiňiz. Girmäge ygtyýar edilen şular ýaly üçünji tarapyň hyzmatlary RIM-iň gözegçiligi astynda däl. Eger Siziň şahsy maglumatyňyz Siziň efir wagtyndaky (geçiriş wagtyndaky) hyzmatlar prowaýderiňize ýa-da Siziň BlackBerry Solution-yňyz bilen ulanylýan önümler ýa-da hyzmatlar bilen üçünji taraplara aýan edilse, Siziň peýdalanmaňyz şular ýaly üçünji taraplaryň ulanylýan ylalaşygyna (-laryna) we gizlinlik barada syýasatlara degişlidir, we Siz Üçünji tarapyň hyzmatlaryndan we Üçünji tarapyň maksatnamalaýyn üpjünçiliginden peýdalanmazdan öň şular ýaly şertlere garamaly. Siz şular ýaly Üçünji tarapyň hyzmatlaryna we Üçünji tarapyň maksatnamalaýyn üpjünçiligine gözegçiligi etmäge we elýeter bolmaga rugsatlary kesgitlemek üçin köp zatlary we nirede ulanylýandygyny öwrenmek üçin Siziň Handheld önümiňiziň opsiýalaryna garamaly ýa-da olaryň menýusyna ýardam bermeli.

(f) Kukis (obýektler) we meňzeş tehnologiýalar. RIM-iň kompaniýalar topary Sizi we RIM-i goramak, RIM-iň hyzmatlaryny Siziň tejribäňizden peýdalanmak üçin aňsat etmek ýa-da peýdalanyjylaryň biziň RIM hyzmatlarymyz we BlackBerry Solution bilen nädip

meşgullanýandygyny bize düşünmäge kömek etmek üçn we olaryň aýratynlyklaryny gowulandyrmak üçin seljerme üçin belli bir hyzmatlary bellige almak üçin Size mümkinçilik bermek üçin “kukis”-den (siziň kompýuteriňizde ýa-da Handheld Gurluşynda saklanylýan maglumatlaryň kiçi bölekleri) ýa-da anonimlenen maglumatlardan peýdalanmak arkaly meňzeş gullardan peýdalanyp biler. Brauzer kukisi nädip aýyrmalydygyna ýa-da blokirlemelidigine degişlilikde Siziň Handheld önümiňiziň brauzerindäki gurnamalary barlamagyňyzy haýyş edýäris.

(g) Goldaw we hil kepillendirmesi. Eger Siz öz Handheld Önümiňiziň goldawy ýa-da abatlanylmagy üçin RIM bilen habarlaşsaňyz ýa-da RIM tarapyndan şular ýaly maksatlar üçin göz öňünde tutulan elektron poçta ýa-da karotaž gurallar arkaly anyklaýyş ýa-da beýleki tehniki maglumatlary ugratsaňyz, Siz RIM-iň kompaniýalar toparynyň Handheld Önümiň PIN belgisi, abzallaýyn üpjünçiliginiň ID we model belgisi, ýadyň ýagdaýy, amallar ulgamy we daşky gurşaw barada maglumat, batareýanyň ýagdaýy, Wi-Fi, radio ýa-da simsiz güýjenme we birikdirmeler, gurnalan amaly (goşmaça) ulgamlaryň sanawy, maksatnama ýa-da amaly (goşmaça) ulgamlaryň peýdalanmagy barada maglumat, işleýiş proseslerine degişlilikdäki maglumatlar we gurluşyň konfigurasiýasy, ulgam netijeleri we anyklaýyş maksatlary üçin peýdaly bolup biljek Siziň BlackBerry önümiňiziň şertine degişlilikdäki beýleki maglumatlar ýaly tehniki maglumatlary toplap biler. Şular ýaly maglumatlar RIM-iň gizlinlik baradaky syýasatyna laýyklykda näsazlyklaryň aradan aýrylmagy, müşderileriň goldawy, maksatnamalaýyn üpjünçiligiň täzelemeleri we RIM önümleriniň hem hyzmatlarynyň gowulandyrylmagy maksatlar üçin peýdaly bolar. Eger seljerme üçünji tarapyň önüminiň çekilendigini görkezse, RIM näsazlyklaryň aradan aýrylmak prosesiniň bölegi hökmünde üçünji tarapyň önüminiň satyjysyna belli bir anyklaýyş ýa-da tehniki maglumaty iberip biler. Siz RIM we onuň hyzmatlar prowaýderleri bilen çagyryşlaryň okuw, hil kepillendirmesi, müşderileriň hyzmaty we salgylanma maksatlary üçin ýazylyp bilinjekdigini ykrar edýärsiňiz we ylalaşýarsyňyz.

(h) Ýerleşýän ýeri barada maglumat. RIM-iň kompaniýalar topary GPS ýa-da meňzeş hemra arkaly hyzmatlaryndan (elýeter bolan ýerinde) ýa-da birleşdirilen çeşmeli Wi-Fi girmek ygtyýarly nokatlaryndan we öýjükli başnýa ýerleşmelerinden peýdalanmak arkaly maglumatlary ýerleşdirmeklige umyt edilýän belli bir aýratynlyklary ýa-da hyzmatlary üpjün edip biler. Mysal üçin, elýeter bolanda, Size Maksatnamalaýyn üpjünçiliginiň ýa-da BlackBerry Solution-yň aýratynlyklary Siziň aragatnaşygyňyz (-laryňyz) bilen ýerleşýän ýerden bilelikde peýdalanmaga ýa-da Siziň Handheld önümiňizi ýerleşdirmäge, habary ugratmaga, sesli çalmak ýa-da şol önümi uzaklykda blokirlemäge ýa-da gysyp çykarmaga ýardam berilip biliner (Efir wagtyndaky (geçiriş wagtyndaky) hyzmatlar prowaýderiň öz içine alýan ulgamy, Siziň Handheld önümiňiziň şerti we soralan wagtyndaky ulgamyň serişdeleri). Beýleki BlackBerry Solution aýratynlyklary ýa-da önümleri hem Siziň peýdalanýan RIM-iň hyzmatlaryna ýardam bermek ýa-da gowulandyrmak üçin anonimleşdirilen ugry we gönükdirilen maglumaty (ýagny, BlackBerry Traffic) ýa-da ýerleşýän ýer barada gözleg soraglaryny toplap bolýar. Şular ýaly aýratynlyklary ýa-da hyzmatlary üpjün etmek üçin Handheld önüminiň ýerleşişi barada maglumat (şol sanda GPS maglumaty, göteriji ID, başnýa ID, Wi-Fi girmek ygtyýaryň nokatlarynyň Esasy hyzmat identifikatory (“BSSID”) we görünýän Wi-Fi girmek ygtyýaryň nokatlarynyň signalynyň intensiwligi ýa-sa öýjükli başnýalar) barada RIM-iň kompaniýalar toparyna habar beriler, haçan-da Siz öz Handheld önümiňizden ýa-da aktiwleşdirilen maglumat hyzmatlaryndan we ýerleşişe esaslanan funksionallykdan peýdalansaňyz. RIM-iň kompaniýalar topary peýdalanyjyny aýratynlykda kesgitleýän görnüşde şular ýaly maglumaty saklamaýar we RIM-iň kompaniýalar topary tarapyndan ýa-da onuň adyndan göz öňünde tutulan ýa-da Siziň BlackBerry Solution-yňyzdan peýdalanylýan Üçünji taraplaryň hyzmatlary boýunça göz öňünde tutulan ýerleşişe esaslanan hyzmatlar bilen Sizi üpjün etmek we olary gowulandyrmak üçin şular ýaly maglumatlardan peýdalanyp biler. RIM-iň kompaniýalar topary hem ýerleşişde duýgur mahabat işine esaslanan maglumat bilen üpjün etmek üçin toplanan ýa-da anonimli edilen maglumatlary döretmek üçin

şular ýaly maglumatdan peýdalanyp biler. Gurluşda ýerleşen aýratynlyklary öçürmekligi ýa-da sazlamaklygy ýa-da ýerleşiş barada maglumatdan peýdalanyp biljek Siziň Handheld Önümiňiziň goşmaçalaryndan täzeden gurnamaklygy nädip saýlap almaklyga degişlilikde BlackBerry Handheld maksatnamalaýyn üpjünçiliginiň opsiýalaryna garamagyňyzy ýa-da onuň menýusyna ýardam bermegiňizi haýyş edýäris. Haçan-da ýerleşiş barada maglumatlardan peýdalanýan ýa-da olary üpjün edýän Üçünji tarapyň hyzmatlaryndan peýdalananda Siz şular ýaly Üçünji tarapyň hyzmatlary arkaly ýerleşiş barada maglumatlardan peýdalanmak babatynda şular ýaly Üçünji tarapyň şertlerine we gizlinlik baradaky syýasata garamaly hem-de Siz özüňiziň ýerleşiş barada maglumatlaryňyzyň beýleki adamlara aýan edilmegine razy bolmagyňyzdan öň degişli ara alyp maslahatlaşmany geçirmeli.

(i) Halkara geçirmeler. Siz BlackBerry Solution-y we RIM Hyzmatlaryny üpjün etmek üçin (şol sanda "Bulutlaryň aşakky gyrasy" we uzak aralykdaky girmek ygtyýary, saklaýyş ýa-da ätiýaçlykda dublirleme funksionallygy) RIM-iň kompaniýalar toparynyň käbir ýagdaýlarda Peýdalanyjylaryň ýerleşýän ýurisdiksiýasynyň içinde ýa-da daşynda, şol sanda Kanadada, Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda, Birleşen Patyşalykda, Singapurda ýa-da RIM-iň kompaniýalar toparynyň serişdeleriniň işleýän beýleki ýurtlarynda RIM-iň kompaniýalar topary tarapyndan ýa-da onuň adyndan işleýän serwerlerde şahsy maglumatlary we aragatnaşyklaryň Contenty bolup biljek maglumatlary işläp taýýarlap biler. Eger Peýdalanyjylar Ýewropa Bileleşik zolagynyň ýa-da şol ýurisdiksiýanyň ýa-da sebitiň daşynda şahsy maglumatlary geçirmek üçin razylyk gerek bolan islendik ýurisdiksiýanyň rezidentleri bolsa, Siz şular ýaly işläp taýýarlamaga ylalaşýarsyňyz we şeýle etmek üçin Siziň Peýdalanyjylaryňyzdan ulanylýan kanunlar esasynda zerur bolan ähli razylyklary alandygyňyzy kepillendirýärsiňiz.

25. Peýdalanyjynyň maglumatlary. Bölüm 24 boýunça ygtyýar edilen islendik aýan etmelere goşmaça hökmünde Siz we Siziň ygtyýarly edilen peýdalanyjylaryňyz RIM-iň kompaniýalar toparynyň we onuň hyzmatlar prowaýderleriniň, beýleki hyzmatdaşlaryň we bölümleriň ýerleşen ýerindäki ýurtlarynyň kanunlary esasynda Size ýa-da Siziň ygtyýarly edilen peýdalanyjylaryňyza (i) kazyýet prosesini ýa-da mejbury ulanylýan hökümet hukuk kadasyny ýa-da kanun easynda talap edilýän başgaça berjaý etmek; (ii) şu Ylalaşygyň bozulmagynda derňew hereketlerinde üçünji taraplar bilen hyzmatdaşlyk etmek; ýa-da (iii) şu Ylalaşygyň ýerine ýetirilmegini berjaý etmek üçin Internet hyzmatlar prowaýderlerinde, ulgamlarynda ýa-da hasaplaýyş serişdelerinde ulgam administratorlary bilen hyzmatdaşlyk etmek maksady bilen RIM-iň kompaniýalar toparynyň RIM-e, üçünji taraplara, şol sanda daşary ýurt ýa-da ýerli hökümet edaralaryna Siziň ýa-da Siziň ygtyýarly edilen peýdalanyjylaryňyzyň maglumatlaryny, şol sanda şahsy maglumatlary, Siziň aragatnaşyklaryňyzyň Contenty ýa-da Siziň BlackBerry Solution-yňyzyň funksionallygynyň peýdalanylmagy barada we Siziň BlackBerry Solution-yňyz bilen baglylykda ulanylýan hyzmatlar ýa-da maksatnamalaýyn üpjünçiligi we abzallaýyn üpjünçiligi barada maglumatlara girip, saklap we aýan edip bilersiňiz. Ýokarda beýan edilişi ýaly şular ýaly peýdalanyjynyň maglumatlaryny toplamak, olardan peýdalanmak, olary işläp taýýarlamak, geçirmek, we/ýa-da aýan etmek üçin RIM-iň kompaniýalar topary üçin we RIM-iň kompaniýalar toparyna peýdalanyjynyň maglumatlaryny aýan etmek üçin Siziň ygtyýarly edilen peýdalanyjylaryňyzdan ulanylýan kanunlar esasynda zerur bolan ähli razylyklaryň Sizde bardygyny kepillendirýärsiňiz.

26. Belleme we delegirleme. RIM Size mälim etmäni ibermezden, şu Ylalaşygy belläp biler. Siz RIM-iň ýazmaça görnüşinde deslapky razylygy bolmazdan, şu Ylalaşygy tutuş ýa-da bölekleýin bellemersiňiz (şular ýaly razylyk RIM-iň ygtyýary bilen boýun gaçyrylyp ýa-da şertlendirilip biliner) we RIM-iň ýazmaça görnüşinde deslapky razylygy bolmazdan, islendik belleme ýatyrylar we hakyky däl hem güýjüni ýitiren diýip, hasap ediler. RIM şu Ylalaşyk esasynda gös-göni ýerine ýetirilmeli ähli borçnamalaryny ýerine ýetirip biler ýa-da onuň potratçysy ýa-da kömekçi potratçylary tarapyndan ýerine ýetirilmeli käbir ýa-da ähli borçnamalaryny ýerine ýetirip biler.

27. Mälim etmeler. Şu Ylalaşykda başgaça göz öňünde tutulanlardan başga, şu ýerdäki ähli mälim etmeler

ýa-da beýleki habarlar ýazmaça görnüşinde düzülip, hut özüne, kurýer ýa-da poçta goýlup, poçta çykdajylary öňünden tölenip, bellige alnan poçta ýa-da onuň ekwiwalenti boýunça, alandygy barada kwitansiýa we RIM tarapyndan Size getirilen, hasaplary ýazyp berilen salgy boýunça Size iberilen we 1 International Business Park, The Synergy Building, 2nd Floor, Singapur 609917 salga, Buýruk beriji direktora bermek bilen Research In Motion Singapore Pte. Limited-e salgylanan; RIME bolan halatynda http://www.blackberry.com/legal/rime -da görkezilen salga iberilen; we her ýagdaýda 295 Philip Street, Waterloo, Ontario, Kanada N2L 3W8 salgy boýunça RIM-iň Hukuk meseleleri boýunça baş hünärmenine iberilen halatynda, talaba laýyk derejede berilen diýip, hasap edilýär. Ýokarda agzalanlara goşmaça hökmünde RIM öz saýlamasyna görä şu Ylalaşyk esasynda elektron görnüşinde Size haýsydyr mälim etmäni berip biler. Size elektron görnüşinde berilýän mälim etme Siz tarapyndan RIM-e taýýarlanan electron poçta salgysyna geçirilende talaba laýyk derejede berilen diýip, hasap ediler we eger Sizde hiç hili şular ýaly salgy bilen göz öňünde tutulan RIM bar bolsa, mälim etme poçta arkaly http://www.blackberry.com/legal/. – da saýgarylanda talaba laýyk derejede berilip biliner.

28. Fors-mažor. Şu Ylalaşygyň islendik başga şertine garamazdan, haçan-da esasly gözegçilikden daşary bolan halatynda hiç bir Tarap öz borçnamalaryny ýerine ýetirmekden boýun gaçyrandygy üçin şu Ylalaşygyň bolmazlygy sebäpli diýip, hasap edilmez. Şu şert şu Ylalaşyk esasynda Taraplaryň biri tarapyndan beýleki Tarapa töleg geçirmek arkaly islendik borçnamany ýerine ýetirmezligi delillendirmek arkaly düşündirilmez.

29. Umumy.

(a) Üçünji tarapyň benefisiarlary. RIM-iň bölümleri we RIM hem onuň bölümleriniň direktorlary, wezipeli adamlary we işgärleri şu Ylalaşygyň “Tehnologiýalardan peýdalanmaklyga degişli bolan howpsuzlyk barada maglumat” (Bölüm 8(b)), “Ýitgileriň öwezini dolmak kepillendirmesi/jogapkärçilik” (Bölüm 19), “Jogapkärçiligiň çäklendirilmegi” (Bölüm 23) we “Boýun gaçyrma” (Bölüm 22) bölümleriniň maksady üçin üçünji tarapyň niýetlenen benefisiarlary bolup durýar. RIM hyzmatlary üçin Content getirijileri “BlackBerry Solution-dan peýdalanmak düzgünleri” (Bölüm 3) we “Intellektual eýeçilik” (Bölüm 11) bölümlerde görkezilen öz Contentyndan peýdalanmakda goraglar we çäklendirmeler boýunça üçünji tarapyň benefisiarlary bolup durýar. Şu bölümde aýratyn görkezilenden başga, şu ýerdäki şertler Taraplaryň peýdasy üçin bolup durýar we olar islendik başga adam ýa-da edara üçin däldir.

(b) Borçnamalary ýerine ýetirmekden boýun gaçyrma. Hiç bir Tarap mejbur etmäge jan edilen boýun gaçyrmanyň garşysyna bolan Tarapyň ygtyýarly adamsynyň gol çekmegi bilen ýazmaça görnüşinde şular ýaly boýun gaçyrma bolmasa, boýun gaçyrma, gijikdirme ýa-da islendik başga kanuny ýa-da adalatlylyk hukuk taglymaty esasynda şu Ylalaşyk boýunça islendik hukukdan boýun gaçyrýar ýa-da ondan mahrum edilýär diýip, hasap edilmeýär.

(c) Bolmaklygyň dowam etmegi. Şu Ylalaşykdaky möhletler, şertler we kepillendirmeler öz manysy we konteksti boýunça onuň ýerine ýetirilmeginde bolmaklygyň dowam edilmegine niýetlenen we şu Ylalaşygyň ýerine ýetirilmeginiň, ýatyrylmagynyň ýa-da möhletiniň tamamlanmagynyň, şol sanda ýitgileriň kepillendirmesi bölümleriniň amala aşyrylmagynda bolmaklygyny dowam etdirer.

(d) Ugur alynýan kanun we jedelleri çözmek. Şu Ylalaşyk hukuk kadalaryň dawa-jenjelinden ugur alynýan hukuk kadalarynyň islendik jeminden başga, Singapuryň kanunlary esasynda ugur alynýar we düşündirilýär. Taraplar Birleşen Milletler Guramasynyň Harytlaryň Halkara Söwdasy baradaky Şertnamalary boýunça Konwensiýasynyň şu Ylalaşyga ýüz tutmakdan onuň dolulygyna aýrylýandygyna ylalaşýarlar. Wyždanly (ak ýürekli) geçirilen gepleşiklerden soň Taraplaryň çözmäge ukypsyz bolan, şu Ylalaşykdan gelip çykýan ýa-da onuň bozulmagy bilen baglanyşykly islendik närazylyklar ýa-da jedeller ilki bilen Taraplaryň ýokary

ýolbaşçylar derejesiniň garamagyna hödürleniler. Siziň ýurisdiksiýaňyzdaky ulanylýan kanunlar esasynda aýratyn gadagan edilenden başga, eger Siz şahsyýet bolsaňyz, Taraplar özleriniň ýokary ýolbaşçylar derejesiniň wekilleriniň üstünden jedeliň garalmaga hödürlenen senesinden otuz (30) günüň dowamynda duşuşsa we eger Taraplar otuz (30) günüň dowamynda bolan duşuşygyň döwründe şular ýaly närazalygy ýa-da jedeli çözmäge ukyply bolmasa, şular ýaly närazalyk ýa-da jedel güýjüni saklaýan döwürde Singapuryň Halkara Arbitraž Merkeziniň Arbitraž Düzgünlerine ("SIAC düzgünleri") laýyklykda Singapurda geçirilen gutarnykly we hökmany arbitraž boýunça çözüler, onuň düzgünleri şu madda salgylanmak bilen goşulýar diýip, hasap edilýär. Kazyýet SIAC –yň Başlygy tarapyndan bellenilýän bir araçydan ybarat bolar. Arbitražyň dili iňlis dili bolar. Eger ýokarda agzalan şertler Siziň ýurisdiksiýaňyzdaky kanun esasynda gadagan edilse, arbitraž (i) Siziň ýurisdiksiýaňyzda geçiriler; (ii) Halkara Söwda Palatasynyň Arbitraž Düzgünlerine ("HSP düzgünleri") laýyklykda arbitraž esasynda kesgitlenilse; we (iii) HSP Düzgünlerine laýyklykda bellenilen we araçynyň bellenilmeginiň otuz (30) güni içinde Taraplar tarapyndan özara ylalaşylan bir araçy tarapyndan diňlenilse, ondan boýun gaçyrylanda bitarap üçünji tarap araçyny bellär. Taraplaryň her haýsysy arbitraž prosesi bilen baglylykda harajatlaryň ýarsyndan tölär. Taraplaryň arasynda ýa-da Sizden başga, çekilen islendik adam bilen hiç hili jedel RIM-iň deslapky ýazmaça razylygy bolmazdan, bilelikde birleşdiriler ýa-da utgaşdyrylar. Araçy tarapyndan berilen kararyň esasyndaky hokum ýurisdiksiýasy bolan islendik kazyýete girizilip biliner. Ýokarda agzalanlara garamazdan, RIM (i) eger ulanylsa, Siziň BlackBerry Solution-yňyzy ýa-da onuň islendik bölegini satyn almagyňyz bilen baglylykda Siziň tarapyňyzdan RIM-e tölenilmeli möçberlere; we (ii) Siziň "Siziň BlackBerry Solution-yňyzdan peýdalanmak düzgünleri" (Bölüm 3), "Maksatnamalaýyn üpjünçilik we resminamalar ygtyýarnamasy" (Bölüm 2), "Intellektual eýeçilik" (Bölüm 11), "Eksport, umport we peýdalanmaklygyň çäklendirmeleri hem ABŞ-nyň Hökümetiniň ygtyýarnamalary" (Bölüm 12), "Howpsuzlyk" (Bölüm 13), "Gizlinlik we rewersiw däk inžiniring (taslama etmeklik)" (Bölüm 15) we "Bes etmäniň netijesi" (Bölüm 18) atly şu Ylalaşygyň bölümleriniň Siziň tarapyňyzdan bozulmagyna ýa-da olaryň bozulmagyna synanyşmaňyza degişlilikde arz-şikaýatlar ýa-da jedeller üçin statut we umumy hukugyň kadalary boýunça hereket edýän kazyýetde prosessual ýa-da adalatly hereketleri, şol sanda kazyýet gadagan etmesi görnüşinde hukuk gorag serişdesini gözleýän prosesual hereketleri gozgamaga haklydyr. Siz şu Ylalaşykdan gelip çykýan ýa-da oňa bagly bolen islendik şular ýaly arz-şikaýatlar üçin Singapurda ýerleşen kazyýetleriň ýurisdiksiýasyna yzyna çagyryşsyz razylyga we tabşyrmaklyga hem ulanylýan kanunlar esasyndan rugsat edilen poçta ýa-da islendik başga usul bilen kazyýet resminamasyny gowşurmak üçin yzyna çagyryşsyz razylyga we ýygnalmaýan forum ýa-da islendik şular ýaly esaslara, geçirilýän ýeriň esaslaryna haýsydyr närazylykdan yzyna çagyryşsyz boýun gaçyrýarsyňyz. Taraplar şu Ylalaşyk esasynda jedel bolanda we şu jedeliň statut we umumy hukugyň kadalary boýunça hereket edýän kazyýetde çözülmelidigine ylalaşýarlar, şu jedel oturdaşly geçýän kazyýetde çözülmez. Taraplar şu Ylalaşyga degişli bolan ýa-da ondan gelip çykýan islendik meselede emin tarapyndan kazyýetde işi garamak üçin ähli hukuklardan boýun gaçyrýarlar.

(e) Bölünijilik. Çäklerde şu Ylalaşygyň islendik bölegi, maddasy, şerti ýa-da sözlemi ýa-da bölümi ("Bölek") islendik ýurisdiksiýadaky ygtyýarly edara tarapyndan bikanun, güýjüni saklamaýan ýa-da hak isleg üçin esas bolup durmaýan diýip, kesgitlenilýär, hem-de şol Bölegiň şular ýaly kesgitlemesi (i) şu Ylalaşygyň galan Bölekleriniň kanunylygyna, güýjüniň saklanylmagyna ýa-da hak isleg üçin esaslygyna; ýa-da (ii) islendik başga ýurisdiksiýadaky şol Bölegiň kanunylygyna, güýjüniň saklanylmagyna ýa-da hak isleg üçin esaslygyna täsir etmez, hem-de şol Bölek çäklendiriler, eger mümkin bolsa we diňe soňra bölünse, eger zerur bolanda, Ylalaşygyň güýjüniň we hak isleg üçin esaslygynyň ýerine ýetirilmegi üçin gerek bolan çäklerde mümkin bolup durýar.

(f) Dil. Eger şu Ylalaşyk iňlis dilinden başga bolan dile terjime edilse, iňlis dilindäki görnüş iňlis dilindäki görnüş bilen islendik terjimäniň arasyndaky manyda haýsydyr dawa ýa-da çapraz gelmeklik bolan çäklerde agdyklyk eder. Siziň ýurisdiksiýaňyzdaky kanun esasynda gadagan edilmeginden başga we diňe şol çäklerde şu Ylalaşyga bagly bolan islendik we ähli närazylyklar, jedeller, töwellaçylyk, araçylyk ýa-da çekişme, şol sanda islendik hat alyşmalar, oraşan etmeler (aýan etmeler), garamaga hödürlemeler, faýlda saklamalar, deslapky iş önümçilikleri, dilden iş önümçilikleri, argumentler (deliller), dilden argumentler (deliller) we buýruklar ýa-da pikirler (garaýyşlar) iňlis dilinde alnyp barylar.

(g) Utgaşmazlyk. Eger Siziň BlackBerry Solution-yňyzyň islendik böleginiň gaplanylmagynda ýa-da alnyp barylmagynda göz öňünde tutulan şu Ylalaşyk bilen islendik maksatnamalaýyn üpjünçilik ygtyýarnamasynyň ýa-da ahyrky peýdalanyjynyň ylalaşygynyň arasynda (şu Ylalaşykdan başga) haýsydyr utgaşmazlyk bar bolsa, şu Ylalaşygyň şertleri utgaşmazlygyň çäklerinde ulanylar. Eger şu Ylalaşyk bilen islendik maksatnamalaýyn üpjünçilik ygtyýarnamasynyň ýa-da ahyrky peýdalanyjynyň ylalaşygynyň arasynda maksatnamalaýyn üpjünçiliginiň islendik kämilleşdirmeleri ýa-da täzelemeleri bilen baglylykda göz öňünde tutulan haýsydyr utgaşmazlyk bar bolsa, şular ýaly beýleki ygtyýarnamalaryň ýa-da ahyrky peýdalanyjynyň ylalaşyklarynyň şertleri utgaşmazlygyň çäklerinde ulanylar. Siziň BlackBerry Solution-yňyzyň islendik böleginiň gaplanylmagynda ýa-da alnyp barylmagynda göz öňünde tutulan islendik resminamalar bilen degişli RIM önümi ýa-da maksatnamalaýyn üpjünçiliginiň zady üçin resminamalaryň arasynda haýsydyr utgaşmazlyk bar bolsa, resminamalaryň şertleri utgaşmazlygyň çäklerinde ulanylar.

(h) Doly Ylalaşyk. Şu Ylalaşyk (şu ýerdäki islendik Goşundynyň maksatlary üçin bolan şol Goşundynyň meselesine degişlilikde bolar, şol sanda Goşundynyň möhletleri babatynda bolar) şu ýerde görkezilen meselä degişlilikde Taraplaryň arasyndaky doly ylalaşygy emele getirýär we şu Ylalaşykda görkezilenden başga Maksatnamalaýyn üpjünçiligi bilen baglanyşyklykda hiç hili şertler, düşündirmeler, aragatnaşyklar, wekilçilik etmeler, kepillendirmeler, borçnamalar, Taraplaryň arasyndaky goşmaça ylalaşyklar ýa-da ylalaşyklar görkezilmedik. Ýokarda agzalanlara garamazdan, Taraplaryň arasyndaky beýleki ylalaşyklar Siziň BlackBerry Solution-yňyzyň beýleki bölekleriniň ulanylmagyny şertlendirilip biliner. Şu Ylalaşyk şu ýerde görkezilen meselä degişlilikde dilden ýa-da ýazmaça bolan islendik öňki ýa-da bir wagtdaky şertleri, düşünmeleri, aragatnaşyklary, wekilçilik etmeleri, kepillendirmeleri, borçnamalary, Taraplaryň arasyndaky goşmaça ylalaşyklary we ylalaşyklary öz bilen ýatyrýar we Siziň şu Ylalaşygy baglaşmak üçin ylalaşmakda ýokarda agzalanlaryň islendigine umyt etmeli däldigiňizi ykrar edýärsiňiz. Şu Ylalaşyk Taraplaryň arasyndaky özara ylalaşyk esasynda islendik wagtda üýtgedilip biliner. RIM-iň ulanylýan kanunlar esasynda öňüni alýan çäklerden başga, RIM mundan beýläk özüniň ygtyýaryna görä geljekki esasda şu Ylalaşyga üýtgetmeleri girizmek, şol sanda kanun esasynda talap edilýän üýtgetmelere (şol sanda şu Ylalaşygyň hukuk sanksiýasynyň üpjünçiligini göz öňünde tutmak üçin üýtgetmelere) ýa-da iş tejribesindäki üýtgetmelere täsir etmek bilen, elektron görnüşinde (ýokardaky Mälim etme şerti boýunça göz öňünde tutulan) ýa-da http://www.blackberry.com/legal -da üýtgetmäniň poçta arkaly mälim etmesi arkaly üýtgetmäňň esasly mälim etmesini Size ibermek bilen, Siz üýtgetmeler boýunça saýta wagtal-wagtal seretmeli. Eger Siz üýtgetmäniň berilmeginden soň altmyş (60) günden gowrak Maksatnamalaýyn üpjünçiliginden we/ýa-da RIM Hyzmatyndan peýdalanmagy dowam etseňiz, onda Siz şol üýtgetmeleri kabul etdiňiz diýip, hasap ediler. Eger Sizde üýtgetme (-ler) barada gyzyklandyrma bar bolsa, Siziň saýlamalaryňyza degişlilikde anyklamak üçin berilen üýtgetme (-ler) barada mälim etmeden soň altmyş (60) günüň dowamynda legalinfo@rim.com boýunça habarlaşmagyňyzy haýyş edýäris.

(i) Kanunlary berjaý etmek. Siz şu Ylalaşygy ýa-da islendik baglanyşykly bolan ygtyýarnama ylalaşyklaryny ýerine ýetirmek üçin hökümet edaralary ýa-da Siziň ýurisdiksiýaňyzdaky

ulanylýan kanunlar esasynda talap edilýän ähli ygtyýarnamalary, bellige alyşlary we makullamalary öz hasabyňyza alarsyňyz hem saklarsyňyz. Hususan-da we şübheden gaça durmak üçin Siz öz BlackBerry Solution-yňyzy gurnamak we ondan peýdalanmak üçin, şol sanda ulanylýan kanunlar esasynda talap edilýän täjirçilik şifrleme ýa-da beýleki howpsuzlyk funksiýasyny öz içine alýan islendik Maksatnamalaýyn üpjünçiliginiň importirlenilmegi we peýdalanylmagy üçin ygtyýarly hökümet edaralaryndan islendik zerur bolan ygtyýarnamany, bellige alyşy we makullamany almakda ähli ulanylýan kanunlary we düzgünleri berjaý edersiňiz. Siz RIM-iň wagtal-wagtal Siziň şu borçnamany berjaý etmegiňizi tassyklamaklygy orap bilmegi bilen Siz RIM-i tassyklamalar we resminamalar bilen üpjün edersiňiz. Ýokarda agzalanlary çäklendirmek bilen RIM-iň hyzmatlaryna we Üçünji tarapyň hyzmatlaryna hemme taraplaýyn girmek ygtyýary bolup, eger Siz şol RIM-iň hyzmatlaryny we Üçünji tarapyň hyzmatlaryny elýeter edip biljekdigini görkezýän RIM-iň ýa-da degişli üçünji tarapyň ýurtlaryndan başga bolan ýerlerden RIM-iň hyzmatlaryna we Üçünji tarapyň hyzmatlaryna girmek ygtyýaryny saýlap alsaňyz, Siz öz inisiatiwaňyz bilen ony şeýle edýärsiňiz we Siz ähli degişli kanunlaryň we düzgünleriň, şol sanda ulanylýan RIM-iň hyzmatynyň we Üçünji tarapyň hyzmatynyň, hem-de baglanyşykly Contentyň, Üçünji tarapyň predmetleriniň ýa-da Maksatnamalaýyn üpjünçiliginiň eksportyna, importyna, ulanylmagyna, geçirilmegine we/ýa-da aragatnaşygyna degişli bolan kanunlaryň we düzgünleriň berjaý edilmegi üçin jogapkärçilik çekýärsiňiz. Goşmaça hökmünde RIM RIM-iň Hyzmatynyň (-larynyň) üstünden (ýagny, RIME gorlarynyň we ýa-da BlackBerry töleg hyzmatyndan peýdalanmak arkaly satyn alynmagyň üstünden) baglanyşykly bolan ýa-da elýeter edilip bilinen tutuş Maksatnamalaýyn üpjünçiliginiň we Üçünji tarapyň predmetleriniň ähli ýerlerde degişli ýa-da peýdalanmak üçin elýeter bolup durýandygyna hiç hili düşünje (görkezme) bermeýär, Siz ne Siziň, ne-de Siziň ygtyýarly peýdalanyjylaryňyzyň bikanun edilen ýerlerden Maksatnamalaýyn üpjünçiligini ýa-da Üçünji tarapyň predmetlerini ýükläp alarsyňyz ýa-da olara başgaça girersiňiz ýa-da ony şeýle etmäge synanyşarsyňyz. Ýokarda agzalanlary çäklendirmezden, eger ulanylýan kanunlar Size ýa-da Siziň ygtyýarly peýdalanyjylaryňyza wideo çat ýa-da BlackBerry Handheld Maksatnamalaýyn üpjünçiliginiň MVS funksionallygy ýaly wideo çagyryş aýratynlyklaryndan peýdalanmaklygy gadagan etse, şol sanda bir özbaşdak uzelden başgasyna geçirmek, wideo ýa-da Internet esasyndaky funksionalyygyň Siziň ýurisdiksiýaňyzda rugsat edilmändigi sebäpli, Siziň ýa-da ygtyýarly peýdalanyjynyň göz öňünde tutulan ýaş çäklendirmesiniň astynda bolandygy sebäpli ýa-da gyssagly kömek gulluklaryna bagly bolan kanunlar sebäpli gadagan edilse, onda ne Siz, ne-de Siziň ygtyýarly peýdalanyjylaryňyz kömek gulluklaryna girmek ygtyýary üçin alternatiwaly çäreler üçin jogapkärçiligiňiz astynda şu Maksatnamalaýyn üpjünçiliginiň aýratynlyklaryny ýa-da önümleri ýükläp alyp ýa-da olardan peýdalanyp bilmeýärsiňiz.

(j) Giňeldilen manylar. "Öz içine alýar" ýa-da "ýagny" adalgalar duçar bolan ýagdaýda "çäklendirmezden öz içine alýar" we "çäklendirmezden, ýagny" manyny aňladýar.

30. Ylalaşyklaryň birleşdirilmegi. (a) her haýsysy Siziň BlackBerry Solution-yňyzyň bölegi hökmünde ulanylanda BlackBerry PC maksatnamalaýyn üpjünçiligine, BlackBerry Serwer maksatnamalaýyn üpjünçiligine we BlackBerry Handheld Maksatnamalaýyn üpjünçiligine ulanylýan kybaplaşýan möhletleri; we (b) BlackBerry Handheld Maksatnamalaýyn üpjünçiliginiň bölegi hökmünde ulanylanda BlackBerry Handheld Maksatnamalaýyn üpjünçiligine ulanylýan ygtyýarnama möhletlerine degişlilikdäki aýdyňlygy üpjün etmek maksady bilen, ÝOKARDA GÖRKEZILEN USULDA ŞU YLALAŞYGYŇ MÖHLETLERINI WE ŞERTLERINI KABUL ETMEGIŇIZI GÖRKEZMEK BILEN ŞEÝLE HEM SIZ I) ŞU YLALAŞYGYŇ ÖŇKI BAR BOLAN BLACKBERRY AHYRKY PEÝDALANYJYNYŇ / MAKSATNAMALAÝYN ÜPJÜNÇILIGINIŇ YGTYÝARNAMASYNYŇ WE BLACKBERRY ENTERPRISE SERWER MAKSATNAMALAÝYN ÜPJÜNÇILIGINIŇ YGTYÝARNAMA YLALAŞYKLARYNYŇ ÝA-DA BLACKBERRY SOLUTION YGTYÝARNAMA YLALAŞYGYNYŇ HEM-DE MAKSATNAMALAÝYN

ÜPJÜNÇILIK ÝA-DA RIM HYZMATLARY ÜÇIN SIZ BILEN BAGLAŞYLAN ISLENDIK BLACKBERRY PROSUMER HYZMATLAR YLALAŞYGYNYŇ ORNUNY TUTÝANDYGYNA WE ÖZI BILEN OLARY ÝATYRÝANDYGYNA; WE (II) BBSLA-MYŇ ŞU GÖRNÜŞINIŇ ŞU GOŞUNDYLARY WE GOŞMAÇA ŞERTLERI: BLACKBERRY APP WOLRD WE BLACKBERRY TÖLEG HYZMAT ÜÇIN GOŞUNDYSYNY, BLACKBERRY ID MÖHLETLERI WE ŞERTLERI, BBM SAZ ÜÇIN GOŞUNDYNY, BLACKBERRY GORAG ÜÇIN GOŞUNDYNY, BLACKBERRY SAPAR ÜÇIN GOŞUNDYNY, WIDEO ÇAT MAKSATNAMALAÝYN ÜPJÜNÇILIGINIŇ GOŞMAÇA MÖHLETLERINI, BLACKBERRY HABAR BERIJI MAKSATNAMALAÝYN ÜPJÜNÇILIGINIŇ GOŞMAÇA ŞERTLERINI ÖZI BILEN ÝATYRÝANDYGYNA YLALAŞÝARSYŇYZ, SIZIŇ BLACKBERRY SOLUTION-YŇYZYŇ BÖLEGINI EMELE GETIRÝÄN ISLENDIK MAKSATNAMALAÝYN ÜPJÜNÇILIGINE SIZIŇ ŞU YLALAŞYGY KABUL EDEN SENÄŇIZDE HER BIR ÝAGDAÝDAKY ÇÄKLERDE ŞULAR ÝALY YLALAŞYKLAR WE GOŞUNDYLAR BAŞGAÇA ULANYLÝAR.

Öz BlackBerry Solution-yňyz üçin RIM bilen Sizde bolan beýleki ylalaşyklarda, üýtgemelerde ýa-da resminamalarda BlackBerry ahyrky peýdalanyjynyň/ Maksatnamalaýyn üpjünçiliginiň ygtyýarnamasyna, BlackBerry Enterprise serwer maksatnamalaýyn üpjünçiliginiň ygtyýarnama ylalaşygyna, BlackBerry maksatnamalaýyn üpjünçiliginiň ygtyýarnama ylalaşyklaryna ýa-da BlackBerry Solution ygtyýarnama ylalaşygyna ähli salgylanmalar şu BlackBerry Solution ygtyýarnama ylalaşygyna salgylanmalar diýip, hasap ediler (çäkden başga, şular ýaly salgylanma kontekstde, ýagny, şu şertde duýgy etmeýär, öňki bar bolan ylalaşyklar bilen BlackBerry Maksatnamalaýyn üpjünçiliginiň ygtyýarnama ylalaşyklarynyň arasynda tapawudyň edilmegine niýet edilýär, öňki bar bolan ylalaşyklara salgylanmalar BlackBerry Maksatnamalaýyn üpjünçiliginiň ygtyýarnama ylalaşyklaryna salgylanmalar diýip, hasap edilýär).

Size islendik maksatnamalaýyn üpjünçiligini getirýän RIM esasynda öňki bar bolan BlackBerry ahyrky peýdalanyjynyň/ Maksatnamalaýyn üpjünçiliginiň ygtyýarnamasyna ýa-da BlackBerry Enterprise maksatnamalaýyn üpjünçiliginiň ygtyýarnama ylalaşyklaryna ýa-da BlackBerry maksatnamalaýyn üpjünçiliginiň ygtyýarnama ylalaşyklaryna ýa-da BlackBerry Solution ygtyýarnama ylalaşygyna islendik üýtgemeler ýa-da goşmaçalar şu Ylalaşyga üýtgetmeler ýa-da goşmaçalar diýip, hasap ediler.

EGER SIZDE ŞU YLALAŞYGYŇ MÖHLETLERI ÝA-DA ŞERTLERI BARADA ISLENDIK SORAGLARYŇYZ ÝA-DA MESELELERIŇIZ BAR BOLSA, legalinfo@rim.com –DA RIM BILEN HABARLAŞMAGYŇYZY HAÝYŞ EDÝÄRIS.